**O.Danagulyýew, S.A.Ýusupowa**

# F I L O S O F I Ý A

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw-usuly gollanma

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**“Ylym” neşirýaty**
**2010**

UOK 1/14
D 15

**O.Danagulyýew, S.A.Ýusupowa.**
D 15 **Filosofiýa.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw-usuly gollanma A.:“Ylym” neşirýaty, 2010.– 200 sah.

Syn ýazanlar:

Ş. Gandymow – dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty.
Y. Jumagulyýew – filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.
A. Garaýew - dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty.
O. Muhammedowa – Türkmen döwlet uniwersitetiniň uly mugallymy.

Jogapkär redaktor.
Taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent A.Gurbanow

TDKP №3 KBK 87,3 ýa 73

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym“ neşirýaty, 2010.
© Danagulyýew O., Ýusupowa S., 2010.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda ylym jemgyýetiň durmuşynyň ähli ugurlarynda özüniň mynasyp ornuny tapýar. Täze Galkynyş eýýamynda jemgyýetiň durmuşy bilen baglanyşykly bolan ylymlar has hem zerur we möhüm orna eýe bolýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýokary okuw mekdeplerinde "Mukaddes Ruhnama", "Türkmenistanyň taryhy", "Türkmenistanyň kanunçylygy", "Syýasaty öwreniş", "Sosiologiýa", "Ykdysady teoriýa", "Türkmenistanda Täze galkynyş eýýamy", "Filosofiýa" ýaly okuw dersleriniň girizilmegi hünärmenleriň bu ylymlaryň esaslaryny ele almaklary üçin uly şert döretdi hem-de ýokary okuw mekdeplerini gutarýan talyplary dünýä derejesindäki  bar bolan kybapdaşlyga getirýär.

Bu okuw dersleriniň düzüminde bolan "Filosofiýa" okuw dersiniň talyp ýaşlar üçin has hem ähmiýetlidigi hemmelere aýandyr. Hormatly Prezidentimiziň görkezişi ýaly, her bir hünärmeniň, her bir ýolbaşçynyň, her bir adamynyň ylmy taýdan hakyky dünýägaraýşynyň bolmagy, olaryň ýaşaýyş durmuşy üçin möhüm şertdir diýip nygtalmagy hakykatdan hem dünýä hadysalaryna düşünmek, olaryň syrlaryny açyp görkezmek filosofiýa ylmynda esasy mesele bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, bu meseläni bolsa filosofiýa ylmy amal edýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda her bir talyp, her bir hünärmen, her bir ylym işgäri, her bir adam üçin dogry dünýägaraýşyň emele gelmegi olaryň hakykata akyl ýetirip, olardan dogry netijeleri çykarmaklaryna şert döredýär. Bu bolsa adamzat üçin zerurlyk bolup durýar. Filosofiýa ylmy diňe bir dünýägaraýyş ylmy bolmak bilen çäklenmän, ol dünýä hadysalaryna akyl ýetirmegiň usuly, usulyýeti, nazaryýeti, taglymaty bolup durýar, her bir ylym işgäri, ýolbaşçy, talyp, her bir adam üçin bahasyna ýetip bolmajak ylmy dünýägaraýyşdyr.

Biz şu gollanmanyň üsti bilen filosofiýany ylym, ýokary okuw mekdeplerinde okuw dersi hökmünde her bir isleg bildirýän üçin hödürleýäris.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

## Filosofiýa ylym hökmünde we filosofiýanyň jemgyýetde tutýan orny hem-de ähmiýeti

### 1-nji sapak

**1. Filosofiýa ylym hökmünde. Filosofiýa dünýagaraýşyň teoretiki özenidir.**

**2. Filosofiýanyň esasy meselesi we onuň iki tarapy (materializm we idealizm).**

**3. Filosofiýanyň beýleki okuw dersleri bilen baglanyşygy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow jemgyýetiň durmuşynda filosofiki dünýägaraýşyň zerurlygy barada.**

Filosofiýa iň gadymy ylymlaryň biridir. Ol adamzadyň ruhy medeniýetiniň iň gadymylarynyň biri bolupdyr. Ol ilki Gadymy Gündogarda, Hindistanda, Hytaýda (Çyn-Maçynda) ýüze çykypdyr we dura-bara jemgyýetçilik aňynyň berk formasyna öwrülýär.

Hindistanda dörän lokaýata taglymaty gadymy filosofiýa bolup, ol garaýşy boýunça materializme golaýdyr. Bularyň pikirine görä, bar zat, ýaşaýan zat diýip diňe adamyň ten duýgularyna täsir edýän we onuň bilen kabul edilýän zatlara aýdylýar. Bu filosofik akymyň wekilleri: "Material dünýä içki güýç bilen döreýär. Ýeriň,suwuň,oduň we howanyň içki güýji bilen bolup geçýär we dünýä emele gelýär" diýen pikire gulluk edýärler. Olaryň pikirine görä, durmuş bu elementleriň funksiýasydyr. Giçki döwür lokaýatanyň ilkibaşdaky görnüşi ***çarwaklar*** diýlip atlandyrylypdyr. ***Çarwak*** diýmeklik dörtleme diýmekdir. Ýokarda bellenen ýer-toprak, suw, ot, howa düşünjeleri bilen kesgitlenýär.

Filosofiýa ylmy öžüniň has ýokary klassyky formasyny Gadymy Gresiýada döredýär. Gadymy Gresiýanyň alymlarynyň ylmy işlerinde ilkinjileriň hatarynda “filosof” we “filosofiýa“ sözleri ulanylypdyr. Ylmy çeşmelere görä ilkinji bolup gadymy grek matematigi akyldar Pifagor (takmynan b. e. öň 580-500-nji ýyllarda) we Platon (b.e.öň 428-427-347) tarapyndan “filosof”sözi ulanylypdyr.

Filosofiýa sözi doly manysynda grek sözi bolup, “phileo”-“filio”-“söýgi”, “sofiýa”-paýhas diýen manylardan durýar we “paýhasa söýgi” diýmekligi aňladýar.

Paýhaslylyk mehaniki häsiýetde ylmy maglumatlary toplamak däldir, ol dünýä bir bütewilikde akyl ýetirmekden, şonuň ýaly-da onuň ýeke-täk başlangyjyna düşünmekden ybaratdyr.

Filosofiýa özüniň paýhasa hem-de hakykylyga bolan garaýşy bilen ilkinji bolup ylma ornaşyp başlaýar. Filosofiýada ilki-ilkiler umumy bilim tutuş dünýä we adam barada bolupdyr. Matematika, astronomiýa, mehanika, medisina, psihologiýa, taryh, etika, estetika we beýleki bilimler soň döräpdir. Şu döwrüň gadymy grek-rim taryhynda onuň medeniýetine we ylmyna degişli filosoflar uniwersal alymlar, alym-ensiklopediýaçylar adyny alypdyrlar. Olaryň mynasyp wekilleriniň biri gadymy grek filosofy Fales Miletskidir. Ol b.e.öň 624-547-nji ýyllarda ýaşapdyr. Ol görnükli matematik, geometrik, gidrotehnik, köpri gurluşykçy, astronom bolupdyr. Miletskiý bir ýylda 365 günüň barlygyny, günüň tutulmagynyň sebäplerini ilkinjileriň biri bolup ylymda aýan edipdir. Gadymy grek filosofy Demokrit (b.e.öň 460-370-nji ýyllarda) bolsa diňe bir filosofiýanyň meselelerinine garamak bilen çäklenmän, fizikanyň, tehnikanyň, matematikanyň, medisinanyň, logikanyň, psihologiýanyň, etikanyň, pedagogikanyň meselelerine hem garapdyr, şeýle hem ol atom baradaky ideýany esaslandyrypdyr.

Ylmyň ilkinji açyşlarynda dünýä hem-de adama bolan garaýyşlar, şeýle hem dünýäniň döreýşi, adamzadyň ykbalynyň geljegi barada sada filosofik pikirler öňe sürlüpdir. Pikirleniş ulgamynda: Dünýäniň düýp manysy näme? Dünýä nähili gurlan? Dünýäniň ähli zatlary üçin bir umumylyk barmy? Olaryň hemmesine degişli bolan häsiýet nämeden ybarat? – diýen ýaly soraglar goýlupdyr. Dünýä tükeniksizmi ýa-da tükeniksiz dälmi? Adamyň dünýäde tutýan orny? Aň diýip nämä düşünmeli? Aňyň özi name? Dünýä akyl ýetirmek bolýarmy? Hakykylyk näme? Adamyň tebigaty näme? Jemgyýet diýip nämä düşünmeli we ony nähili edip gowy gurnap bolar?

Ýagşylyk we ýamanlyk näme? Wyždan, mertebe, adalatlylyk, owadanlyk näme? Adamyň bagty nämede we nirede? Ösüş (progres) näme we onuň kriteriýasy, ölçegi ýaly pikirler olary birahatlandyrypdyr.

Şu we beýleki meseleleriň adamlary birahatlandyrmagy, olara jogap tapmakda ilkinji gadymy bilimler we bilimdarlaryň paýhasyndan dörän dürli garaýyşlar filosofiýa ylmynyň döremegine esas bolýar. Filosofiýany ylym hökmünde öňe çykarmakda ilkinjileriň biri bolup synanyşyk eden Aristoteldir (b.e.öň 384-322-nji ýyllarda). Ol gadymyýetiň akyldarydyr. Aristotel filosof-alym-ensiklopedist bolupdyr.

Aristoteliň pikirine görä, filosofiýa ylmyndan başga hiç bir ylym filosofiýa ylmy ýaly tebigata tutuşlygyna garamaýar, beýleki ylymlaryň hersi tebigatyň bir ugruny (hususy), taraplaryny barlag edýär, emma filosofiýa olara tutuşlygyna seredýär.

2000 ýyldan köpräk wagt aralygynda filosofiýanyň meselesi üýtgäp gelen hem bolsa, oňa degişli bolan esasy, kesgitleýji taraplary, ýagny filosofiýanyň **düýpli häsiýeti bolan akyl ýetiriş tarapynyň meselesi pikir, pikirlenme, logika saklanyp galýar.**

Aristotel tarapyndan döredilen logikanyň ylmy esaslary bolan pikirlenmäniň formalary we kanunlary doly hereket edýär.

Ylmy taýdan akyl ýetirişe dogry, hakyky düşündiriş bermek üçin şeýle soraglara jogap bermek zerurlygy ýüze çykýar, ýagny akyl ýetiriş näme? Umuman, filosofiýa bilen akyl ýetirişiň gatnaşygy, özara gatnaşygy nämeden ybarat?

Bu meselede ilki bilen dünýägaraýşyň jemgyýetde kesgitleýji orna eýedigi aýan bolýar, durmuşyň sosial-taryhy taýdan ösýändigini we jemgyýet hadysalarynyň düşündirilişinde filosofik dünýägaraýyş taryhy wakalary we hadysalary beýan etmekde kesgitleýji orna eýe bolýar. Dünýägaraýşyň özi jemgyýetçilik durmuşynda zerurlykdyr. Filosofiýa dünýägaraýşa degişli bolan ruhy ylymdyr. Dünýägaraýyş meselesini çözmekde filosofiýanyň roly çäksizdir. Ine, şonuň üçin "**filio-söýgi**" diýen soraga jogap bermek üçin onuň bilen özara gatnaşykly bolan "sofiýa-paýhas" düşünjesine hem düşündiriş tapmak gerek. Ýöne bu iki düşünjeleriň - "**filio**" bilen "**sofiýa**" sözleriniň birlikdäki düýp manysyna dogry çemeleşmek gerek, çünki "**sofiýa**" paýhas sözüniň manysy esasynda "**sofist**"-"**sofizm**" diýen manyny hem aňladýar. Şonuň üçin "sofiýa" düşüňjesi örän giň we çylşyrymly düşüňje bolmak bilen onuň düýp manysy diňe paýhas diýmek bilen çäklenmeýär.

Dünýägaraýyş – bu adamzat aňynyň zerurlygy. Oňa dürli taraply bilimler, pikirler, duýgular, keýp, ynam degişli. Hut şu häsiýetler filosofiýada dürli ugurlaryň döremegine getirýär. Jemgyýetde adamyň durmuşy taryhy häsiýete eýe. Ýuwaşlyk (ewolýusion) bilen ýa-da rewolýusion (böküş) ýol arkaly jemgyýetçilik – taryhy prosesde düzgünler özgerýär: zähmetiň häsiýeti, tehniki serişdeler, adamlaryň gatnaşygy, olaryň pikiri, duýgusy, gyzyklanmasy - durmuşda bularyň ählisiniň ýüze çykmagy we özgermegi kanunydyr. Dünýägaraýyş hakykat-

da belli bir adamlaryň aňynda kemala gelýär we kemala gelen dünýägaraýyş şol şahsyýetler, sosial toparlar arkaly durmuşda ulanylýar. Dünýägaraýşyň düzümine bilimler girýär we olar esasy rol oýnaýar. Eger-de şahsyýetde ýa-da halkda şol ýa-da öňki döwürler barada bilim gorlary kän bolsa dünýägaraýyş hem şoňa laýyk binýat bolup biler. Ýöne bilim dünýägaraýşyň ähli meýdanyny dolup bilmeýär. Taglymat derejesinde hereket edýän dünýägaraýyş dünýä baradaky bilimlerden daşary adamzat durmuşynyň ähli taraplaryny – geçmiş bilen baglanyşykly meseleleri, geljegiň taslamasyny, jemgyýetiň ösüş we öňe gidiş ýagdaýy bilen baglanyşykly bolan obýektiw we subýektiw şertlerini hem göz öňünde tutýar.

Dünýägaraýşyň özi jemgyýetçilik zerurlygydyr. Hakykatdan hem ösüşiň belli bir döwründe adam özüniň tutýan ornuna baha bermeli, şonuň ýaly hem tutýan ornuny kesgitlemek netijesinde ol sosial ösüşde özüniň hereketlendiriji güýçdigine akyl ýetirmeli. Dünýägaraýyş aslynda her bir garaýyş bolman, ol dünýä baradaky tutuş göz öňüne getirmedir, bu häsiýet filosofik dünýägaraýşyň düýp manysyny aňladýar.

Dünýägaraýyşda adamyň emosional (ukyp, talap), psihiki hem-de intellektual (ylmy, akyl, paýhas) taýdan dünýä bolan gatnaşygy: onuň duýgusy, paýhasy, şübhelenmesi hem-de ynanjy jemlenýär. Dünýägaraýyş şeýle hem jemgyýetde adamyň durmuşynyň taryhy häsiýete eýedigini hem nazara alýar. Adamzat özüniň ruhy ösüşinde dünýägaraýşyň dürli-dürlülerini başdan geçirýär. Olardan adamyň mifologiki (hyýaly), dini, durmuşy-praktiki we filosofik pikirleri hem göz öňünde tutulýar.

Filosofiýa sosial-taryhy taýdan akyl ýetirişde dünýägaraýşyň bir görnüşi bolmak bilen, ol özünde durmuşyň maddy, sosial, akyl ýetiriş (gnoseologik) taraplaryny özüne bitewileşdirýär. Me-

selem; mifologiýa-mifler, duýgy taýdan obraz (keşp), şahyrana duýgy, halk döredijiliginiň önümleri.

Dini dünýägaraýşyň esasynda Taňra ynam, onuň ýeketäkligine ynam, şeýle hem oňa dünýäni ýaradyjy hökmünde garamaklyk durýar (dünýäde dini dünýägaraýyşlar: buddizm (b.e.öň VI-V asyrlar) hristian (b.e. I asyry), yslam (b.e.VII asyry).

Adamlarda ýokary derejede adam gatnaşygynda etiki (ahlak), estetiki (gözellik) garaýyşlaryň döremeginde din kesgitleýji orna eýedir.

Filosofiýa-uniwersal (hemmetaraplaýyn) häsiýetde bolmak bilen ol dünýä tutuşlygyna,bir bitewi görnüşinde seretmekden we akyl ýetirmekden ugur alýar, özi hem akyl ýetirişi sintezleýär (bitewileşdirýär). Dünýä bir bitewilik hökmünde seredýär. Şonuň üçin hem filosofik bilim bitewilik, umumylyk we bitewilik garaýyşdyr. Şu we beýleki häsiýetleri bilen filosofiýa dünýä akyl ýetirmegiň teoretiki özeni bolup çykyş edýär.

Filosofiýa dünýäniň hem-de adamyň düýp manysy baradaky taglymatdyr (dünýä-adam). Barlygyň dürli-dürlüdigi şeýle klassifikasiýa salynýar: barlyk–pikirlenme, fiziki, psihiki, maddy zat, ideýa, ruh, tebigat, obýektiw we subýektiw zat. Şu we şuňa meňzeş düşüňjeler barlygyň söhlelenmesini aňladýan düşünjelerdir.

Filosofiýanyň esasy meselesi-pikirlenmäniň barlyga bolan gatnaşygydyr.

Filosofiki dünýägaraýyşlaryň dürli-dürli bolmagy hakykatdan hem kanuny zat. Bularyň ählisi üçin adam aňynyň durmuşa we ruhy zadyň maddy (material) zada bolan gatnaşygy diýlen pikir geçmişde dürli filosofik ugurlaryň üns merkezinde bolupdyr, edil şonuň ýaly hem ol şu günki günde hem öz manysyny ýitirenok.

Filosofiýanyň esasy meselesi durmuşyň fundamental faktlaryna esaslanýar. Hakykatdan hem **maddy zatlara,** meselem; fiziki, himiki hadysalara, şeýle hem **ruhy, psihiki** hadysalar bolan aňa, pikirlenmä esaslanýar. Elbetde, adam aňynyň we daşky dünýäniň hadysalarynyň arasyndaky bar bolan tapawudy ýüze çykarmak zerur. Haýsy hadysa bolsun biz ony kesgitlejek bolanymyzda ol hadysany ýa ruhy subýektiw ýa-da maddy obýektiw zat hökmünde garaýarys. Şeýle hem olaryň arasyndaky tapawutlaryň barlygyna garamazdan, olaryň arasyndaky haýsydyr bir meňzeşligi aýan edýäris.Ynha, şu ýerde haýsy zat haýsy zada bagly, sebäp näme we netije näme diýen soraglar ýüze çykýar. Özi hem bu ýerde haýsysy ilkinji.haýsy ikinji, olaryň haýsysy obýektiw zat ýa-da haýsysy subýektiw zat diýen soraglar ýüze çykýar.

Marksistik filosofiýadan öň filosofiýanyň esasy meselesine has ýakynrak çemeleşen nemes filosofy- materialisti **L. Feýerbahdyr**. Ol ruhy zat material zadyň esasynda döreýär diýen pikiri öňe sürýär. Filosofiýanyň esasy meselesi boýunça ylmy kesgitleme marksistik materializm tarapyndan berilýär. Marksizm şeýle hem jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşynyň şöhlelenmesidir diýen filosofik pikiri öňe sürýär.

Şeýlelikde, filosofiýanyň esasy meselesi ruhy zadyň maddy zada gatnaşygy, aňyň zatlara bolan gatnaşygydyr.

Filosofiýanyň esasy meselesini çözmekde iki ugur emele gelipdir. Ruh tebigatdan öň döräpdir diýen ugur idealistik, tebigat ilkibaşdan döräpdir diýen ugur materialistik ugur hökmünde bellidir.

Netijede, ruhy zatlaryň maddy zada bolan gatnaşygy filosofiýanyň esasy meselesi bolýar.

Häzirki zaman filosofiýasyndaky idealistik ugurda hem dürli garaýyşlar, pikirler dowam edýär. Meselem, iňlis filosofy

B. Rassel-filosof, logik, matematik, sosiolog, jemgyýetçilik işgäri, bolmak bilen ruhy we maddy zat barada şeýle pikirdedir. Ol **“maddy”** we ”**ruhy**” zatlaryň barlygyna şübhelenýär we ruhy we maddy zat diýilýäni diňe logiki tertipleme hasaplaýar.

Filosofiýanyň esasy meselesiniň iki tarapy bar. Birinji tarapy: dünýäniň düýp manysy. Ikinji tarapy: ol akyl ýetirerlikmi? Idealizm maddy zat ruhuň önümidir diýip ykrar edýär. Materializm bolsa ruhy zat maddy zadyň önümidir diýýär.

Bu ugurlar gadymy dünýä filosofiýasynda Demokridiň we Platonyň ugurlary adyny alýar. Sada materializmiň mekany bolan gadymy Hindistanda filosofiýa mekdebi ”çarwaklar” adyny alypdyr.

Idealizm hem obýektiw we subýektiw ugurlara bölünýär. Obýektiw idealizmiň wekillerinden Platony, Gegeli we beýlekileri görkezmek bolar. Subýektiw idealizme Berkli, Mah, Awenarius we beýlekiler wekilçilik edýär.

Dünýä hadysalaryna degişli doly maglumatlary alyp bolmaýar diýen - akym ***agnostikler*** diýen ady alýar. Agnostisizm grek sözünden bolup, ***“a”- “däl”, “ýok”, “gnosis”-“bilim”, “bilmek”*** manyny berýär. Olar dünýä akyl ýetirerlikli däl diýen pikire gulluk edýärler. Olaryň wekillerinden I.Kanty we Nisşäni ýatlamak bolar.

Filosofiýa ylmy umumy dünýägaraýyş hökmünde beýleki ylymlar bilen aýrylmaz baglanşykda bolýar. Ony subut etmek üçin iň bir ýönekeý mysala salgylanmak ýeterlik. Filosofiýa ylmynyň ýüze çykmagy, ösmegi, onuň giň many-mazmuna eýe bolmagy üçin dürli beýleki ylymlar ýardam berýär. Filosofiýanyň ol ýa-da beýleki meselesine jogap bermek üçin şol ylymlara salgylanmak zerurdyr.

Bu häsiýet tebigy ylymlara hem jemgyýet baradaky ylymlara hem degişlidir. Mysal üçin, filosofiýada ***“barlyk***”, ***“her-***

***eket", "wagt", "sebäp" we "netije***" diýen ýaly kategoriýalary esaslandyrmak üçin beýleki dürli ylymlaryň açyşlary, ylmy maglumatlary hökmanydyr.

Aýratyn hem filosofiýa jemgyýet hadysalarynda adamyň jemgyýetde tutýan ornuna, onuň etiki we estetiki normalaryny görkezmekde uly ähmiýete eýedir.

Filosofiýa beýleki ylymlaryň hemmesi üçin metodologik esasdyr we onuň bu häsiýeti has hem ähmiýetlidir. Filosofik metodlar her bir ylmy işde, ylmy açyşda zerurlykdyr. Haýsy ylym bolsa bolsun parhy ýok, ol filosofiýanyň metodlaryna, onuň kategoriýalaryna esaslanmazdan ylmy netijäni gazanyp bilmez.

Filosofiýa okuw dersi has hem jemgyýetçilik durmuşy bilen baglanyşykly bolan sosiologiýa, syýasaty öwreniş, ykdysady nazaryýet, Türkmenistanyň taryhy, Türkmenistanda Täze galkynyş eýýamy okuw dersleri üçin hem metodologik esas bolýar. Filosofiýanyň ählumumy ösüş we özgeriş kanunlary we oňa degişli nazaryýet garaýyşlar bu ylymlara ýol görkezijidir. Çünki jemgyýetiň durmuşy bilen baglanyşykly dürli beýleki ylymlar onuň aýratyn taraplaryny öwrenýän we öwredýän bolsa, onda filosofiýa jemgyýetiň umumy ösüş we özgeriş kanunalaýyklaýyndygynyň beýanyny berýär.

Ilki bilen anyk, ýagny dürli tebigy hem-de gumanitar ylymlary filosofiýa ylmynyň döremeginde olar ylmy çeşmedir.

Jemgyýetçilik durmuşy bilen baglanyşykly adamzadyň ýaşaýşynda zerur orna eýe bolýandygy zerarly filosofiýa ylmynyň ähmiýetiniň bimöçberdigini göz öňüne tutmak bilen Türkmenistanyň Prezidenti Çuňňur Hormatlanylýan Gurbanguly Berdimuhamedow bu ylmyň her bir hünärmeniň, şeýle hem her bir adamyň durmuşynda zerury zatdygyny bellemek bilen bu ylmy durmuşa ornaşdyrmak baradaky parasatly pikirleri esasda ýokary okuw mekdepleriniň maksatnamalaryna we

meýilnamalaryna girizildi. Hormatly Prezidentimiziň bu parasatly pikiriniň durmuşa geçirmegi bilen indiden beýläk ýokary okuw mekdeplerini gutarýan hünärmenleriň dünýägaraýyş ylmynyň syrlaryny bilmeklige ýol açyldy.

## Barlyk hakynda taglymat

## 2-nji sapak

**1. Dünýä, zat, barlyk düşünjeleri.**
**2. Barlyk düşünjesiniň (kategoriýasynyň) taryhy taýdan aňladylyşy.**

Filosofiýanyň örän möhüm meseleleriniň biri hem dünýä hadysalaryna, zatlaryna düşünmek we olary düşündirmekdir. Şeýle möhüm meselede we onuň çözgüdinde adamyň tutýan ornuna garamak wezipesi öňe çykýar. Eýsem dünýäniň zatlaryna we hadysalaryna akyl ýetirmekde adamyň orny nähilikä?

Bu temanyň ilkinji soragyna jogap tapmak üçin ilki bilen, dünýäni, zatlary we hadysalary düşündirmek filosofiýanyň fundamental kategoriýalary bolan **"durmuş"**, **"materiýa"**, **"aň"** diýen filosofik düşünjelere dogry garamak, olaryň düýp manysyna düşünmek olaryň düýp manysyna ýetmek we akyl ýetirmek zerurdyr. Çünki, akyl ýetirişde bu kategoriýalaryň (düşünjeleriň) beýan edilişinde, olaryň tutýan orny barada filosofiýanyň akyl ýetiriş teoriýasynda dürli çemeleleşmeler bardyr. Dünýä bolan garaýyşlaryň dürli ugurlary-akymlary ýüze çykýar. Özi hem olaryň her biriniň dünýägaraýşynda özboluşly aýratynlyklar bar.

Geçmişde we häzirki zaman filosofik taglymatda barlyk baradaky kategoriýa, şeýle hem dünýäniň düýp manysy baradaky soraglar, meseleler, çözgütler barlyga degişli pikirler, barlyk we

barlygyň gelip çykyşy hem onuň ösüşi, adamyň düýp manysy hakdaky garaýyş, adamyň düýp manysyny kesgitleýän zadyň nämedigi, adamyň dünýä bolan gatnaşygy, durmuşyň düýp manysy baradaky we ş.m. dürli beýleki soraglar has hem gadymy grek filosofiýasyna degişli akyldarlar tarapyndan orta atylan ilkinji meselelerdir. Olaryň çözgüdini tapmak barada akyldarlar dürli parasatly pikirleri aýdypdyrlar.

Barlyk, durmuş baradaky oýlanmalar, filosofik pikirler gadymy grek filosoflary Parmenid, Geraklit, Demokrit, Platon, Aristotel tarapyndan ilkinji gezek öňe sürlüpdir.

Olardan gadymy grek filosofy Parmenidiň pikirine görä, dünýä ikä bölünýär. Onuň düşündirişiçe dünýä wagtlaýyn, üýtgeýän, çalşyp durýan zat. Ony adam diňe ten duýgulary arkaly kabul edip bilýär. Bu filosofyň pikirine görä dünýä, barlyga, durmuşa diňe paýhas bilen akyl ýetirip bolýar.

Gadymy grek akyldarlarynyň biri bolan Parmenid barlyk, durmuş – bu göze görünmeýän, syzyp bolmaýan zat, özi hem pikirde hiç hili garşylygyň ýok ýagdaýydyr diýýär. Gepiň keltesi, Parmenid barlygy we paýhasy bir zat hökmünde görýär, ýagny “barlyk” we “paýhas” düşünjelerine özüniň many-mazmuny boýunça birmanylylyk degişlidir diýip tassyklaýar we şeýlelikde ol durmuş bilen paýhasyň arasynda tapawut görmeýär.

Gadymy grek filosofy we dialektigi Geraklit öz garaýşyny Parmenidiň garaýşyna ters goýýar. Geraklit üçin barlyk mydama döreýän hem üýtgeýän ýagdaýdadyr. Ol ony ten duýgulary bilen akyl ýetirilýän maddy dünýä (material dünýä) hasaplapdyr. Elbetde, gadymy grek filosofiýasynda Parmenid **eleý** mekdebiniň düýbüni tutujy hasaplanýar. Ol b.e.öň VI-V asyrlarda Günorta Italiýada ýaşapdyr. Parmenid gadymy grek filosofiýasynda yz galdyran akyldar filosoflaryň biridir.

Demokrit barlygy atom bilen bir zat hökmünde kabul edýär, özi hem atomyň tükeniksiz toplumdan durýandygyny tassyklaýar. Atom iň ownuk bölünmeýän bölejikden duran zat diýip tassyklaýar. “Atom” grek sözi bolup ol “bölünmeýär” diýmekligi aňladýar. Demokritiň pikirine görä, atomyň hil tarapy bolman, olar diňe giňişlikde öz figuralary bilen tapawutlanýarlar.

Gündogarda Eflatun ady bilen tanalýan Platon barlyga ideýa, ideal zat hökmünde garaýar. Şol bir wagtda hem ol barlyk bir durkuny saklaýan we baky ideýalar diýen pikiri öňe sürýär. Olar ruh görnüşinde-jan görnüşinde bolmak bilen ölmeýärler. Platonyň pikirine görä hakyky barlyk bakydyr, özi hem ten tarapy bolmadyk (bestelesnoe) ideýalardyr. Bu ýerde Platon olary jan görnüşinde kabul edýär.

Barlyk–filosofiki kategoriýa (düşünje) bolmak bilen ol ähli dowam edýän we bar bolan zatlary aňlatmak üçin ulanylýar.

Diýmek, barlyk- real ýaşaýan, bar bolan zatlary-maddy hadysalary, sosial taýdan bolup geçýän zatlary, döredijilik işleri aňladýar. Adamyň döredijilik işiniň maksady we netijesi aň üsti bilen täze “barlyklary” zatlary döretmekdir.

Täze döreýän barlyklarda adam aňynyň, onuň döredijilik işiniň orny bimöçberdir. Adam aňy tebigatyň zatlaryny üýtgedýär we özgerdýär. Jemgyýetiň durkuny bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçirip, jemgyýetde ösüşiň dowam etmegini guraýar.

Marksistik filosofiýa barlyk, durmuş düşünjesi bilen bagly meselä garap, onuň esasy formalaryny ylmy taýdan barlagdan geçirip, olary biri-birinden tapawutlandyryp, olaryň arasyndaky arabaglanyşygy göz öňünde tutup, barlygyň şu aşakdaky klassifikasiýasyny düzýär. Marksistik filosofiýa barlygyň esasy formalaryny şeýle beýan edýär:

1) zatlaryň barlygy hem tebigy durk;
2) jemgyýetçilik durmuşy;
3) adam barlyk hökmünde;

4) ruhy barlyk (şahsy we şahsy däl barlyk)

Barlygyň, durmuşyň esasy formalarynyň barlanylmagy, olaryň arasyndaky baglanyşygy, gatnaşygy, özara gatnaşygy we olaryň özboluşlylygyny ýüze çykarmak adam tarapyndan dünýäniň düýp manysynyň bilinmegine we oňa akyl ýetirmek esasda adamyň gözýetimini giňeldýär. Elbetde, şu ýerde şeýle bir ýagdaýy göz öňünde tutmak zerur. Marksistik filosofiýa barlygyň esasy formalarynyň her haýsysynyň özüne degişli özboluşly tapawudyny ýüze çykarýar. Olar, öz kanunlary bilen ösýän we üýtgeýän hem bolsalar, ählisini birleşdirýän esas bardyr, ol hem olaryň materiýa we materiallaýynlygyndadyr diýen pikiri öňe sürýär.

Marksistik filosofiýa barlyk-ähli zatlary özünde birleşdirip, jemläp olaryň baglanşygy, gatnaşygy hem-de üýtgeşmeleri bilen bolan täze zatlar, hadysalar, olaryň häsiýeti we kanunlary (hakykat, reallyk, düýp many, hadysa) hatda fantaziýalar, ertekiler, mifler (hyýaly göz öňüne getirmeler) hem barlygyň düzümine degişlidir diýen netijä gelýär.

Diýmek, barlyk-real ýaşaýan, bar bolan zatlar-maddy hadysalar, sosial-durmuş taýdan bolup geçýän prosesler, döredijilik işleri, adamlaryň aňy esasynda döreýän zatlar-bularyň ählisi barlygyň ýaşaýşynyň formalaryny aňladýar.

Barlyk hem maddy, hem ruhy zatlary öz içine alýan reallykdyr, oňa degişli real bar bolan, ýaşaýan, hereket edýän zatlardyr. Olaryň görnüşlerini klassifikasiýa getirmek, olary ýazyp beýan etmek diňe olaryň görnüşlerini hem-de dürli-dürlüdiklerini aýan etmek zerurlygy ýüze çykanda barlygyň dürli görnüşleri bolan fiziki, himiki, biologiki, psihiki, sosial, geologiki we beýlekileri görkezmek bolar.

Barlyk baradaky düşünje – kategoriýa filosofiýanyň gadymdan bäri dowam edip gelýän kategoriýalarynyň esasylarynyň biri hasaplanylýar.

Barlygyň konkret formasyna (görnüşine) meselem, ýyldyzlar, ösümlikler, haýwanlar we ş.m.degişlidir.

Barlygyň haýsy bir formasyny alsaň hem ahyr soňy onuň ýaşaýyş ýagdaýy hökmany bolýar.

Barlyk meselesinde maddy zadyň ruhy zada bolan gatnaşygy, olaryň özara gatnaşygy barada mesele ýüze çykanda, olar bilen bagly birlik düşünjesiniň manysyna hem garamak zerur. Filosofiýada barlygyň maddy esasy bilen onuň ruhy esasynyň bitewiliginiň aňladylmasy baradaky pikir ýüze çykanda, oňa ýagny maddy zat bilen ruhy zadyň birliginiň aňladylmasy hökmünde garap, jogap bermek bolar. Ruhy barlyk hökmünde ulanylýan ideýa, düşünje, pikir, taglymat - bular maddy zat bilen ruhy zadyň birliginiň görkezijisidir.

Barlyk maddy hem ruhy zat, maddy zadyň ruhy taýdan aňladylmasy-pikir, pikirlenme, düşünje bular hem barlykdyr.

Barlyk, materiýa, zat-filosofiýanyň esasy kategoriýalarydyr.

“Materiýa” latyn sözi bolup “zat”, “predmet” diýen manyny berýär (fiziki barlyk-atom, molekula we ş.m.). (Materiýa-XIX asyryň ahyry XX asyryň başy fizikadaky krizis). W. I. Lenin tarapyndan materiýa berlen kesgitlemede materiýa filosofiki kategoriýa bolmak bilen ol bar bolan dünýäni, reallygy aňlatmak üçin adamyň duýgusy bilen şöhlelendirilýär, suratlandyrylýar, ol adam duýgusynda aňladylmak bilen adam aňyndan daşarda ýaşaýar diýilýär. Materiýa dünýäde bar bolan ähli maddy barlyklaryň, zatlaryň, düzümleriň toplumy we hereketiň dürli formalaryndaky ýagdaýlarydyr. Ol özünde diňe görüp bolýan zatlary, hadysalary, birlikleri jemlemek bilen çäklenmän, syn etmekde dürli serişdeleri ulanmak bilen hemde eksperiment arkaly akyl ýetirip boljak zatlary hem özünde birleşdirýär. Materiýa obýektiw reallyk- obýektiw barlyk bolup ol adamyň aňynda aňladylýar. Bu materialistik filosofiýada filosofik dünýägaraýyşda özboluşly dünýägaraýyş bolup, aýratyn uly ugry aňladýan filosofik paýhas.

Bu ýerde materiýadaky iki häsiýeti görmek bolýar. Birinjiden, materiýanyň gurluşy fizikanyň meselesi hökmünde, ikinji tarapdan bolsa dünýä, zada bolan akyl ýetiriş meselesi – bu bolsa filosofiýanyň meselesi.

Materiýa berilýän kesgitleme materiýanyň aňa bolan gatnaşygy we olaryň haýsysynyň ilkinjiligi, haýsysynyň ikinjiligini ykrar etmek üçin zerurdyr. Ýöne adam aňyny passiw häsiýetde göz öňüne getirmek hakyky däldir, hakykatda adam aňy özüniň işjeňligi bilen maddy dünýäniň zatlaryny özgerdýär.

Umuman, materiýanyň barlyk hökmünde ulanylmagy bu onuň filosofiýada bir akym, bir ugur bolup çykyş etmegine getirýär. Bu filosofik paýhas esasynda başga bir örän wajyp hem zerur sorag hem ýüze çykýar. Ol barlyga akyl ýetirmek meselesidir, onda adam paýhasynyň, adam aňynyň materiýa bolan gatnaşygy hem-de baglanyşygy özbaşyna bir mesele bolup durýar. Adamzadyň döremegi bilen oňa Taňry tarapyndan akylaň berlipdir, bu bolsa adam tarapyndan öňde goýlan meseläniň çözgüdini tapmaga kömek edýär. Özi hem barlyga akyl ýetirmek mümkinmi, eger-de mümkin bolsa, onda ol nähili amal edilýär diýen soragyň hem çözgüdini tapýar.

Dialektiki materializm barlyk barada diňe bir materiýa filosofik kesgitleme bermek bilen tamamlanmaýar. Bu onuň diňe bir tarapy. Başga bir tarapdan dünýäniň hadysalary hökmünde materiýa bilen aňyň birligini görkezmek üçin gerek bolan zerurlykdyr.

Dünýäniň birligini görkezmek üçin iki filosofik ýörelgäni göz öňüne getirmek bolar. Ähli zatlaryň, ähli hadysalaryň uniwersal umumylygy olaryň materiallygynda **- bu Demokritiň ulgamy bolan materializmdir.** Ikinji ulgam bolsa Platonyň ugry bolup, onda dünýäniň birligi, **dünýäniň esasynyň ideýadan durýandygydyr.** Bularyň ikisi hem ***monizm*** adyny aldy, çünki ikisinde-de tutuş ýaşaýşyň, bar zadyň esasy bir zatdan başlanýar diýen pähime gulluk edýär. Materializm üçin materiýadan, ýagny, materialistik monizmden, idealizm üçin ideýadan ýag-

ny idealistik monizmden başlanýar. Başga bir ugur ***dualizm***— material hem-de ideal pikirleriň deň derejedeligidir. Ahyrynda bu ugruň maksady materializm bilen idealizmi dostlaşdyrmak, ýaraşdyrmakdan ybaratdyr. Onuň wekilleri Dekart (fransuz) hem-de Kant (nemes).

Filosofiýada biri-biri bilen berk baglanyşygy bolan”obýekt”we “subýekt”düşünjeleri ulanylýar. Obýekt adamyň aňyndan daşarky bar bolan reallykdyr. Subýekt bolsa şol obýekte dahylly zat, ýagny obýekt akyl ýetirmäge degişli zatlar, subýekt obýekti şöhlelendirijidir. Subýekt sosial mazmuna eýe. Ol ahyr soňunda bilimi we paýhasy dörediji, öndürijidir.

Aýratyn-da jemgyýetçilik durmuşynda obýekt bilen subýektiň özarabaglanyşygy örän ýokary derejä eýe bolýar. Bu ýagdaýda obýektiň özi birbada subýekt, çünki ol taryhy taýdan dörediji. Jemgyýetiň durmuşynda ähli döreýän, emele gelýän zatlar, prosesler, hadysalar adamzadyň özi bilen bagly bolup geçýär. Bu ýerde obýekt hem adam, subýekt hem adam. Ynha şu manyda seretseň iki barlygyň obýektiň hem subýektiň hereket edýänligi aýan bolýar. Bu bir tarapdan , ikinji bir tarapdan adam daşky barlyga akyl ýetirip,ony içki barlyga öwürýär. Bar bolan, hereket edýän zatlar obýektiw barlykdyr. Onuň obýektiw barlykdygy hem adamyň-subýektiň mynasybyeti tarapyndan aýan edilýär.

Ýöne akyl ýetiriş meselesinde obýektiw zada akyl ýetirmek netijesinde adam obýektiw barlykdan subýektiw barlygy döredýär. Zatlaryň pikirlenmede pikirleriň üsti bilen obýektiw barlygy subýektiw barlyga – düşünjä, pikir ýöretmä, pikir netijesine öwürýär. Pikirlenmäniň formalaryny emele getirýär. Pikirlenme üsti bilen reallyk şöhlelendirilýär.

Elbetde, real dünýä garamak meselesinde obýektiw barlygy we subýektiw barlygy adamyň özüniň subýektiw manysy öň belleýşimiz ýaly, onuň dünýä zatlary bilen, bolan baglanyşygynda

ýüze çykýar. Subýektiw barlyk subýektiň barlyk tarapyndan akyl ýetirilen ýagdaýynda ol obýektiw barlygyň ornunda bolýar. Bu baglanyşyk we gatnaşyk kanunalaýyk zatdyr.

## 3 -nji sapak

**1. Dialektikanyň umumy häsiýeti**
**2. Dialektika ylym hökmünde**

Bu tema boýunça ilki bilen dialektikanyň örän çylşyrymly we köptaraplaýyn taglymatdygyny bellemek gerek. Elbetde ýönekeý bir definisiýanyň – kesgitlemäniň üsti bilen onuň hemme häsiýetlerini beýan etmek mümkin däl. Dogry, filosofik dünýägaraýyşda dialektika örän köp we köptaraplaýyn kesgitlemeler berilýär. Berilýän bu ylmy kesgitlemeler dürlüdir, hakykatda bolsa olar dialektikanyň dürli-dürli taraplaryny aňladyp, biri-birini baglaşdyryjydyr hem-de biri-biriniň üstüni doldyryjy taraplardyr.

Ilki bilen dialektikanyň iň baý, hemmetaraplaýyn, çuňňur häsiýete eýedigini bellemek gerek, şeýle hem ol ösüşiň umumy we uniwersal (ählitaraplaýyn) baglanyşygyny, özara baglanşygyny şöhlelendirýär. Bu teswirnamada dialektikanyň iki prinsipi alynýar. Olar dialektikanyň **ähliumumylyk** häsiýeti hem-de obýektiw dünýäniň zatlarynyň, hadysalarynyň arasyndaky uniwersal baglanyşyk bolan **ösüş** prinsipidir. Ösüşiň we üýtgeýşiň  ýok ýerinde bu baglanşyksyz hiç bir zat döremeýär hem-de ýok bolmaýar. Zatlaryň ählumumy baglanyşygy bolan ösüş dialektikanyň esasy prinsipi bolup, her bir zadyň, ösüşiň bolmagynda ol  taglymat esasy hem-de ýol-ýörelge bolup çykyş edýär.

Elbetde prinspler köp we köp dürli bolýar. Meselem, geçen sapaklarymyzda durmuşda barlygyň ilkinjilik häsiýete, aňyň ikinjilik häsiýete eýedigini öwrendik. Bular öz gezeginde prin-

sip hökmünde hem bolup bilýär ýa-da başga bir prinsip, ol hem maddy dünýäniň birligi hakdaky prinsip we ş.m.

Hakykatdan hem her bir ugruň, her bir ylmyň özüniň prinsipi bolýar. Meselem, materialistik dialektikanyň ýa-da dialektiki materializmiň esasy prinsipi akyl ýetirme üsti bilen material dünýädäki baglanyşyklaryň, gatnaşyklaryň şöhlelenmegidir. Tebigat hem, jemgyýet hem prinsip esasynda döremeýär, tersine, ol tebigata hem jemgyýete degişli bolan baglanyşyklaryň, gatnaşyklaryň bolmagy esasynda döreýär. Bularyň ählisi ösüş bilen bagly. Näme sebäpden ösüş bolýar?. Onuň sebäbi, çeşmesi nähili bolýar? Içki mehanizmi näme,ugry nähili? Şu soraglara beriljek jogap üçin birgiden dialektiki baglanyşyklary, gatnaşyklary ýüze çykarmakda dialektikanyň ählumumy kanunlaryny we kategoriýalaryny ulanmak möhümdir.

● **Dialektikanyň özi her bir hereketiň ählumumy kanuny hökmünde bolmagynda galýar .**

Dialektika islendik hereketiň has umumy kanuny hökmünde çykyş edýär, çünki dialektika ösüş bilen bagly, ösüşiň ýüze çykmagynda dialektikanyň kanunlarynyň hereket etmegi zerurlykdyr.

Dialektikanyň ählumumylyk häsiýeti onuň tebigatda, adamzat jemgyýetinde, pikirlenmede amal edilýändigi zerarly ol uniwersal hasaplanýar, ählumumy häsiýete eýe bolmak esasda ol ähli ýerde ulanylýar we hereket edýär. Zatlara, hadysalara degişli ählumumy ösüş häsiýeti dialektikanyň esasy mazmunyny düzýär we ähli zatlaryň ösmegi, üýtgemegi dialektikanyň kanunlarynyň hem-de kategoriýalarynyň gatnaşmagynda bolup geçýär.

Dialektikany kanunlaryň üsti bilen kesgitlemek onuň prinsipine garşy gelmeýär,çünki bu meseläniň çözgüdi kanun düşünjesi bilen bagly,sebäbi dialektikanyň özi her bir hereketiň has umumy kanunlary hökmünde kesgitlenilýär.

Her bir kanun ählumumy kanun baglanyşygy bilen kesgitlenilýär. Dialektikanyň kanuny zatlar we predmetler arasyndaky

obýektiw baglanyşykdyr. Ol baglanyşyk ählumumy, içki, düýpli, zerury, şeýle hem durnukly, gaýtalanýan baglanyşykdyr. Dialektikanyň bu häsiýeti onuň prinspine garşy gelmän, tersine, onuň mazmunyny aňladýar.

Bu ýerde bu häsiýet bir-birine garşy gelmän, biri beýlekini anyklaýar, çuňlaşdyrýar. Bu ýagdaýy diňe kanuna ýakyn bolan has giň düşünje bolan"kanunalaýyklaýynlyk" düşünjesi bilen aýan etmek bolýar. Eger-de kanun anyk, zerur baglanyşyk bolýan bolsa, onda kanunalaýyklyk tutuşlygyna kanunlaryň düzüminiň bütewilikdäki, birlikdäki amaly bolýar. Özi hem şol ösüşde yzygiderliligiň saklanylmagy hökmanydyr. Meselem, türkmen jemgyýetiniň ösüşinde özbaşdaklyga, garaşsyzlyga, täze galkynyşa geçmek prosesi. Bularyň ählisi jemgyýetde dialektikanyň ösüş kanunlarynyň netijesinde bolup geçýär. Elbetde, bu prosesleriň biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykda bolup geçmegi kanuny we kanunalaýyklaýyndyr.

Dialektika ösüş hakyndaky ylym bolup,ol dünýäni has doly görkezmäge çalyşýar. Özi hem iki tarapyň, ýagny obýektiw hem-de subýektiw taraplaryň birliginde görkezýär. Ýöne obýektiw dialektikany subýektiw dialektikadan tapawutlandyrmak gerek. Obýektiw dialektika-bu şeýle dialektikadyr, ýagny ol ösýän, özgerýän dünýäniň zatlarynyň, hadysalarynyň arasyndaky bolup geçýän düýpli, içki, zerury baglanyşykdyr. Subýektiw dialektika-pikirlenmäniň özüni, özgerişini aňladýan düýpli, içki, zerury baglanyşykdyr. Elbetde, akyl ýetiriş teoriýasy bilen çemeleşilende obýektiw dialektika ilkinji, subýektiw dialektika bolsa ikilenjidir.

Dialektika pikirlenme teoriýasy görnüşinde filosofiýada ruhy durmuşda subýektiw dialektikany aňladyp, zatlar, hadysalar, prosesler, adamyň aňynda şöhlelenmek bilen obýektiw barlygy-obýektiw dialektikany aňladýar. Bu prosesde obýektiw dialektika bilen subýektiw dialektikanyň "birligi" aňlanylýar.

Bularyň birligi material dünýäniň obýektiw hem-de subýektiw taraplarynyň, ýagny obýektiw dialektikanyň we subýektiw dialektikanyň bir bütewiligi, ýagny iki birligiň düzümi bolmak bilen obýektiw zadyň subýektiw obrazy-keşbidigi aýan bolýar. Zatlar bar ýerinde ol barada pikir bar diýen paýhasy aňladýar.

Dialektikanyň döremegi taryhy taýdan garalanda, ol metafiziki pikirlenme bilen bolan göreşde ýüze çykýar, emele gelýär. Metafizikanyň esasy häsiýetlendiriji alamaty onuň birtaraplaýynlygy, abstraktlygydyr. Metafizika ol we beýleki zady absolýutlaşdyrmak bilen baglanyşykda, filosofiýanyň taryhynda "metafizika" filosofik düşünje hökmünde ýüze çykýar. Ol dialektikanyň garşysyna ulanylýar. Metafiziki pikirlenmä doňan, doňňaradaş, hereketsiz, üýtgemeýän ýagdaý görnüşde garalýar. Metafiziki pikirlenme dogmatizme getirýär, ýagny zada üýtgemeýän, özgermeýän zat hökmünde garaýar pikirlenmede bolsa dialektikany inkär edýär. Dogmatizm metafizikanyň aýratyn bir görnüşi bolup,aslynda ösüşi inkär edýär. Dogmatiki garaýşa ýakyn bolan bir akym hem sofistikadyr.

Bu akym düýp manysy boýunça ol we beýleki dürli subutnamalar bilen şol ýa-da beýleki ýagdaýy esaslandyrmak we subut etmek üçin edilýän hereketdir. Sofistikada formasy boýunça dogry ýaly bolup görünýän ýöne düýp manysy boýunça hakyky däl pikirleri ulanmak bilen garşydaşyny ýoldan sowmak üçin ýalan, hakyky däl pikirleriň ulanylmagy netijesinde nädogry netijä gelinýär. Gadymy greklerde bu ugur has hem köp ýaýran dünýägaraýyşdyr. Muňa "Ýalançy", "Ewatlo" diýen sofizmleri mysal getirmek bolar. Dialektika bolsa munuň garşysyna pikirde çeýelik häsiýetini ykrar edýär.

Dialektika ylym hökmünde her bir ylymdaky ösüşiň, özgerişiň kanunlaryna hereket bilen baglanyşykda garaýar. Hereket zat bilen, zat hereket bilen aýrylmaz baglanyşykdadyr.

Dialektika doňňaradaşlyga garşy. Ol akyl ýetirişde hiç hili çäk goýmaýar. Çünki akyl ýetiriş zada akyl ýetirmek bilen

çäklenmeýär, onuň has çuň bilinmegini öňe sürýär. Sebäbi adam zada akyl ýetirmek bilen kanagatlanmaýar. Dialektika mydama zatlarda sadadan çylşyrymla, pessaýlykdan ýokara galmak prinsipini goldanýar hem-de oňa gulluk edýär.

Dialektika döredijilikli taglymat,ol baky ösüşi hem-de baýlaşmany ykrar edýär. Ol teoriýä bilen praktikany bir-birine absolýut garşy goýmaýar. Dialektika”arassa” teoriýa boýunça birtaraplylyga garşy. Meselem, pikir üsti bilen ol we beýleki zady subut etjek bolmak,ýagny material (maddy) dünýäden üzňe garamak doly hakykylyga getirmeýär. Çünki sözler üstündäki operasiýalar real predmetsiz zadyň,hadysanyň doly many-mazmunyny açyp bilmeýär.

Dialektika pikirlenmäni çeýe hasaplap, onda çeýeligi hemmetaraplaýyn peýdalanmagy talap edýär. Diňe şol ýagdaýda pikirlenme real dünýäni dogry, hakyky aňladyp bilýär. Şonuň üçin hem durmuşda her bir döwrüň öz meselesini çözmek üçin ony ylmy taýdan esaslandyrmak zerurdyr. Muňa mysal edip Türkmenistanyň beýik Galkynyş eýýamynyň öňde goýýan meselelerini bilmek, olara ylmy kesgitleme bermek meselesinde Hormatly Prezidentimiziň maksatnamalaryny öwrenip, özleşdirip ylymda, akyl ýetirişde ylmy çeşme edip ulanmak kanunydyr.

Biz şu okuw sapagymyz arkaly dünýä hadysalaryna, has hem tebigat we jemgyýet bilen baglanyşykly üýtgemelere, ösdürmelere, jemgyýetiň ösüş meýlini kesgitlemekde dialektikanyň bimöçber ähmiýetiniň bardygyna göz ýetirdik.

Dialektikanyň ylym hökmünde ylmy açyşlarda nähili orna eýedigine we ähumumy metod we metodologiýa nukdaýnazaryndan onuň ähmiýetiniň uludygyna garap geçdik. Şeýle hem dialektika ylmynyň üsti bilen her bir adamyň öz akyl ýetiriş obýektine dogry we doly düşünip, ýeňişlere ýetip biljekdigine düşündik.

Durmuş ösýär, özgerýär, akyp durýar. Gadymy grek filosofy-dialektigi Geraklit "Ähli zatlar akýar, ähli zat çalşyp durýar" diýýär. Şu akymda öz ornuňy tapmak bilen Watanyňa, milletiňe, ýurduňa, Prezidentiňe wepaly bolmak şu günki günde her bir türkmen raýatynyň, türkmenistanlynyň, şeýle hem ýaş nesliň borjy-wezipesidir, parzydyr.

## 4-nji sapak

**1. Hereketiň bakylygy absolýutlygy dynçlygyň otnositelligi (wagtlaýynlygy).**

**2. Giňişlik we wagt.**

**3. Materiýanyň, hereketiň, giňişligiň we wagtyň bir bitewiligi.**

Dünýäde ähli zat mydama hereketdedir, üýtgemek , özgermek bilendir, bir haldan başga bir hala geçmek bilendir. Agşam arassa asmandaky ýyldyzlara syn edip, biz olardan lezzet alýarys, syn eden çagymyzda olar hereketsiz ýaly bolup görünýär, ýöne welin olar örän ýokary tizlik bilen hereketdedirler. Olar öz hemralary bilen bilelikde hereketde bolýarlar. Üznüksiz hereketde bolan ähli janly zatlar ösýärler, köpelýärler, gülleýärler, ölýärler. Bu mydamalaýyn hereketiň netijesinde bolup geçýär. Hereket netijesinde zat bir ýagdaýdan başga bir hala geçýär. Bu bolsa material dünýäniň,aslynda materiýanyň düýpli hemrasydyr. Materiýanyň özi ýok bolmaýar.Materiýa we hereket düýp manysy boýunça bir bitewidir. Hereketsiz materiýa,materiýasyz hereket ýokdur. Hereketiň özi materiýanyň ýaşaýşynyň şertlendirijisidir.

**"Maddy zatlar"**, "**barlyk**" mydama hereketdedir. Olar niredendir bir ýerden alynmaýar we döredilmeýär. Elbetde, hereketiň bir görnüşi başga bir görnüşe geçip bilýär, özi hem bu obýektiw häsiýetdedir. Sebäbi her bir zadyň döremeginiň sebäbi

bolýar, özüniň üýtgemegi üçin öz-özüne sebäp bolýar. Bularyň hemmesiniň esasynda maddy zat durýar.

Dialektikanyň özi hem hereketde hem-de dynçlykda ýöne hereket kontinuum (üznüksiz), diskretlik (üznüklilik-durnuklylyk) häsiýetleriň birliginden durýar. Bularda üýtgemeklik hem-de durnuklylyk bir bitewilikden durýar, çünki üýtgemeklikde durnuklylyk şeýle hem durnuklylykda üytgemeklik saklanýar. Çünki durnuklylyk  üznüksizlik, üznüksizlikde hem durnuklylyk saklanýar. Dynçlyk otnositel häsiýetdedir, yagny wagytlaýyn haly başdan geçirýär. Dynçlykda mukdar taýdan zat öz-özlügini saklaýar, ýöne şol ýagdaýda hem hereket togtamaýar. Her bir zat ýaşaýan wagtynda öz-özlügini aňladýar.

Absolýut dynçlyk bolup bilmez, ol aslynda-da ýokdur. Dynçlyk diňe hereketiň durnukly wagytlaýyn häsiýetini aňladýar, özi hem zadyň kesgitlilik halyny aňlatmak üçin gerekdir. Absolýut dynçlyk mümkin däl, şonuň üçin hem ol zat şu wagt şol zat bolsa ol eýýäm şol zat däl.  Muny mysallaryň üsti bilen düşündirmek gerek (durmuşdan, haýwanat dünýäsinden, hat-da dürli fiziki hadyslardan hem mysal getirmek mümkin). Nemes fizigi Eýnşteýniň (1879-1955) kesgitlemegine görä zadyň hereketi onuň başga bir zada öwrülmegi bilen bagly. Şeýlelikde, filosifiýada dialektikanyň kömegi bilen hereket we dynçlyk meselesi çözülýär. Kontinuum (üznüksiz)-diskretlik (üznüklilik, durnuklylyk) gatnaşyklarynyň dialektikanyň üsti bilen çözülmeginde möhüm özara gatnaşygy beýan etmeklik-de hereket hem dynçlyk öz beýanyny tapýar.

Tebigy ylymlarynyň gazananlaryny filosofik taýdan düşündiriş esasynda hereketi barlygyň ýaşaýşy hökmünde beýan etmek bilen herekete degişli onuň formalaryny klassifikasiýa bölmek mümkinçiligi döreýär.Hereketiň formalaryny ylmy taýdan F.Engels klassifikasiýalaşdyrypdyr.Ol hereketiň 5 formasyny kemala gelendigini, ýagny mehaniki, fiziki, himiki, biologoki, sosial görnüşlerde ýüze çykýandygyny belleýär.

Bu klassifikasiýa ylymda şindi hem öz ähmiýetini ýitirenok. Adam we jemgyýet özboluşly aýratyn hereketiň iň ýokary formasydyr.

Hereketiň sosial formasyny adam alyp barýar, özi hem ol sosial hereketiň subýekti bolup çykyş edýär. Adam taryhy döredijidir. Çünki ol akylly-başly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny dörediji we alyp baryjydyr. Onuň hereketi maksada gönükdirilen häsiýetde bolup, ol subýektiw, obýektiw gatnaşykda bolýar, ýagny adamlar arasyndaky gatnaşygy, sosial toparlaryň arabaglanyşygyny, jemgyýetiň daş-töwerege bolan garaýşyny özünde jemleýär. Umuman, obýektiw dünýä bolan gatnaşygy we baglanyşygy aňladýar. Onuň şu häsiýeti hereketiň beýleki formalaryndan düýpgöter tapawutlydyr.

Netijede, hereket barlygyň, materiýanyň hil taýdan dürli derejelerini aňladyp, bir-birinden tapawutlanýandygyny görkezýär. Bu tapawutlylygy hil taýdan bir derejäni başga bir derejäniň üsti bilen düşündirmekde ulanmak mümkin däl. Meselem, biologik guralmany (organizmi) özüni dünýäniň fiziki durkuny düşündirmekde ulanmak mümkin däl. Biologik zatlar janly dünýä bilen bagly bolup, onda alyş-çalyş prosesi,ösmek we köpelmek häsiýeti, ýaşaýyş üçin göreş,üýtgemek,nesilden-nesle geçmek bilen baglanşykly alamatlar bar we olar hereketiň şu formasyna degişli häsiýetlerdir.

Janly organizmde fiziki hem himiki prosesler biologik meseleleriň çözgüdini tapmaklyga gönükdirilendir. Şonuň üçin hem barlygyň, dünýäniň maddy zatlarynyň her biriniň öz kanuny we kanunalaýyklygy bardyr.

Dogry, bu maddy barlyk zatlaryň özboluşly aýratynlyklaryna garaýar, ýöne olara degişli käbir umumy kanunalaýyklaýynlygy bellemek zerur. Meselem, janly organizmdäki himiki gatyndylary bellemek ýerliklidir. Diýmek, biologik hereketde himiki hereketiň ysnyşygy zerurlykdyr. Başga bir tarapdan, biologik

hadysalary öwrenmek fiziki hem-de himiki hadysalara galtaşmak netijesinde himiýa we fizika ylymlarynyň baýlaşmagyna kömek berip bilýär.

Ýöne guramanyň, düzümiň ýokary formasyny aşaky forma goşmak ýa-da girizmek mümkin däl. Ýaşaýyş gurluş, gurama, düzüm hökmünde beloklardan duran ten bilen bagly. Organiki däl zatda bolsa ýaşaýyş ýok. Gurluşyň himiki formasy himiki elementleriň beloklaryň birleşmesini anladýar.

Käbir çylşyrymly formalardaky hereket ýönekeý hereket bilen düşündirmek mümkin däl. Meselem, psihologizmde adamyň düýp manysyny köp halatda biologik komponentler (tarap, birleşmeler, baglanyşyk) açýar, munda adamyň sosial ýagdaýyna geregiçe üns berilmeýär. Netijede, reduksionizme (ýönekeýleşdirmä) getirýär. Adamyň içki ruhy dünýäsini bilmekligi, onuň tebygy ýagdaýyna düşünmekligi fiziki, biofiziki ýa-da biohimiýa häsiýetler bilen kesgitlemek ýa-da şoňa syrykdyrmak bilen düşündirmek mümkin däl.

Ýöne reduksionizmi fizikada, fiziki hadysalarda ulanmak ýerliklidir. Her bir hereket haýsy-da bolsa bir üýtgemeklik, özgermeklik belli bir giňişlikde bolup geçýär, özi hem belli bir wagt içinde amala aşýar. Giňişlik we wagt barlygyň, materiýanyň ählumumy formasy, şeýle hem olaryň zerur häsiýetleri, ýagny zerury hemrasydyr. Dünýäde wagt-giňişlik häsiýetsiz zat ýok, aslynda onsuz älemde zat ýok. Giňişlik barlygyň, materiýanyň ýaşaýyş formasydyr, olaryň dowamlylyk, gurluş, materiýanyň, zatlaryň düzümindäki elementleriň özara ýaşaýşynyň we özaratäsirleriniň düzümi bilen häsiýetlendirilýär. Wagt hem barlygyň, materiýanyň formasy bolmak bilen olaryň ýaşaýşynyň dowamlylygyny, olaryň yzygiderli çalyşmagyndaky ösüşi we üýtgemäni aňladýar. Giňişlik we wagt bir-biri bilen özara aýrylmaz baglanyşykda, özi hem barlygyň, materiýanyň ýüze çykyş prosesinde hereketiň we ösüşiň birligidir.

Marksistik filosofiýadan ozal,şeýle hem klassyki filosofiýada giňişlik we wagt zatdan aýry başga garalyp, diňe zadyň özbaşdak ýaşamaklygynyň daşky şerti diýlip kabul edilipdir.

Giňişlik we wagt dialektiki-materialistik düşündirilişde zatlaryň, barlygyň, materiýanyň ýaşamaklary üçin ählumumy hemra hasaplanýar.

Bu teoriýa şu mesele boýunça elbetde giňişlik we wagt tükeniksizlik (zatlaryň döremeginde, üýtgemeginde, ösmeginde) diýip tassyklaýar.Bu ýerde şeýle bir zady anyklamak gerek, ýagny giňişlik we wagt adamyň aňyna bagly däl, barlygyň, materiýanyň, zadyň absolýut hemrasy bolýandygy; üznüksizlikde we üznüklilikdedir (wagt, giňişlik), mukdar we hil özgermelerindedir (tükeniksizlikdedir).

Wagtyň bir aýratynlygy ol hem onuň yzyna öwrüp bolmaýanlygyndadyr, ol mydama geçmişden gelejege barýar we ol mydama geljege gönükdirilendir. (Wagt zat bilen baglanyşdyrylanda, şu günki zat wagt ölçeginde geçen zat bilen absolýut bir zat däldir).

Wagt materiýanyň, barlygyň, zadyň ählumumy formasy hökmünde çykyş edýär.Olaryň yzygiderligi, dowamlylygy wagt üsti bilen kesgitlenilýär, şeýle hem bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçmegini beýan etmek bilen bir durkdan başga bir durka we olaryň täze zat bilen çalyşmagynda öz manysyny beýan edýär.Wagt öz-özünden maddy zatlarsyz, barlyksyz ýaşamaýar, ol zatlaryň ,barlyklaryň dowamatyny, ömrüni aňladýar. Şeýle hem geçmişden geljege barmakda olaryň atributy bolup durýar. Şonuň üçin barlyksyz wagt, wagtsyz hem barlyk ýokdur. Her bir zat öz wagty içinde ýaşaýar, häsiýetlendirilýär. Wagt birligi zadyň dowamlylygynyň düýp manysydyr.

Şonuň ýaly hem giňişlik we wagta düşünmek üçin olary barlyk, hereket, materiýa, maddy zatlar bilen birligini (ýedinstwo) aýan etmek zerur. Elbetde, giňişlik we wagtyň absolýutdygyny beýan etmekde hereketiň, materiýanyň, barlygyň birligini ykrar etmek zerur. Bu soraga nemes fizigi Eýnşteýn jogap berip,

özüniň otnositel teoriýasy bilen giňişligiň we wagtyň özara, gös-göni baglanyşygyny hereket edýän materiýanyň üsti bilen subut edýär. Ol şeýle diýýär: öň eger-de nähilidir bir täsinlik bilen maddy zatlar birdenkä ýok bolan bolsalar,onda giňişlik we wagt galardy. Otnositel teoriýa laýyklykda bolsa ähli zatlar bilen bir-likde giňişlik we wagt hem ýiterdi. Diýmek, netije şeýle: giňişlik we wagt materiýasyz ýaşamaýar.

Barlyk, materiýa, zat bir bitewilikde hereketde bolýar. Biz dünýä, äleme ser salsak, onda materiýanyň, barlygyň, zatlaryň giňişlikde we wagt birliginde mydamalaýýn hereketde bolmagy olaryň bir bitewiligini ýene-de bir gezek tassyklaýar. Öň belläp geçişimiz ýaly, hereket materiýanyň dürli hereket formalarynda özüne degişli özboluşlylykda bolýar.

Hakykatdan hem biz wagt özüniň tizligini çaltlandyrýar diýen pikiri peýdalanýarys. Dogry, waka çaltlyk bilen geçýär, özi hem jemgyýetiň ýaşaýyş-durmuşynyň ähli formalarynda ýokarlandyrylan özgerişler bolýar. Elbet-de, sosial-taryhy wagt nesilleriň bitirýän işi asyrlar, müňýyllyklar bilen hasaplanylýar.

Şu sapakda biz hakykat ýüzünde barlygyň, zadyň, materiýanyň, giňişligiň we wagtyň birligi olaryň hereketi bilen bolup geçýändigine seredip geçdik. Diýmek, olaryň ählisi bir häsýete, ýagny herekete bagly bolsa, onda olaryň birligi aýan bolýar. Onuň şeýledigi biziň garap geçen soraglarymyzda hereketiň dürli formalarynda öz beýanyny tapdy.

## 5-nji sapak

**1. Filosofik kategoriýalar bilen filosofik kanunlaryň arasyndaky birlik we olaryň arasyndaky tapawut.**

**2. Filosofik kategoriýalar: ýekeleýin, aýratyn we umumy zat; sebäp we netije; zerurlyk we tötänlik; mümkinlik we hakykat; mazmun we forma; düýp many we hadysa.**

Her bir ylym dünýä we dünýä zatlaryna has düýpli gara-mak üçin özüniň düşünjelerini döredýär we olaryň üsti bilen

şol meseleleriň çözgütlerini gözleýär. Öwrenilýän ugruň zatlaryny has düýpli öwrenmek netijesinde olaryň has giňişleýin we hemmetaraplaýýn häsiýetlendirilmegi bilen bular ýokary derejeli düşünjeler bilen aňladylýar. Alymlaryň açyşlarynyň birleşmeginde has umumy düşünjeler döredilip, olara ”kategoriýalar” diýlip at berilýär. Bu kategoriýalaryň ylymda has düýpli hyzmaty bardyr, özi hem olar bütin teoretiki pikirlenmäniň içinden eriş-argaç bolup geçýän ylmy düşünjeler hasaplanylýar. Bu düşünjeler-kategoriýälar, hemme, ylymlar üçin dünýägaraýyş bolup ylma girýär. Sebäbi filosofiýä ylmy zatlaryň has umumy häsiýetlerini, olaryň arasyndaky baglanyşygy we gatnaşygy tebigatda, jemgyýetde, adam pikirlenmesinde bolup geçýän kanunalaýyklygy öwrenýär.

Adamzadyň ösüş taryhynda ylymda pikirlenmäniň uniwersal formasy bolan filosofik kategoriýalar döredilipdi. Olaryň mazmunyna üns bersek, onda olar obýektiw hakykatda bar bolan zatlaryň häsiýetini we gatnaşygyny şöhlelendirýär.

Kategoriýalar akyl ýetirişiň netijesi hökmünde akyl ýetirişiň tejribesine daýanýar we olar adamzadyň geçen taryhy ýolunyň dowamynda emele gelýär, ösýär, kämilleşýär.

Filosofiki kategoriýalar akyl ýetirişiň etaplary bolmak bilen pikirlenme esasda zatlaryň düýp manysyna baryp ýetýär. Şeýle garalanda, kategoriýalar doňan derejedäki bilmeklik däldir, olar pikirlenme ulgamynda zatlar baradaky has umumy düşünjelerdir. Eger-de biz şu häsiýeti inkär etsek, onda pikirlenmäni, pikiri zatdan aýrybaşga baglanyşyksyz bir üzňelik edip görkezdigimiz bolardy. Emma weli pikir, pikirlenme zadyň, barlygyň adam aňynda şöhlelenmesidir, özi hem olara degişli baglanyşygy, gatnaşygy aňlatmakdyr.

Filosofik kategoriýalar zatlaryň, maddy dünýäniň umumy häsiýetlerini, baglanyşygyny we gatnaşygyny aňladýanlygy zerarly, onuň metodologik ähmiýeti örän ýokarydyr (olar

tebigatyň anyk hadysalaryny, jemgyýetiň we pikirlenmäniň meselelerini öwrenmekde bahasyna ýetip bolmajak metod we metodologiýadyr). Şeýle hem her bir anyk ylmyň, esasy möhüm düşünjeleri hem metodologik wezipäni ýerine ýetirýär. (metodologiýa-akyl ýetirmekde ylmy metod baradaky taglymatdyr), akyl ýetirmekde ulanylýan metodlaryň toplumydyr.

Filosofiýanyň kategoriýalarynyň hususy ylymlaryň umumy düşünjelerinden tapawudy bardyr. Hususy ylymlardaky umumy düşünjeler pikirlenmäniň belli bir kesgitlenen toplumynda ulanylýan bolsa, filosofik kategoriýalaryň metodologik prinsipi ähli ylymlaryň içinden eriş-argaç bolup geçýär, özi hem hususy ylymlaryň gazananlarynyň netijesini özüne siňdirip, onuň mazmunyny, düýp manysyny baýlaşdyrýar.

Her bir şahsyýetiň hususy ösüşi üçin filosofik kategoriýalary özleşdirmeklik şahsyýetde teoretik (nazary) pikirlenmäniň döremegi üçin zerur şertdir. Filosofiýanyň kategoriýalaryna dogry düşünmek üçin, her bir kategoriýa beýleki kategoriýalardan üzňe garamak nädogrudyr.

Filosofiýanyň kategoriýälary filosofiýanyň kanunlary bilen berk baglanşyklydyr. Hakykatda filosofiýanyň esasy kanunlary belli bir kategoriýälar bilen kesgitlenilýär, onsuz mümkin däl. Mysal üçin, gapma-garşylyklaryň birligi we göreş kanuny “gapma-garşylyk”, “göreş” kategoriýalarynyň üsti bilen aňladylýar.

### *Ýekeleýin, aýratyn we umumy zat*

Biz daş-töweregimize garanymyzda özümizi gurşap alýan dünýäniň zatlarynyň üýtgäp duran mukdar we hil taýdan köpdürlüligini görýäris. Dünýä ýeke-täk, ýöne ol dürli zatlardan, hadysalardan, wakalardan kemala gelip, olar özlerine mahsus bolan şahsy, gaýtalanmajak alamatlardan düzülendir. Çünki giňişlik we wagt birliginde bolan zatlar we hadysalar özleriniň

şahsy tapawutlary bilen mukdar we hil aýratynlygyny aňladyp ýekeleýin zatlardan durýar.

Ýekeleýinlik bir obýektiň (zadyň) başgadan tapawutly bir obýektligini aňladýar, özi hem ol diňe özüne degişli bolan häsiýete esaslanýar. Hakykatdan hem häsiýet diňe şu obýekte mahsus bolýar.

Ýöne her bir zat, predmet şeýle hem proses islendik halda belli bir bitewiligiň düzüminde bolýar. Dünýäde hiç bir zat öz-özlüginden döremeýär. Ol birgiden dürli köpdürlüligiň esasynda döreýär. Meselem, türkmeniň milli garaşsyzlygy (özbaşdaklygy, özygtyýarlygy, milli baýlyklarynyň millete degişli edilmegi, milli döwletiniň döredilmegi, ruhy gymmatlyklaryň rejelenmegi we ş.m.) Häsiýetleriň we gatnaşyklaryň umumy bolmaklygy, bir topluma degişli bolmaklygy ***umumylaýýn*** kategoriýasy bilen aňladylýar. Bu kategoriýa düzümindäki zatlara meňzeş häsiýetiň degişliligi bilen kesgitlenilýär. Umumylaýyn häsiýet topara, köplüge degişli bolan meňzeşlik alamaty bilen ýüze çykyp biler. Meselem, “adam”, “haýwan”, “jemgyýet”, “talyp”we ş.m.)

Umumy zat ýekeleýin zatsyz ýaşap bilmeýär.Şonuň ýaly hem ýekeleýin zat umumysyz ýaşap bilmeýär. Her bir obýekt özünde ýekeleýin we umumylaýýn häsiýetsiz bolup bilmeýär. Şonuň üçin her bir obýekt ýekeleýin we umumylaýyn zadyň birligidir. Haýsy zady alsak hem ol beýlekilerden tapawutly, şeýle hem haýsydyr bir gatnaşygy bilen onuň meňzeşligi bardyr.

Ýöne filosofiýanyň taryhynda nominalistler umumy düşünjeleri inkär edip,olar umumylaýyn diňe pikirlenmede bolup biler diýen pikiri öňe sürýärler. (nominalizm-latyn sözi bolup “at”, “atlandyrma”, “at dakma” diýip terjime edilýär).

Elbetde, umumylaýyn we ýekeleýin bilen bolan meňzeşlik we tapawut zadyň predmetiň özüne-de degişli. Olar obýektiw ýaşaýarlar, yekeleýin zat gaýtalanmajak zatdyr.

Ähli ylymlar üçin zadyň,hadysanyň ýuze çykmagynda, ösmeginde, özgermeginde we başga bir zada öwrülmeginiň name bilen baglydygyny bilmek düýpli mesele bolup durýar. Aslynda hadysany bilmek onuň döremeginiň, ösmeginiň bilinmegi onuň sebäbiniň bilinmegidir. Sebäplilik latyn sözi bolup, “kausa”-sebäp sözüni aňladýar. Ol hadysalar, zatlar üçin ählumumy kanunalaýyklaýyn baglanyşygyny emele getirýär.

Her bir aýratyn waka düşünmek üçin ählumumy kanunalaýyklykda şol zadyň ählumumy baglanyşykda bolýandygyny hasaba almalydyr, bir zady başga bir zatdan aýryp bolmaýanlygy olaryň şeýle häsiýetde hem bir barlykdan başga bir barlyga, bir zatdan başga bir zada geçmeginiň esasy hem ***sebäpdedir,*** çünki bir sebäp başga bir sebäp bilen baglanyşyklydyr, zatlar, hadysalar baky hereket dowamynda çalyşmak bilen bolýar. Bu häsiýet ählumumy baglanyşykdyr. Bularyň özeninde hem sebäp ýatýar.

***Sebäp we netije***-otnositel düşünjelerdir. Bir hadysanyň döremegi üçin başga bir hadysa gerek bolýar, diýmek bir hadysa başga bir hadysanyň döremegi üçin sebäp bolýar. Sebäbiň täsiriniň emele getirmesi ***netijedir.*** Sebäplilik hadysalar arasyndaky içki, düýpli baglanyşykdyr, özi hem bir zadyň yzyndan başga bir zadyň döremegi bilen bagly ýüze çykýan hereketdir. Bir zadyň döremeginden ýene-de bir zat döreýär. Meselem suwuň gyzdyrylmagy onuň buga öwrülmegine sebäp bolýar. Suw gyzdyrylanda, ýylydylanda bug bolmak prosesi (hadysanyň döreýiş ýagdaýy) emele gelýär. Sebäbiň yzyndan netije ýüze çykýar we netije indiki, gelejekki zadyň döremeginiň sebäbi bolup durýar. Onuň tersine, buguň sowadylmagy suwuň emele gelmegine getirýär.

Sebäp we netije baradaky düşünjeler adamzat taryhynyň ösüşinde hem-de onuň dünýä akyl ýetirmek ukybynyň barlygynyň esasynda emele gelýar. Pikirlenme dünýä zatlarynyň

esasy, zerury kanunalaýyklyklaryny şöhlelendirip, geljekki praktiki durmuşyň zerurlygy bolup durýar. Çünki adam akyl ýetiriş netijesinde zatlaryň, hadysalaryň döreýşiniň sebäplerini bilmek bilen olara özüniň täsirini ýetirmeklik mümkinçiligini alýar.

Akyl ýetiriş prosesinde olary emeli ýol bilen döretmek ýa-da olaryň öňüni almak mümkinçiligini gazanýar.(Meselem käbir ýurtlarda dolynyň döremegine garşy göreş). Sebäp belli bir wagt içinde netijä getirýär, täze zadyň döremegine getirýär.Ýöne her bir dörän täze netije onuň döremeginiň sebäbini aňlatmaýar. Meselem, gijeden soň daňdan, gündiz gelýär, emma gije gündiziň döremeginiň sebäbi däl. Hakykatda bu ýerde esas bolup netije gatnaşygy, baglanyşygy çykyş edýär. (Meselem, ýagynyň ýagmagy bilen daşary öl). Şeýle hem sebäbi bahanadan tapawutlandyrmak gerek. Bahana waka bolup, başga bir wakanyň döremegine getirýär, ýöne ol onuň sebäbi bolmaýar. (Meselem, talybyň sapaga gijä galyp gelmegi “maşyn gelmedi”, “syrkaw boldum”).

Sebäp baglanyşygy ählumumy häsiýete eýe bolýar, ol obýektiw uniwersal häsiýetdäki baglanyşygy aňladýär.

Älemde bolup geçýän ähli hadysalar, ähli özgermeler, üýtgemeler belli bir sebäp zerarly ýüze çykýar.

Dünýäde sebäpsiz hiç bir hadysa ýüze çykyp bilmeýär, islendik hadysanyň özüniň sebäbi bolýär. Elbetde, adam belli bir hadysanyň sebäbine, sebäp baglanyşygyna akyl ýetirýär, emma henize çenli sebäbi belli bolmadyk käbir hadysalar bolýar, ýöne olar obýektiw ýaşaýarlar (medisinada rak keseliniň döreýiş sebäbi we ony bejerip bolmazlyk). Dünýäniň ähli hadysalary sebäp bilen baglanyşykly diýen argument filosofiýada sebäplilik kanunydyr. Filosofiýada ähli hadysalar sebäp bilen bagly diýip tassyklaýanlara ***deterministler (determinare latyn sözi bolup-kesgitlemek, kesgitleýär diýmeklikdir).*** Bu ylmy tassyklamany inkär edýänlere-***indeterministler*** diýilýär. Deterministler tarapy-

ndan geçirilen barlaglar hiç hili şübhelenmäge ýer goýmaýar. Onuň akymlaýyn görnüşleriniň wekili iňlis filosofy Ýum (subýektiw idealist), Kant-aprior häsiýet-tejribeden öň,owal diýip tassyklaýar.

Filosofiýada logiki baglanyşyk hökmünde käbir filosoflar esas we netije düşünjelerini ulanýarlar, ýöne olar diňe logiki baglanyşyk, gatnaşyk bolmak bilen sebäp, sebäplilik baglanyşygyny aňlatmaýar. Ol diňe logikada esas we netije baglanyşygydyr. Bu ýerde, ýagny formal logikada esas bolup pikir çykyş edýär.Bir pikirden başga bir piker döreýär. Meselem, otagda oňuşarlykly ýylylyk diýmek pikir üsti bilen termometrde 20-gradus görkezýändigine salgylanyp netije çykarylýar. (Meselem, termometrdäki görkeziji sebäp däl-de esas).

Sebäp, sebäplilik pikirde, pikir netijesindäki baglanyşyk däl-de zatlaryň arasyndaky başga bir hadysany dörediji baglanyşykdyr. Ýaňky mysaldaky baglanyşyk logiki baglanyşyk, özi hem esas we netije baglanyşygydyr.

Ýöne her bir pikir sebäp bilen aýrylmaz baglanyşykdadyr, çünki pikiriň özi sebäp baglanyşygy esasynda hakykaty şöhlelendirýär.

Ähli hadysalaryň arasyndaky sebäp baglanyşygynyň obýektiw häsiýeti ylmy taýdan tassyklanandyr. Sebäp bilen netijäniň arasynda baglanyşyk hakykatdan hem biri beýlekisiniň üstüni doldurýar, ýagny diňe bir sebäp netijäni döretmän, netije hem sebäbe täsir edip,ony üýtgedip hem biler.Türkmenistandaky milli Garaşsyzlyk milli Galkynyşyň döremegine sebäp bolýar. Milli Galkynyş öz gezeginde Täze Galkynyşa sebäp bolýar.

### *Zerurlyk we tötänlik*

Filosofik garaýyş boýunça zatlaryň arasyndaky baglanyşyk we gatnaşyk  düýpli we zerury ýagdaýdyr. Zerurlyk-dünýä zatlarynyň, hadysalarynyň, proseslериniň arasyndaky durnukly we düýpli baglanyşygy aňladýar.

Zerurlyk-zatlaryň düýp manysyndan gelip çykýan we zatlaryň ýüze çykmagynda hökmany bolmaly zat.Ýöne zerurlyk bilen gutulgysyzlyk bir zat däl,çünki hemme zerurlyga gutulgysyzlyk diýmek bolmaz.

Zerurlyk beýleki mümkinçilikler hatardan çykyp, diňe ýeketäk bir çykalga galan ýagdaýda gutulgysyzlyga baryar. (Meselem, Garaşsyzlyk ýyllarynda Eýrandan unuň alynmagy ýa-da 2008-nji ýylyň aýazy, Lebap welaýatynda derýada dörän buzy partlatmak ýoly bilen kynçylyklardan çykmak). Zerurlygyň esasynda ýüze çykman tötänleýin hem hadysalar bolup biler.

Tötänleýin zadyň, hadysanyň ýüze çykmagynda şol şert bolup hem, bolman hem biler (otly ýolunyň geçelgesinde maşynyň matorynyň öçmegi, ekilen ekini dolynyň weýran etmegi).

Filosofiýanyň taryhynda zerurlyk we tötänlik düşünjelerine dürli garaýyşlar bolupdyr. Meselem, Demokrit ähli zatlar zerurlyk esasda bolýar-diýip tassyklaýar. Tötänleýin zadyň inkär edilmegi sebäbiň “ýoklugyna” salgylanmakdyr, onuň inkär edilmegi bilen baglanyşyklydyr. Şu ýerden başga bir pikir kemala gelýär, ýagny tötänleýin zadyň özi zerurlyk bilen baglanyşykly, çünki hadysanyň ýüze çykmagy kanunalaýyklaýyndyr, şeýle hem ol özüniň sebäp baglanyşyklary bilen ýüze çykýandyr (ekiniň bolmagy, dolynyň ýagmagy, bular gös-göni sebäp baglanyşyklary bilen bagly). Tötänleýin zadyň özi kanunalaýyklaýyn hadysa, çünki hadysanyň ýüze çykmagy üçin şertleriň toplumy ýeterlikdir (lotereýa bileti-utuş we utuşsyz).

### *Mümkinlik we hakykat*

Akyl ýetiriş prosesinde teoretiki pikirlenmede mümkinlik we hakykat kategoriýalary üns merkezinde durýar. Filosofiýanyň beýleki kategoriýalary ýaly mümkinlik we hakykat zatlaryň üýtgemeginde ösmeginde uniwersal baglanyşyklary we gatnaşyklary şöhlenendirýär.

Zat, hadysa belli bir kesgitli könäniň esasynda döreýär. Zadýň döremegi üçin bir giden şertler kemala gelýär. Meselem, çaga dünýä inýär, onda duýmak, kabul etmek, pikirlenmek we gürlemek mümkinçilikleri döreýär. Mynasyp şertleriň bolmagy bilen mümkinlik hakykata öwrülýär.

Ösüş prosesiniň özi mümkinlik we hakykat kategoriýalarynyň birliginde bolup geçýär. Mümkinlik hakykat bilen berk baglanyşykda bolýar. Olar biri-birlerine özara baglanyşyklydyrlar. Mümkinligiň özi hakykatyň bir formasy bolup çykyş edýär, hakykatyň döremegine goldaw berýär.

Bu kategoriýalaryň özara baglanyşygynda ilkinji orun hakykata degişli, ýöne mümkinlik hem hakykatyň real ýaşaýşynyň bir alamatydyr. Bularyň birligini ykrar etmek bilen olaryň arasyndaky tapawudy hem göz öňünde tutmaly. Meselem, dünýä doly akyl ýetirmek mümkinligi bilen birlikde ony durmuşa geçirmek, ýagny mümkinligi hakykata öwürmek meselesiniň-de barlygyny unutmak bolmaz.

Mümkinligiň dürli görnüşleri bolýar. Olar umumy we ýekeleýin bolup biler. Umumy mümkinlik hakykatyň umumy kanunalaýyklyklary bilen bagly, ýekeleýin mümkinlik hadysanyň, zadyň bir tarapyny şahsy aýratynlyklaryny aňladýar. Her bir ýalňyz, ýekeleýin mümkinlik gaýtalanmaýar. Mümkinlik iki görnüşde – real konkret (anyk) we formal abstrakt (anyk däl) görnüşde bolup biler.

Real mümkinlik ol hadysanyň, zadyň düýpli kanunalaýyklaýyn ösüşini aňladýar, onuň durmuşa geçmegi üçin bolsa obýektiw şertleriň bolmagy zerurdyr.

Formal mümkinlik hadysanyň, zadyň ösüşiniň düýpli däl şertini aňladyp, hakykatda onuň amal edilmeginiň obýektiw şertleriniň ýoklugy bilen aňladylýar. Bu mümkinlik diňe formal esasa salgylanmak bilen bagly mümkinlikdir. Formal mümkinlik obýektiň kanunlaryna garşy gelmeýär. Mümkinlik

düşünjesini mümkin däl düşünjeden tapawutlandyrmak gerek, çünki bu ýagdaýda, ýagny mümkin däl ýagdaýda ol amala aşyp bilmeýär.

Käbir şertlerde formal mümkinlik hakykylyga, hakykata öwrülip biler. Meselem, adamyň kosmos giňişligine aralaşyp bilmek formal mümkinçiligi häzir reallyga öwrüldi, emma bu öňler formal häsiýete eýedi.

Her bir mümkinligiň hakykata öwrülmegi üçin, oňa degişli şertleriň bolmagy zerur.

### *Mazmun we forma*

Her bir obýektiw dünýäniň zatlary mazmun bilen formanyň birliginden durýar. Älemde aslynda mazmun bolup bilmeýär. Ol diňe kesgitli mazmunyň belli bir galyba salynmagy bilen ýüze çykýar mazmunyň forma bilen kebşirlenmegi gerek, ine şonda ol mazmuny aňladyp biler.

Mazmuny obýektiň ähli elementleriniň toplumyna degişli häsiýetleriň, baglanyşyklaryň jemi bilen aňlatmak bolar. Diýmek, mazmun obýektiň ähli elementleriniň hil kesgitliligini, olaryň özara täsirini aňladyp, bitewilige degişli ähli komponenetleriň toplumyndan durýar.

Mazmun zadyň häsiýetleriniň,alamatlarynyň toplumyna we olar arasyndaky gatnaşyklary şöhlelendirmek bilen olary tapawutlandyrýan düýpli häsiýetini we gatnaşygyny görkezýär.

Zadyň üýtgemegi bilen onuň mazmuny hem üýtgeýär. Meselem, Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň mazmuny düýpgöter üýtgedi, sebäbi onuň formasy üýtgedi. Bu gün jemgyýet ähli maddy baýlyklary, ruhy gymmatlyklary öz içine alyp, adamlaryň durmuşyna degişli harytlary, gurallary ozüne birleşdirýän forma we mazmuna eýe boldy.

Biz daş-töweregimize garanymyzda, ol ýa-da beýleki obýekti başga bir obýektden tapawutlandyryp, onuň daşky görnüşini, daşky formasyny göz öňüne getirýäris.

Netijede, zadyň daşky durky adam beýnisinde ornaşýar, özi hem aýry başga bir görnüşinde göz öňüne gelýär, bu zadyň daşky görnüş boýunça tapawudydyr.

Forma-obýektiň daşky formasy (görnüşidir). Zadyň daşky formasy beýleki zatlara bolan baglanyşygy aňladýar. Forma zadyň içki häsiýetini hem görkezýär. Zadyň içki formasy onuň hil taýdan kesgitliligini aňladýar (meselem:adamyň içki we daşky formasy: içki organlary - olaryň formalary; daşky formasy hem adam, bularyň hemmesi bir tarapdan, onyň jyns aýratynlygy hem ikinji tarapdan we ş.m.

Içki forma köplenç zadyň içki gurluşyny görkezýär. Gurluş, umuman, zadyň içki taýdan ýerleşmegidir. Ýöne forma we gurluş bir zat däldir (meselem, maşynlaryň içki gurluşy-formasy, telefon, uçar, meýdança, köpri, döwlet, onuň syýasy, ykdysady, sosial we medeni taraplary: forma we gurluş manylarynda).

Dürli filosofik ugurlar mazmuna we forma birmeňzeş garaman, ol barada dürli-dürli garaýyşlary öňe sürüpdirler.

Gadymy grek filosofy Aristoteliň garaýşyna görä, mazmun we forma ilkibaşdan özbaşdak, biri-birine bagly bolmadyk ýagdaýda bolýar, diňe bir zady döretmekde mazmun we forma biri-biri bilen has ýakyn baglanyşykda bolýar. **Ilkinji forma**, onuň garaýşyna görä, hudaýda, taňrydadyr.

Forma we mazmun bir zadyň iki garşylykly tarapy, şol bir zadyň dürli **polýuslary** we olaryň birligidir. Olaryň birligini we olary biri-birinden aýryp bolmaýan birligi kesgitli mazmunyň, kesgitli formasy bolýar. (Meselem, ulagyň formalary we olara degişli mazmun).

Ýöne forma bilen mazmun birmeňzeş ähmiýete, häsiýete eýe däl. Bu kategoriýalardan baş wezipäni mazmun kesgitleýär, forma gurnamadyr, elbetde, ol gurnaýar, has takygy, mazmuny gurnaýar. Şol bir wagtda mazmun hem öz-özüni gurnaýar. Mazmun formanyň döremegine getirýär. (Meselem, adam, jemgyýet, ösümlik, giňişlik we ş.m.)

Forma bilen mazmunyň arasynda içki garşylyk hereket edýär. Aslynda zadyň döremeginde, ösmeginde zatlaryň arasyndaky, mazmun bilen forma arasyndaky garşylygy ýeňip geçmek olaryň ösüşde gapma-garşylygynyň çözülmegi ösüş üçin zerurlykdyr, çünki zadyň geljegi üçin gapma-garşylygy aradan aýyrmak zerurlykdyr.

Zatlaryň ösüşini pikirde aýlamakda mazmun we forma kategoriýalary uly ähmiýete eýedir. Sebäbi eger forma mazmuna laýyk gelen ýagdaýda, ol mazmunyň ösüşini çaltlandyrýar. Üýtgeýän, üýtgän mazmuna köne forma kybapdaş bolmadyk ýagdaýda, mazmunyň geljekki ösüşine päsgel berýär. (Meselem, Täze Galkynyş zamanasynyň meseleleri-ykdysady, syýasy, sosial we medeni ugurlarda).

Forma bilen mazmunyň birligi olaryň özbaşdaklygyny aňladyp, formanyň mazmuna bolan gatnaşygynda forma işjeň rol oýnaýar. Formanyň otnositel özbaşdaklygy forma mazmundan mazmun formadan üzňe bolmaýar, ýöne forma mazmuny aňladyjy we şöhlelendiriji. Formanyň üýtgemegi zatdaky, predmetdäki içki baglanyşyklaryň täzelenmegini talap edip, içki gurluşyň ösmegine getiryär. (Türkmenistanyň XX Halk maslahaty Mary şäheri, oba hojalygy barada 2007- nji ýylyň 30-njy marty; Türkmenistanyň Mejlisiniň 4-nji çagyrylyşynyň birinji maslahaty 2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary).

### *Düýp many we hadysa*

Düýp many we hadysa filosofiýanyň esasy kategoriýalarynyň biri bolmak bilen olar zada akyl ýetirişiň derejesini kesgitlemekde hem-de obýektiň jümmüşine aralaşmakda möhüm orna eýedir. Adamzadyň akyl ýetiriş hereketi predmetiň, zadyň daşky formasyny öwrenmekligi onuň içki gurluşyna aralaşmaga iterýär. Zatlaryň arasyndaky sebäp baglanyşyklaryny öwrenmek, olaryň kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmak netijesinde zadyň düýp manysyna ýetmeklige getiryär.

Düýp many we hadysa zatlaryň uniwersal obýektiw häsiýetnamasyny bilmekde möhüm ylmy guraldyr. Zadyň düýp manysyna ýetmeklik name? Bu soragyň jogaby şeýle zadyň ýüze çykmagynyň sebäbiniň onuň durmuşynyň ýaşaýyş kanunynyň, içki garşylyklarynyň ösüş meýliniň (zada degişli kesgitleýji) häsiýetiniň bilinmegidir.

Adamzadyň akyl ýetirşi pikirlenme arkaly diňe bir hadysadan düýp mana tarap hereket bilen gutarman, ol düýp manynyň diňe bilinmegine ýetmek bilen çäklenmän, onuň has çuň düýp manysyna ýetmeklige tarap hereket edýär. Sebäbi adamyň pikirlenişiniň hadysadan düýp mana tarap tükeniksiz çuňlaşmagy zerarly, ol ilkinji düýp manydan ikinji derejeli düýp mana geçýär we ol üznüksiz dowam edýär. Düýp many zadyň hadysanyň içki baglanyşygynyň esasy hasaplanylýar.

Düýp many diýmek barlygyň zadyň zerury hem esasy möhüm kesgitleýjisidir. Düýp many diýenimizde biz onuň kanunalaýyklyk diýen düşünje bilen birligini bir manylylygyny göz öňünde tutýarys. Aslynda **kanun** we **düýp many** düşünjeleri bir deň derejeli bolup, adamyň hadysa has çuň akyl ýetirmegini görkezýär. Ýöne düýp many bilen kanun bir zat, bir meňzeşlik däldir. Düýp many has giň we baý düşünjedir. Meselem, ýaşaýşyň düýp manysy diňe bir kanuna bagly bolman ol kanunlaryň toplumy bilen kesgitlenilýär.

Hadysa näme? Bu düýp manynyň daşky aňladylmasy we onuň forma taýdan ýüze çykmasydyr. Düýp many zadyň içki, hadysa zadyň daşky tarapy hasap edilýär. Ýöne hadysany daşky, düýp manyny hem içki tarap hökmünde göz öňüne getirsek-de zady häsiýetlendirmekde daşky bilen içki gatnaşyklaryň birek-birege zerurlygy aradan aýrylmaýar, ýagny zadyň häsiýetlendirilmeginde olaryň ikisi-de möhüm şert bolup durýar. Hadysa düýp manysyz ýaşap bilmeýär. Düýp many hadysalydyr, hadysa hem düýp manylydyr.

Düýp many we hadysa özara baglanyşykly kategoriýalardyr. Eger düýp manyda umumy häsiýet bolsa, onda hadysa ýekeleýin zat bolup, bu düýp manynyň ýüze çykmasydyr. Eger düýp many has giň, içki tarap bolsa, onda hadysa daşky, has baý we köptaraplaýynlykdyr. Eger düýp many durnukly, zerurlyk bolsa, onda hadysanyň üýtgeýän, geldi-geçer, tötänleýin häsiýete eýe bolmagy kanunalaýyklykdyr.

Düýpli we düypli däl zatlar otnositel häsiýetdedir. Bir wagt himiki elementiň düýpli häsiýeti atom hasaplanylýardy. Soňra bolsa atomyň ýadrosy bu häsiýete eýe boldy.

Ylmyň esasy meselesi zatlaryň, hadysalaryň düyp manysyna ýetmek. Zadyň düyp manysyna ýetmek formany hasaba almazdan, mümkin däldir. Şonuň ýaly hem formany,onuň dürli ýüze çykyş formalaryny analiz etmezden, hasaba almazdan, zadyň düyp manysyna ýetmek mümkin däldir.

## 6-njy sapak

**1. Kanun we filosofik kanun hakynda düşünje.**
**2. Mukdar özgermeleriniň hile geçiş kanuny.**
**3. Gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanuny.**
**4. Inkär etmäni inkär etme kanuny.**

Dünýädäki bolup geçýän, ösýän, özgerýän, ösüşde bolýan zatlara teoretiki esaslandyrma bermek häzirki zaman ylmynyň esasy wezipesi bolup durýar.

Häzirki zaman ylmy dünýägaraýşa esaslanýar. Ylmy dünýägaraýşyň döremeginde filosofiýa uly rol oýnaýar.

Her bir hususy ylymlaryň kanunlary bilen bir hatarda ählumumy filosofik kanunlar hem bar, olar ýüze çykýar, ösýär, özgerýär we hereket edýär. Beýleki hususy ylmy kanunlardan tapawutlylykda filosofik kanun hereketiň we ösüşiň ähli ugurlarynda, ýagny tebigatda, adamzat jemgyýetinde hem-de adam

pikirlenmesinde bar bolan ähli umumy baglanyşygy we gatnaşygy şöhlelendirýär.

Filosofik kanun ähli zat mydama hereketde diýip ykrar edýär, filosofik kanun zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň arasyndaky düýpli, zerury baglanyşygyny tassyklaýar. Her bir hadysa dogry düşünmek üçin ony beýleki hadysalar bilen baglanyşykda seljermek gerek, ol öz gezeginde zadyň, hadysanyň döreýşini we ösüşini bilmek üçin, möhüm şert bolup çykyş edýär.

Dünýäde predmetleriň, zatlaryň, hadysalaryň arasynda dürli baglanyşyklar bolýar. Olaryň käbirleri öz aralarynda gös-göni baglanyşykda bolýan bolsa, beýleki birnäçesindäki baglanyşyk ençeme sowa ýollar bilen bolýar.

Dünýäniň islendik düzümi oňa degişli bolan elementleriň özara täsiri bilen baglanyşykda bolýar. Hakykatdan hem her bir jisimiň häsiýetleri özara täsir astynda bolmak bilen olaryň hereketinde ýüze çykýar. Zatlar arasyndaky özara täsir uniwersal häsiýetde bolýar. Ol özünde mümkin bolan ähli özgermeleri jemläp, predmetleriň arasyndaky baglanyşyklaryň ähli tiplerini özünde birleşdirýär.

Älemde zatlar bütinleý biri-birinden üzňelikde bolmaýar, olaryň her biri başga bir zat, hadysa, proses bilen baglanyşykda bolýar.

Umuman, her bir hadysa we bütin dünýä tutuş bir çylşyrymly gatnaşyklaryň düzüminden durýar we olar dürli sebäp we netije baglanyşyklaryndan düzülýär. Şonuň netijesinde bir hadysa başga bir hadysanyň döremegine sebäp bolýar, şeýlelikde hereketiň bir formasy başga bir formasyna öwrülýär, şunlukda olar baky hereketde we ösüşde bolýarlar.

Ylym mydama hadysalaryň arasyndaky baglanyşygy ýüze çykarmaga ymtylýar. Hadysalary we prosesleri düzüm hökmünde, ýagny tutuşlaýyn zat hökmünde we onuň elementleriniň biri-biri bilen belli bir kesgitli baglanyşykda, özara baglanyşykda

bolýanlygyny ýüze çykaryp, onuň hem has giň, uly düzümiň bir tarapydygyny ylmy taýdan göz öňüne getirmek gerek.

Ylmyň esasy meselesi we maksady ilki bilen tebigatyň we jemgyýetiň kanunalaýyklaýyn hereket hökmündedigini we olardaky ösüşler hem-de prosesler belli bir obýektiw kanun bilen şertlendirilendigini we obýektiw kanun esasda hereket edýändigini beýan etmekden ybaratdyr. Bu ýerde kanun näme? - diýen sorag ýüze çykýar. Kanun – bu hadysanyň içki baglanyşygy we özara baglanyşygydyr. Ýöne hadysalar arasyndaky her bir baglanyşyk kanun we kanunalaýyklaýyn zat däldir. Kanun üçin oňa (kanuna) hut düýpli, durnukly, gaýtalanýan, içki baglanyşyk we özara baglanyşyk zerur.

Baglanyşyk dürli görnüşde bolup bilýär, meselem, daşky, düýpli däl görnüşlerde bolup biler. Bu hili baglanyşyklar zatda, hadysada, prosesde yz galdyryp biler, ýöne olar zady kesgitläp bilmezler.

Aslynda kanun zadyň zerury baglanyşygyny aňladýar we bu zerury baglanyşygyň bolmagy ösüşiň barlygynyň şerti hökmünde çykyş edýär. Meselem, jemgyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklyk häsiýeti bilen bagly bolan ykdysady we sosial hadysalar arasyndaky baglanyşyk (döwlet bilen jemgyýetde sosial toparlar arasyndaky gatnaşyk).

Adamlar tebigatyň we jemgyýetiň kanunlaryny bilmek esasda hadysanyň ýüze çykmagyna akylly-başly garap, ol we beýleki zadyň döremegine täsir edip, öz peýdasy üçin ulanyp biler.

Filosofiýanyň taryhynda idealistler kanunyň obýektiw häsiýetini inkär etmäge çalşyp, olar kanuna adam paýhasynyň önümi we adam paýhasy bilen döreýän zat hökmünde garaýarlar. Subýektiw idealist, iňlis matematigi-filosof Karl Pirson (1857 – 1936 ýý.) kanun ylmy manysynda ol aslynda adam ruhunyň önümidir we adamsyz onuň hiç hili manysy ýokdur-

diýip tassyklaýar (adam paýhasyndan döreýär), adam tebigata kanun berýär diýmekligiň manysy bardyr diýip belleýär.

Obýektiw kanunlary üç uly toparlara bölmek bolar: 1) hususy-häsiýetleri meňzeş ýa-da obýektiň özboluşly hasiýetlerine degişli bolan ol ýa-da beýleki hereketiň formasyna degişli toparlar 2) umumy-uly obýektler, hadysalar;3) ählumumy ýa-da uniwersal. (birinjä degişli edip, adam düşünjesini almak bolar; ikinji topar kanuna degişli edip "janly organizm" düşünjesini; üçünjä tutuş dünýä hadysalaryny mysal edip almak bolar). Birinji topar kanunlar belli bir kesgitli anyk, çäkli ýerlerde hereket edýär. Ikinji topar kanunlar has umumy, özi hem gaýtalanýan obýektler bilen baglanyşykda bolýar. Üçünji topar kanunlar uniwersal özi hem ähli hadysalar bilen bagly bolup, olar ählumumy kanundyr.

Filosofiýa ählumumy kanun degişli, bu kanun hemme ýerde hereket edýär. Ol kanunlar tebigatda, jemgyýetde we pikirlenmede hereket edýär. Bu kanun ählumumy akyl ýetiriş we metodologik häsiýetde bolup, akyl ýetirişiň ählumumy kanuny hökmünde çykyş edýär, şeýle hem adamynyň akyl ýetiriş döredijilik işinde metod bolup hyzmat edýär.

Ösüşiň ählumumy kanuny: zadyň ösüş hem-de akyl ýetirişiň kanunydyr. Indi bolsa filosofiýanyň esasy kanunlaryna garamaklyga geçeliň.

### *Mukdar özgermeleriniň hile geçiş kanuny we tersine*

Biz geçen sapaklarymyzda ösüş we oňa bolan dürli garaýyşlar hakda ýatlapdyk. Bu ýerde biz esasan ösüşiň iki ýoly, hakda durup geçeris: birinji ýol (konsepsiýa) hereketiň çeşmesi hereketiň daşynda. Ikinji ýol hereketiň çeşmesi özünde (özözlüginde) (samodwiženiýe). Hakykatdan hem hereketiň ikinji ýoly ýaşaýşa ukyply ýoldur, ol ösüşe, böküşe könäniň ýok bolup, täzäniň döremegine ýol açýar.

Bu ösüş ýoly diňe bir mukdar taýdan zadyň köpelmek (ulalmak we kiçelmek) ýoly bolman, könäniň ýok bolmak, ýitmek prosesini, täzäniň bolsa, döremek prosesini aňladýan ýoldur. Bu bolsa mukdar özgermeleriniň hile geçiş kanuny bilen esaslandyrylýar. Bu kanuna dogry düşünmek üçin, häsiýet, hil, mukdar, ölçeg ýaly kategoriýalar bilen tanyşmak zerur.

Älemiň zatlary özara belli bir kesgitli baglanyşykda we gatnaşykda bolýarlar. Zatlara akyl ýetirmeklik olaryň daşky we gös-göni ýüze çykmasyndan başlanýar. Olar özara biri-biri bilen aýrylmaz bagly, çünki bir zat başga bir zadyň täsiri astynda döreýär. Bu häsiýet dünýäniň kanuny we kanunalaýyklygydyr.

Bir zadyň beýleki bir zat bilen baglanyşygyny we gatnaşygyny bilmezden, ol zadyň häsiýetini bilmek mümkin däl. Meselem: “metal” düşünjesi gatylyk, tok geçirijilik, belli derejedäki gyzgynlykda eremek, ýylylyk we tok geçirijilik aýratynlyklaryny öz içine alýan düşünje. Şu ýerde şeýle netijä gelmek bolýar, diýmek, zat häsiýetleriň toplumy. Zada akyl ýetirmek - onuň haýsy we nähili häsiýetleriniň bardygyny bilmek, zady kesgitlemekde diňe şunuň ýaly netijä gelmek hem heniz ýeterlik däldir, çünki zat özüniň ösüşinde birgiden häsiýetlerini üýtgedýär, hat-da ýitip gidip bilýär. Şol zerarly zadyň häsiýetlerini klassifikasiýa düzgünine getirmek gerek. Aslynda häsiýet düýpli we düýpli däl bolup biler. Zat kesgitlenende, iki häsiýeti boýunça hem kesgitläp bolar, ýöne zady zat edýän onuň düýpli häsiýeti bolýar. Bu häsiýet filosofiýada zadyň hili diýip atlandyrylýar. Hil zadyň şol zatdygyny onuň başga zat däldigini kesgitleýär we görkezýär.

Zat diňe bir hil tapawudy bilen aňladylman, zadyň bitewiligi, birligi, kesgitliligi, öz-özüniň birmanylylygy bilen tutuşlygyna aňladylýar. Diýmek, zat diňe bir hil tapawudy bilen kesgitlenmän ,ol onuň mukdar tarapyny hem özünde jemleýär. Sebäbi

zat onuň hil häsiýetinden başga ony düzýän gurluşdan hem ybaratdyr. Elbetde, zady hil kesgitliligi bilen aňladanymyzda onuň öz-özlügini, birligini görýäris. Zat hakykatdan hem şu zat, hut onuň özi, ýöne ol hil taýdan birmanylylykda bolsa-da, onuň düzümi, gurluşy, biri-birinden mukdar taýdan tapawutlanyp biler. Meselem; metal hil tapawudy boýunça bir häsiýeti aňladýan bolsa-da ol gurluşy boýunça dürli-dürli mukdar häsiýetleri özünde jemleýär.Oňa degişli edip, metalyň dürli görnüşlerini görkezmek bolar, (demir, mis, gurşun we ş.m.). Zatlary hil taýdan analiz etmeklik, onuň mukdar tarapyny açmaklyga getirýär. Başga söz bilen aýdylanda, zatlaryň hil taýdan birmanylylygy, birmeňzeşligi (tutuş meňzeşligi) onuň ikinji mukdar tarapyny aýan edýär. Nemes klassyki filosofiýasynyň wekili Gegel mukdar bu “hiliň suratydyr” diýip belleýär. Zat diňe hilden ýa-da diňe mukdardan durman, şol bir wagtda ol hem hilden, hem mukdardan durýar. Akyl ýetiriş prosesinde biz emeli ýagdaýda olaryň birini beýlekiden aýrybaşgalaşdyrýarys. Beýle edilmegi olaryň arasynda bar bolan tapawudy beýan etmek üçin gerek.

Zatlaryň hil taýdan bir manylylygyny, birmeňzeşligini görkezmeklik zadyň ikinji tarapy bolan mukdar düşünjesine barmaklyga esas döredýär. Öň belleýşimiz ýaly, zady hil taýdan analiz etmeklik mukdara gutulgysyz alyp barýar.

Bu kanunyň talabyna görä, akyl ýetirişde ilki zadyň hil tarapyny bilmek, soňra onuň mukdar tarapyna geçmeklik kanunalaýyklaýyn zatdyr. Mukdar özünde ululygy, sany, göwrümi jemleýär. Zadyň meňzeşligi, birmanylylygy zerarly, ol şeýle usullara, ýagny ulaltmak ýa-da kiçeltmek, bölmek (bölneklemek) ýa-da birleşdirmek ýollaryna alyp barýar. Mukdar taýdan käbir ulalmaklyk (ulaltmaklyk) ýa-da kiçelmeklik (kiçeltmeklik) zadyň hil häsiýetine düýpli täsir etmeýär. Meselem; metal gyzdyrylanda ençeme dereje ýylylygy köpeltseň hem ol öz hilini we mukdaryny saklaýar. Ýöne beýle häsiýet hemme zatlar üçin deň derejede däl, käbir halatda sähelçe çäkden geçmeklik

zadyň hil taýdan düýpli özgermegine getirýär. Emma mukdar özgermeleri belli bir derejä baranda, zadyň hil taýdan özgermegine getirýär. Netijede, zadyň öňki hil ýagdaýy zadyň täze hil ýagdaýyna öz ornuny bagyş edýär, ornuny täze hil ýagdaýyna berýär. Şeýlelik bilen täze hil özgermesi ýüze çykýar.

Mukdar özgermeleriniň hil özgermelerine geçiş kanunynda täze dörän hil özgerme mukdar özgermelerine alyp barýar. Bu ýagdaý tebigy zat, çünki täze hil täze mukdar özgermeleri bilen bolýar. Zadyň hil kesgitliligi zadyň mukdar kesgitliligi bilen bagly. Bu baglanyşyga – **ölçeg** diýilýär. Bu baglanyşyk hil bilen mukdaryň, biriniň beýlekä baglydygyny aňladýar. Hakykatdan hem mukdar özgermeleri şeýle bir derejä barýar, ol hatda hiliň we mukdaryň durkunda disgarmoniýa (ölçegiň bozulmagyna) getirýär. Şu ýagdaýda köne hil täze hile ornuny berýär, könäniň täzelenmegine getirýär.

Mukdar özgermeleri, üýtgemeleri arakesmesiz – yzykesilmesiz we ýuwaş – ýuwaşdan bolýar. Hil özgermeleri, üýtgemeleri arakesmeli görnüşde ýuwaş – ýuwaşdan bolýar. Bu kanun ösüşiň arakesmesiz, yzykesilmesiz we arakesmeli zadyň hil we mukdar özgermeleridir. Her bir hil özgermeleri böküş görnüşinde bolup geçýär.

Jemgyýetiň durmuşynda, ösüşinde böküşiň iki görnüşi bolýar. Olar ewolýusion hem-de rewolýusion görnüşler bolup, bularyň birliginde jemgyýet kanuny hereket edýär. Her bir jemgyýetdäki ösüş ewolýusion (ýuwaş-ýuwaş) hem-de rewolýusion (böküş) görnüşde bolýar.

Bu kanunyň teswirlenişi şeýle: zadyň, predmetiň dürli taraplary bolup, onuň hil we mukdar taýdan özara baglanyşy we özara hereketi netijesinde zatda, predmetde ilkibaşda ujypsyz mukdar özgermeleriniň toplanmagy zadyň, predmetiň hil taýdan ölçegliliginiň bozulmagyna getirip, böküş görnüşinde tebigy hadysalaryň, şeýle hem dürli beýleki zatlaryň ösmeginde esasy şertdir.

### *Gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanuny*

Predmetde bolup geçýän üýtgeşmelerden soňra, üýtgeşmeler netijesinde ol hiç haçan öz-özüne deň bolup bilmeýär we ol içki garşylyk bilen ýaşaýar. Hil bilen mukdar arasyndaky garşylyk bu diňe umumy kanunyň ýüze çykmagynyň diňe bir görnüşi bolýar, bu kanun boýunça içki garşylyk ähli zatlara degişli bolmak bilen, olaryň ösüşiniň çeşmesi we hereketlendiriji güýji bolýar. Zadyň ösüşinde garşylyk onuň hereketlendiriji güýjüdir.

Ösüşiň iki ugry ewolýusion (ýuwaş-ýuwaşdan) we rewolýusion (ösüşiň böküş görnüşi) görnüşleri bar. Olar biri-birine garşy durýarlar we gapma- garşylygy emele getirýärler. Bu häsiýet bütin filosofiýanyň taryhynda çözgüdi gözlenen mesele bolandygyny görmek bolýar. Bu ýagdaý häzirki zaman filosofiýasyna hem degişlidir.

Häzirki zaman filosoflarynyň köpüsi hadysanyň garşylygynyň onuň düýp manysy bilen baglydygyny ykrar edýärler, ýöne filosofiýada bu garaýşa garşy gelýänler hem bar. Olaryň nygtamagyna görä, garşylyk diňe biziň pikirimizde bolup biler, obýektiw dünýäniň zatlary ondan azat diýen pikiri öňe sürýärler.

Pikirlenmedäki garşylyk ýa-da logiki garşylyk hakykatdan hem pikirlenmede bar we dowam edýär, diňe logiki yzygiderliligiň bozulan ýagdaýynda logiki ýalňyşlyklar ýüze çykýar.

Şol bir zat barada biri-birini (biri-beýlekisini) inkär etmek üçin ulanylýan garşylykly iki pikir ýöretmede logiki garşylyk bolup biler. Meselem: "Şu serişde aragatnaşyk ulgamyna degişli" we "Şu serişde aragatnaşyk ulgamyna degişli däl" bular ýaly pikir ýöretmelerde logiki garşylyk bar, çünki bularyň biri beýlekisini inkär edýär we olaryň diňe biri hakykatdan hem hakyky bolup biler. Ýöne pikirlenmede logiki garşylygy

pikirlenmedäki terslik gatnaşygyndan tapawutlandyrmak zerur. Şeýle bir mysalda "Şu serişde aragatnaşyk ulgamyna degişli" we "Şu serişde ulag ulgamyna degişli" diýlip ulanylan pikirler terslik gatnaşygynda bolýar. Bu pikirleriň ikisiniň hem hakyky däl bolmagy, üçünji bir pikir ýöretmäniň hakyky bolmagy ähtimal. "Şu serişde senetçilik ulgamyna degişli" diýilen pikir ýöretme hakyky bolup biler. Ýokarda ulanan iki terslik gatnaşygynda bolan logiki pikir ýöretmelerde üçünji bir pikir ýöretmä, pikire orun galýar. Ony biz öz mysalymyzda görkezdik. Elbetde, logiki pikirdäki, (pikirlenmedäki) garşylyklar zadyň hereketiniň obýektiw garşylygyna ters gelmeýär, çünki bu, bir tarapdan, pikirdäki garşylyk, ikinji bir tarapdan, obýektiw garşylygy hem aňladyp biler, ýagny hadysa heniz doly, gutarnykly, soňuna çenli akyl ýetirilmedik bolan ýagdaýda şeýle bolup biler.

Älemde absolýut öz-özlüginde (birmanylylykda) bolan zat hadysa ýok. Hatda, obýektiw zatlaryň birmanylylyk, öz-özlügindäki gatnaşygy barada gürrüň edenimizde, hakykatdan-da, olary deňeşdirenimizde birmanylykdalygy, birmeňzeşligi aýan bolanda hem olaryň arasynda belli bir tapawudyň bardygyna düşünýäris. Bu ýerde zadyň ýönekeý daşky meňzeşliginde hem şol zada birmanylylygyň we tapawutlylygyň birligidigine akyl ýetirýäris. Her bir zat bir bada beýleki zat bilen birmanylykda we birmanylykda däl. Şu ýerde ýönekeý birmanylylyk abstrakt (anyk däl) däl-de onuň konkret (anyk) manysy görünýär, ýönekeý söz bilen aýdylanda, zadyň özünde tapawudyň hemde meňzeşligiň pursatlaryny saklaýandygyny görýäris. Zat şol bir zat, emma ol eýýäm özgeren, üýtgän zat (Galkynyş we täze Galkynyş). Tapawut bilen birmanylylygyň (toždestwo), zadyň meňzeşligini ýüze çykarmak üçin ulanylmazlygy filosofiýada akyl ýetiriş usulynyň biri bolan deňeşdirme usulynyň manysyny ýitirýär.

Birmanylylyk ilkibaşdan öz-özlüginde bolmaklyk, onuň beýlekilerden tapawudynyň barlygyny görkezmeklik dälmi näme? Elbetde, şeýle. tapawudyň predmetde bolmagy diňe beýleki predmetlere garanda, predmetiň tapawudyny aňlatmak bolman, beýlekilere bolan gatnaşygyndaky onuň tapawudy bolýar. Ony deňeşdirseň hem, deňeşdirmeseň hem ol öz mazmunynda tapawudy aňladýar, çünki ol beýlekilere garanda, ol onuň özi. Ösüşiň kanunyna görä predmet ýaşaýar we ýaşamaýar (bar we ýok), muny diňe bir manyda predmet şol bir wagtda durnuklylyk we üýtgemeklik, položitel we otrisatel, ýok bolýan we döreýän (ölýän we täzeden döreýän) häsiýetlerden durýar.

Her bir predmeti, her bir hadysany biri-birine bolan terslikler görnüşinde göz öňüne getirmek mümkin. Munuň manysy şeýle ýagny obýektiw dünýäniň obýektlerine içki terslikler (protiwopoložnost) mahsus. Içki terslikleýin häsiýet dünýäniň ähli obýektleri we bolýan zatlary üçin aýrylmazdyr. Ýöne bu ýerde her bir obýektiň we toparlaýyn obýektiň özüniň aýratyn garşylyklary bar, ony diňe anyk analiz etmek üsti bilen açyp bolar. Her bir terslikleýin gatnaşyklaryň birligi bitewiligiň ösüş meýliniň özboluşly, aýratyn häsiýetidir.

Ýöne tersleýin gatnaşyklaryň bolmagy zadyň garşylygynyň bir aýratynlygydyr. Zadyň başga bir häsiýeti ol hem terslikleriň özaralarynda biri-birini inkär etmekleridir. Gapma-garşylygyň birligi we göreş kanuny esasda gapma-garşylygyň göreşi ilerleýji bolup ol ösüşiň çeşmesidir. Şu ýerden ösüşiň özi gapma garşylygyň göreşidir. Bu kanundaky “birlik” (kybapdaşlyk, birmanylylyk, deňderejelilik) otnositeldir (wagtlaýyn geçiji). “Göreş” bolsa absolýutdyr. (ösüş, hereket). Bu kanunda iki häsiýetiň tassyklamak we inkär etmek bilen bular arasyndaky göreş zady hereketlendiriji hem-de onuň ösüşiniň çeşmesi

bolýar. Ösüş hereketiň öz-özlügidir, özi-özüni ösdürijidir. (samodwiženiýe we samorazwitiýe).

Kanunda iki esasy döwür başdan geçirilýär:

1) ösüş döwri, garşylygyň güýçlenmegi, ýokarlanmagy;

2) garşylyklaryň çözgüt döwri.

Gapma-garşylygyň birligi we göreş kanuny boýunça zadyň, hadysanyň ýüze çykmagy, ösmegi bir haldan başga bir hala geçmegi üçin bu döwürler zerurlykdyr.

Filosofiýanyň taryhynda ählumumy kanunlaryň biri bolan “Gapma garşylygyň birligi we göreş” kanunyna dürli çemeleşmeler we garaýyşlar bolupdyr.

Gadymy grek filosofiýasynyň wekili Geraklitiň (.b.eý. öň 540-480ý) hem-de gadymy Hytaý kitaby bolan Dao De Szin (b.eý.öň IV-III asyr) bularda garşylyk barada materialistik häsiýete eýe bolup, olar maddy dünýäniň başlangyjy gapma-garşylygyň göreşi bilen bolan diýip tassyklaýarlar.

Idealistik ugur boýunça Sokrat we Platon üçin garşylyk jedel etmeklikde hem-de idealizmi esaslandyrmakda ulanylýar diýen ideýany öňe sürýärler.

Gadymy grek filosofy Aristotel (.b.eý.öň. 384-322 ýý) formal logikanyň kanunlaryny döredip, ol pikirlenmede logiki garşylygyň bolmaly däldigini ylmy taýdan subut edipdir.

Nemes klassik filosofiýasynyň wekili Gegel garşylyk barada ösüşiň çeşmesi garşylykdyr diýen ideýany öňe sürüp, ol “Garşylyk her bir hereketiň özenidir” diýen genial pikiri ylma girizýär.

Gapma-garşylygyň göreş kanuny baradaky ideýalary K. Marks, F. Engels, W. I. Lenin öňe çykaryp, olar bu kanuna ylmy taýdan teswirleme berýärler. W. I. Lenin: “Garşylyk dialektikanyň ýadrosydyr-özenidir”-diýip tassyklaýar.

## *Inkär etmäni inkär etme kanuny*

Ähly umumy kanunlaryň biri bolan inkär etmäni inkär etme kanuny ösüşiň ýene bir kanunydyr.

Biz mukdar özgertmeleriniň hile geçiş kanuny, şeýle hem gapma-garşylygyň birligi we göreş kanuny bilen tanşyp, ösüş prosesinde inkär etmä düýpli orun degişlidigine akyl ýetirdik. Hakykatdan hem hil özgermeleri diňe könäniň inkär edilmegi bilen bolup geçýär, zatda bar bolan gapma-garşylygyň özi özünde inkär etmeklik häsiýetini saklaýar.

Her bir ösüş üçin inkär etmeklik gutulgysyz we kanunalaýyklaýyn häsiýetdir we ol ösüşiň şertidir. Haýsy bir zady alsaň hem, ösüşiň bar ýerinde özüniň öňki durkuny inkär etmeklik saklanýar. Şeýle bolmazdan täzelik (täze zat) döräp bilmez. Inkär etme diýmek näme? Ýönekeý durmuşda inkär etme düşünjesi "ýok" diýilen söz bilen aňladylýar. Elbetde, "ýok" diýmek bir zady ykrar etmezlikdir. "Ýok" diýmeklik ýöne bir inkär etmek hem däl-de, ol örän çuň manyny aňladýar. Mahlasy, "ýok diýmek" ol ýa-da beýleki zat ýaşamaýar diýmekdir ýa-da ony her hili ýol bilen dargatmakdyr. Inkär etmeklik iki ýol bilen bolup geçýär: birinjisi inkär etme ösüşiň şerti we pursaty hökmünde. Ikinjisi köne bilen täzäniň baglanyşygy hökmünde. Birinji ýol täzäniň döremeginiň şerti bolup, täze kämilleşen formany döredýär, ikinji ýol bolsa, täze könäni inkär etmek bilen ony ornundan aýryp taşlaýar. Ornundan aýyrmak düşünjesi inkär etmäniň mazmunyny ýüze çykarýar, netijede, ol özünde hem inkär etmekligi, hem saklanmagy jemleýär. Bu ýerde elbetde, öňki ösüşiň ýok (bolmadyk) ýerinde täze formanyň döremegine esas döretmeýär. Ikinji tarapdan, öňkiden galan ösüşiň derejesiniň saklanmagy indiki basgançaga geçmeklige, özi hem düýpli özgerilen görnüşde geçmeklige şert döredýär.

Haýsydyr bir ösüşi inkär etme bilen mesele çözülmeýär. Hakykatda birinji inkär etmede haýsydyr bir elementiň saklanmagy inkär edilmäge degişli bolan elementiň özi hem doly gapma-garşylykdadyr.

Birinji inkär etmede başlangyçdan bar bolan käbir pursatlar saklanýar, ikinji inkär etmede başlangyjyň käbir häsiýetleri dikeldilýär we şondan hem täze ösüş başlanýar. Çünki, inkär etmeklige degişli zat ol özüniň başlangyç formasyny inkär edýär, ikinji gezek inkär etmeklik bolsa soňky inkär edileniň başlangyç formasynyň dikeldilmegine getirýär. Şu ýerde her iki gezek inkär etmekligiň ýüze çykmasy görünýär. Inkär etmäni inkär etme kanunynyň hereketi netijesinde, ösüş göni çyzyk görnüşde bolmaýar, ol töwerekleýin bolmak bilen, ösüş netijesinde ýenede ol öňki başlangyç ýagdaýyna degip geçmek netijesinde spiral görnüşi ýada salýar. Şeýlelikde, bu prosesi şeýle görnüşde ýüze çykýar: “tezis” (ösüşiň başlangyç punkty)- “antitezis” (birinji inkär etme)- “sintez” (ikinji inkär etme). Şu ýerde biz üçlemäni: “tezis” - “antitezis” – “sintez” düşünjeleriniň üsti bilen ösüşdäki inkär etmäni inkär etmekligi görýäris. Ýöne inkär etmäni inkär etme kanunyny düşündirmek üçin ony doňan, gatap galan shema görnüşinde göz öňüne getirmek bolmaz. Ählumumy kanunlar, şol sanda hem inkär etmäni inkär etme kanuny hem ýönekeý shema üsti bilen şertlendirilmän, diňe hakykatyň zatlaryny, hadysalaryny dogry öwrenmek üçin çelgi hökmünde (ugurtapmak, özleşdirmek üçin) akyl ýetirmekde peýdalanmakdyr.

Gapma-garşylygyň birligi we göreş kanunyny seljermek bilen ösüşi kesgitlemekde bir hadysanyň başga bir hadysa bilen çalyşylmagynda, bir hadysanyň ornuna başga bir hadysanyň döremeginde belli bir kanunalaýyklyk barmy? diýen soraga bu kanunyň analiz edilmegi, bilinmegi, oňa akyl ýetirmek esasda goýlan bu soragyň jogaby aýan bolýar.

Dünýäniň hadysalarynyň ösüşi bilen has düýpli, ýaşamaga has ukyply, položitel pursatlarynyň, ýagdaýlaryň saklanmagy bilen uniwersal dialektika tutuş ösüşiň ähli şahalaryny baýlaşdyrýar. Ösüş- bu zadyň diňe matematiki, arifmetiki taýdan ösdürilmegi bolman, ösüşiň geljekde has ýokary formada zatlaryň döremekleri üçin amatly şerti emele getirmegidir. Ösüşiň umumy kanunalaýyklygy görnüşde çykyş edýän bu kanun zatlaryň, prosesleriň ösüşinde ýönekeýden çylşyrymla, aşakdaky derejeden ýokarky derejä çenli gelmeklik, döremeklik meýlinden (woshodýaşiý) has ýokary derejedäki döreýiş galmaklygy aňladýar. Diýmek, ýönekeý toplaýyş derejeden ýokary derejedäki döreýşi aňlatmak bu kanunyň esasy wezipesi hasaplanylýar.

Inkär etmäni inkär etme prosesiniň esasy häsiýetiniň aýratynlygy ony yzyna öwrüp bolmaýanlygydyr, ýagny ösüşde hil taýdan ösüşiň ýokary derejeli formasyndan aşakdaky derejä, çylşyrymlydan ýönekeýe geçip bolmaýanlygydyr. Bu bolsa her bir täze ösüş etapy geçmişiň barlyklaryny sintezleşdirip, ösüşiň has ýokary derejesiniň bolmagyna esas döredýär diýildigidir. Ýöne şeýle pikir ýöretmeleri we pikir netijesini tükeniksiz Älem üçin ösüşiň diňe şu liniýasy (ugry, ýoly) mydamalaýyn diýip tassyklamak bolmaz, sebäbi, ähli zatlara öňe gidijilik, öňe tarap okgunly, mydama ilerlemek (postupatelnyý) häsiýeti bermek, elbetde, dogry däldir. Käbir düzüm ýa-da düzümiň elementleri üçin ösüş ýokary galyjylyk häsiýet görnüşinde bolman hem biler. Şonuň üçin “ilerleýji”, “ýokary göterliş”, “ýokary galyjylyk” düşünjelerine ýüzleý garamak bolmaz. Bize mälim bolşuna görä, her bir ösüş garşylyklar, gapma-garşylyklar bilen çözülýär. Elbetde, her bir soňky forma ösüşiň öňe gidiş ugry, ýoly bilen bolýar, ýöne şonuň ýaly hem özüniň inkär edilmegine alyp barýar. Ösüşiň käbir liniýasy (ugry) öňe, ýokarlygyna däl-de ösüşiň soňlaýyş ýagdaýyna getirýär. Netijede ösüşiň käbir pursatynda

regres döreýär, ýagny progres (“wspýat”), yza gidiş ýagdaýyna gelýär. Şol sebäpden öňe gidişlik, yzygiderlik düşünjelerine birtaraplaýyn garamak dogry däl, ösüşiň özi gyşarmak, (“öňe hem yza gidiş”) häsiýetde bolýar. Muny has hem jemgyýetçilik durmuşynda aýdyň görmek bolýar (häzirki zaman krizisi).

Diýmek, her bir predmetleriň düzümine, her bir görnüşe degişli özüniň aýratyn inkär ediş häsiýetiniň bolýandygyny berk bellemek gerek.

Durmuşyň dürli ugurlarynda, dürli hadysalarda bolup geçýän ösüş hemme ýagdaýda, her bir şertde birmeňzeş bolup geçmeýär (meselem: döremeklik soňra başga bir zada öwrülmeklik, dogmaklyk- ýaşamaklyk- ölmeklik:, ösmeklik-togtamaklyk:, döremeklik-ýitip gitmeklik we ş.m. (haýwanat, ösümlik dünýäsinde)

Diýmek, inkär etmäni inkär etme kanuny, zadyň hereketi bilen onuň dowamlylygyny saklaýan, ýagny inkär edilýän bilen inkär edýäniň arasyndaky baglanyşygy görkezýän, ösüşiň şerti hökmünde öňküden durmuşa ukyply ähli položitel mazmuny saklap, geçmişden käbir ýokary derejeli häsiýetler esasda ösüşiň ugruny we ýokary galyş  häsiýetini şertlendirýär.

## Adam we onuň dünýädäki orny

## 7-nji sapak

**1. Filosofiýada adam  meselesine özboluşly garaýyş.**

**2. Adam we adamzat. Häzirki zaman adamsyna degişli alamatlar**

**3. Adam we şahsyýet. Şahsyýet we onuň ösüşindäki meseleler.**

Häzirki zaman ylmynda adam barada, onuň düýp manysyny beýan etmek, şahsyýetiň häsiýetlerini ýüze çykarmak şu günki döwrüň dünýägaraýşynda möhüm bir mesele bolup durýar. Bu mesele adamzadyň häzirki zaman jemgyýetinde, düýpli hem özboluşly gumanizasiýa prosesiniň bolup geçýän döwründe uly ähmiýete eýedir. Hakykatdan hem häzirki zaman döwre gumanizasiýa döwri diýip aýtmak ýerliklidir. Ynsana bolan garaýyşda, onuň mertebesine sarpa goýmak, onuň jemgyýetde kesgitleýji sosial güýçdügine düşünmek möhüm mesele. Durmuşda adam kim diýen soraga jogap berlende, ilki bilen "adam" düşünjesine analiz bermek, özi hem oňa "adam" düşünjesi bilen "şahsyýet" düşünjesiniň arasyndaky tapawudy ýüze çykarmak esasda seredilse, onuň ähmiýeti has ýokary bolar. Bu düşünjeler bir toparyň, bir ulgamyň düşünjeleri bolýan hem bolsa, olar bir meňzeş, deň derejeli düşünjeler däldir. Adam bir tarapdan tebigatyň bir bölegi, ikinji bir tarapdan sosial zat, jemgyýetde sosial indiwid, jemgyýetiň anyk agzasy. "Şahsyýet" düşünjesi adamyň, esasan, sosial mazmunyny şöhlelendirýär. Bu ýerde şahsyýetiň jemgyýetdäki düýpli sosial manysy görkezilýär we ol aslynda jemgyýet bilen bile ösýär.

Adam - bu tebigy (biologiki) we jemgyýetçilik (sosial) taýdan bir bitewülik. Şu ýerde bir häsiýetiň başga bir häsiýetsiz bolup bilmejekdigini görkezmek zerur. Adam biologiki zat hökmünde janly jandar bolmak bilen , ýagny ol dogulýar, özüne iýmit gerekdigini duýýar, näsaglaýar, nesli dowam etdirýär, ölýär we ş.m. Şonuň üçin hem onuň gyzylganly, sakalynyň-saçynyň bolmagy ony entek adam derejesine götermeýär. Diňe, onuň genetiki we sosial maksatnamalary oňa doly baha berýär we häsiýetlendirýär. Hakyky filosofiýa, paýhasnama adamyň düýp manysyny açyp görkezende, arassa biologik ýa-da arassa

sosial taýdan çemeleşmäni ykrar etmän, olaryň ikisiniň bir bitewiligini ykrar edýär.

Her bir adamyň biologik tarapyna üns bersek, onda adamy haýwanlar bilen ýakynlaşdyrýan biologik häsiýeti boýunça hem ol täze biologik organizm bolmak bilen beýleki jandarlardan tapawutlanýandygyna göz ýetirýäris. Şunlukda, onuň biologiki taýdan hem birnäçe tapawutlyklarynyň barlygy ýüze çykýar. Olardan: adamyň anatomiki taýdan tapawudy, daş-töweregini özüniň görüşi, onuň duýgusy; eliniň we barmaklarynyň başarnygy; giňişlikde gowy orientir almagy; beýnisiniň ulylygy we beýniniň çylşyrymly nerwlerden bolan düzümi; sesiniň çylşyrymly mehanizimi; sözleyiş ukyby; onuň pikirlenmesi we ş.m. adamyň özboluşly täze biologiki organizmdigini görýäris, hat-da onuň sosial mazmunyna seretmezden, garamazdan hem.

“Adam” düşünjesini kesgitlemekde, onuň düýp manysyny açyp görkezmekde we oňa degişli bolan häsiýetleriň düzüminde esasy hem kesgitleýji orun adamyň zähmetine bagly bolup, onuň zähmet döredijiligine degişlidir. Adam düşünjesiniň düýp manysy barada pikir ýöredilende, adamyň kesgitleýji alamaty döredijilikli zähmetidigini, ýeri gelende bolsa adam üçin zähmetiň ölçeg hökmünde kesgitleýji bolýandygyny ykrar etmeli. Adam zähmetiniň köpçülikleýin, sosial mazmunyny esas edip, onuň zähmetini kesgitleýji hökmünde almaly. Adamyň zähmeti ilkibaşdan köpçülikleýin-sosial mazmunda bolýar. Adam özüniň zähmet işjeňligi bilen tebigaty, jemgyýeti we hut özi-özüni üýtgedýär. Adam özüniň döredijilikli zähmeti bilen, özünde täze, sosial alamatlary: adam pikirlenmesini we pikirlenmäniň ösüşini, sözleýiş hem-de dürli beýleki adamlar arasyndaky arabaglanşygy, adamlaryň möhüm ýaşaýyş düzgünlerini döredýär hem-de olary durmuşa girizýär.

Adamyň sosial faktorynyň düzüminde, öň belleýşimiz ýaly, onuň zähmeti düýpli we kesgitleýji orna eýe bolýar. Ýöne adamyň düýp manysy, onuň döredijilik işi bilen bir hatarda, onuň ähli beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumy bilen adam öz beýanyny ýüze çykarýar.

Häzirki zaman adamsy üçin negatiw (ýaramaz), otrisatel gatnaşyklaryň aýrylyp gitmegi barada aladalanmaly. Ýagşylyk adam üçin iň oňat dermandyr. Ýaramazlyk ýene-de ýaramazlygy döredýär. Her bir adam beýleki adamda gowulygy görmeli, oňa elinden gelen kömegi bermeli. Adalatly ýaşamaklyk, açyk göwünli bolmaklyk, adamyny bagtly durmuşa çagyrmaklyk, bu diňe bir ýaşaýşyň manysy bolman, ol ölümiň öňüni almagyň möhüm bir şertidir.

Adamzat düşünjesine teswirleme bermek üçin her bir adamyň kimligine, onuň jemgyýetde, durmuşda, köpçülikde nähili orun tutýandygyna düşünmegimiz gerek. Biz ilki bilen her bir adamynyň bir bütewiligiň bölegidigine düşünmeli. Bu bütewilik bolsa adamzatdyr. Elbetde, adamzat kim diýen soraga jogap tapmaly. Bu barada oňa ilki-ilkiler jogap berlende, “Yerde ýaşaýan adamlaryň” toplumyna “adamzat” diýilýär diýip ulanylypdyr. Häzirki döwürde bu düşünjä goşmaçalar girizilip, adamzat adamlaryň taryhy umumylygy bolmak bilen, dürli halklar we ýurtlar arasynda bar bolan ykdysady, habar beriji serişdeleriň, medeni we syýasy baglanyşyklaryň barlygyndan dörän adamlaryň umumylygydyr diýilip kesgitlenilýär. Elbetde, bu ýerde ýene-de ýer togalagynyň ähli adamlarynyň bitewiligi göz öňünde tutulýar, ýöne olaryň hemmesi üçin global meseleleriň döreýändigini unutmaly däl. Adamzat umumylygynyň ýa-da adamlaryň taryhy umumylygynyň has birleşmegi üçin adamzadyň öňünde döreýän ykbal kesgitleýji meseleleriniň çözgüdini tapmaklyk, häzirki zaman adamlary üçin adamzat bilen bagly bolan, negatiw

ýagdaýlaryň öňüni almak meselesi esasy bolup durýar (uruş we parahatçylyk, atmosfera we daşky gurşawy goramak we ş.m).

Häzirki döwrüň iň bir gaýragoýulmasyz meseleler toplumynyň biri hem halklar arasyndaky ynsanperwerlik prinsipini ýokarlandyrmak we ony ýokary derejede saklamaklykdyr. Adamlar we ýurtlar arasynda: deňlik, özbaşdaklyk, erkinlik, birek-biregiň işine goşulmazlyk, parahatçylygy goramak, demokratik prinsiplerini has ýokarlandyrmaklyk we beýlekiler häzirki zamanyň gaýragoýulmaz zerury meselesidir.

Ynha, şeýle meseleleriň çözgüdini tapmak "adam" we "adamzat" düşünjeriniň has ýokary derejedäki "adam" we "adamzat" düşünjeleri üçin, olaryň doly mazmunyny beýan etmek üçin zerurlyk bolup durýar.

Adama we adamzada degişli maddy baýlyklar baradaky içki we daşky meseleleriň has giňişleýin beýan edilmegi hem gerek. Adamzat üçin, adamlaryň asuda, abadan, parahat ýaşamaklary üçin, dünýäde adamlar arasyndaky deňagramlylygy saklamakda ýurt baýlyklarynyň orny bimöçberdir.

Çünki, adam geljekde jemgyýeti ýokary derejä galdyrmakda kesgitleýji sosial güýçdür. Adam faktory jemgyýetde möhüm orna eýedir. Adamzat dünýäsiniň abat bolmagy üçin dörän global meseleleriň bütindünýä derejesinde çözgüdiniň tapylmagy, onuň tiz we çalt çözülmegi şu günki günüň öňde durýan iň bir zerury meselesidir. Bu mesele tebigatyň hem-de jemgyýetiň kanunlaryna we kanunalaýyklygyna esaslanyp çözülende, tebigat hem jemgyýet ejir çekmezden öz ýaşaýşyny abadanlykda dowam eder.

"Adam" we "adamzat" düşünjeleri baradaky filosofik dünýägaraýyşda "şahsyýet" düşünjesi möhüm orny eýeleýär. Jemgyýetiň durmuşynda "şahsyýet" iň bir çylşyrymly sosial organizm bolmak bilen, şahsyýetiň durmuşda tutýan ornuna ylmy dünýägaraýyşda has giňişleýin garamaly. "Şahsyýet"

düşunjesiniň many-mazmunyna düşünmek üçin ony “şahsyýet” we “jemgyýet” düşünjeleriniň birliginde, olaryň özara baglanyşygynda we gatnyşygynda seredilmegi kanunydyr. Şahsyýet-subýekt hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň önümi - diýip aýtmak bolar. Elbetde, jemgyýetiň ösüş taryhynda “jemgyýet” we “şahsyýet” düşünjeleri barada ylmy taýdan birmeňzeş ylmy garaýyş bolmandyr. Onuň şeýledigini taryhy geçmişe ser salanymyzda hem görmek bolýar. Bu mesele boýunça fransuz materialisti Celwesiý **Klod Adrian** (**1715-1771ý**) şeýle teswirleýär, ýagny jemgyýet bu diňe adamlaryň aýry-aýry ýygyndysydyr. Bu pikiri goldap filosof we hukukçy Bentam Jeremiýa (**1748-1832ý**) jemgyýet bu fiktiw (hasaba almak, bellige almak) bitewilik, şahsy (indiwidlerden) adamlardan duran bitewiligiň, guramanyň agzalary - diýip kesgitleýär. Jemgyýetiň islegi hakynda gürrüň edeňde bolsa, ol oňa degişli aýry-aýry agzalaryň islegleridir - diýip belleýär. “Şahsyýet” düşünjesi barada gürrüň edilende aýry-aýry adamlaryň birleşmesindäki, bilelikdäki pikirine goşulyşýanlaryň agzalary bilen gönüden-göni ýa-da sowa baglylykda bolýar. Biogenetiki, sosial faktorlar (gurşaw, şertler, düzgünler) hem-de onuň psihosional özeni bolan “meni” şahsyýetiň tapawutlandyryjysydyr.

“Şahsyýet” bilen “şahsy” hususy (indiwidual) düşünjeler biri-biri bilen baglanyşykly bolsa hem “indiwid” – özüniň hususy, şahsy aýratynlyklary bilen, ýeke-täk öz häsiýeti bilen beýlekilerden tapawutlanýar. Ol öz isleglerini köpçüligiň islegine garşy goýýar, onuň döreýşi hem şahsy we hususy eýeçiligiň düýp manysy bilen baglydyr. Bu düşünje latyn sözi bolup, **individuus**-bölünmeýän, bölüşmeýän diýen manylary aňladýar. Marksistik filosofiýany esaslandyryjy K. Marks indiwid-bu jemgyýetçilik hadysa diýip belleýär.

Emma “şahsyýet” düşünjesi adamyň özüniň sosial hem-de şahsy häsiýetleri bilen şertlendirilýär, ol häsiýetleriň birliginde

seredilýär we onuň intellektuwallygy-akyly, paýhasy, sowatlylygy, medeniýetliligi we ş.m., sypatlary hem-de emosional-ruhy taýdan başdan geçirmeleri, ýagny ýigrenç, gynanç, erki bilen öz isleg arzuwlaryny, öňde goýýan maksadyny amal etmek, saglygy üçin belli bir wagtda iýip-içmek, ýatyp-turmak, ol ýa-da beýleki arzuw-isleglerini ýerine ýetirmek, amal etmek-bularyň ählisi şahsyýetiň many-mazmunyny beýan edýär.

Diýmek, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumy adamy şahsyýet derejesine çykarýar. Şahsyýet adamyň, şahsy görnüşi bolup, ol özüniň sosial häsiýetleri esasynda anyk taryhy işi hem jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen kesgitlenilýär. Köplenç edebiýatlarda şahsyýetiň alamatlary gaty adalatly edilip görkezilýär, ýagny şahsyýet jemgyýetçilik taýdan ösen adam, özüniň jogapkärligini duýýan, maşgalasynyň, dostlarynyň, öz halkynyň ykbalyna jogapkärli garaýan adam hökmünde şöhlelendirilýär.

Şahsyýetiň funksional işi (ýerine ýetiren işi, durmuşdaky sosial roly) onuň jemgyýetde özüni alyp barşy, bilen şertlendirilýär. Ýöne sosial durmuşda her bir adam birgiden hyzmatlary ýerine ýetirýär: ol kimdir biriniň ogly, ol kimdir biriniň kakasy (gulak asyjy ogul ýa-da diýeni ýerine ýetirmeýän, alada edýän ýa-da alada etmeýän kaka), (ähli ukyby bilen okaýan talyp ýa-da ähli ukybu bilen okamaýan talyp, belli bir ugur bilen gyzyklanýan ýa-da gyzyklanmaýan talyp, sport, çeper höwesjeňleriň işine gatnaşýan we gatnaşmaýan talyp we ş.m)

Adam jemgyýetçilik durmuşynda diňe bir işi ýerine ýetirme bilen çäklenmeýär. Yetginjek, özüne kär saýlamak, aňly-düşünjeli, akylly-başly  bolmak ýaly häsiýetleri özünde kemala getirýär. Ol özbaşdak zähmet döredijiligine başlamak bilen bolýar. Şahsyýetiň özüni durmuşa uýgunlaşdyrmagy onuň üçin zerurlykdyr. Elbetde jemgyýet şahsyýetiň  durmuşda özüne orun

tapmagy üçin ähli mümkinçilikleri döredýär. Ýöne, köp zat şahsyýetiň özüne bagly.

Häzirki zaman şahsyýeti baradaky mesele has giňdir, bu barada täze döwür bilen bagly düýpli ylmy pikirleri öňe çykarmaly. Şahsyýet, indiwid, adam, adamzat düşünjeleriniň filosifik many- mazmunyny hemme taraplaýyn teswirlemeli.

Hakykatdan-da, şahsyýetiň işjeňliginde durmuşda özüňi alyp barmaklygyň jemgyýet tarapyndan kabul edilen düzgünleri uly ähmiýete eýedir. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletinde adam üçin, adamzat üçin, şahsyýet üçin, şahsyýetiň ösmegi üçin döwlet tarapyndan ynsanperwerligiň ähli şertleri döredilendir. Biziň döwletimizde her bir adama şeýle hem şahsyýete öz başarnygyny, ukybyny durmuşda ulanmak üçin doly şert bar. Täze Galkynyş eýýamynda “Döwlet adam üçindir” diýen parasatly pähim jemgyýetiň ideýalogiýasyna öwrülmegi bilen, her bir şahsyýete kämilleşmäge giň ýol açylýar. Diýmek, jemgyýetde öz ornuňy tapmaklyk diňe şahsyýete bagly.

Jemgyýetiň syýasy, ykdysady, sosial-durmuş we ruhy-medeni ugurlarynyň her birinde şu günki türkmen we türkmenistanly üçin şahsyýetiň öz ukybyna görä döwrebap, ýagny, Beýik Galkynyş eýýamyna mynasyp şahsyýet bolup ýaşamaga ähli şertler bardyr we olaryň her birine döwrebap ýaşamak borçdur-parzdyr.

Şunlukda, adam jemgyýetçilik taryhy prosesde, jemgyýetiň subýekti bolmak bilen, ol dünýä derejesinde maddy we ruhy medeni baýlyklary ösdürijidir. Adam biososial hadysadyr, onuň esasy häsiýetleriniň biri hem zähmet gurallaryny döredýänligindedir we kämilleşdirýänligindedir. Adamyň pikiri, aňy, ahlak normalary, psihiki duýgurlary we ş.m. ony beýleki janly organizmlerden düýpli tapawutlandyrýar.

Şahsyýet-adamynyň sosial sypatlarynyň toplumyny özünde jemleýän jemgyýetiň has ýokary derejedäki agzasydyr.

Häzirki zaman filosofik dünýägaraýyşda “adam”, “adamzat”, “şahsyýet”, “indiwid”, “şahs” düşünjeleriniň hemme taraplaýyn many-mazmunynyň açylyp görkezilmegi gerekdir.

Meselem, “indiwid”, “şahs” bolmak gaýtalanmazlyk, öýkünmezlik, özgäň ornuna we derisine girmezlikdir, ýasama hem emeli bolmazlykdyr.

Özüňi gözle, özüňi tap. Özüňi gözlemek, özüňi tapmaklygyň gerek, onuň üçin örän köp azap çekmek we pikirlenmek zerur.

## Ruh, aň we paýhas

## 8-nji sapak

**1. Ruh hakynda umumy düşünje. Jan we ten, olaryň birligi. Ruh we ruhy gymmatlyklar.**

**2. Aň we onuň düýp manysy. Aňyň kesgitlenilişi.**

**3. Dil adamlar arasyndaky aragatnaşyk serişdesidir. Nyşanlar -belgiler düzümi.**

Adam dünýäniň zatlarynyň düzüminde iň bir ýokary nygmaty eýeleýän janly organizmdir. Ol pikirlenip bilýän we özüniň aňy we oý-pikiri bilen daş-töweregini, şeýle hem özüni özgerdip, üýtgedip bilýär.

Adam aňy, adam aňynyň syrlary baradaky pikirler gadymyýetde alymlary, akyldarlary, bilimdarlary birahatlandyryp gelipdir. Dünýäniň iň güýçli, ýokary derejeli akyldarlary hem aňyň tebigatyna, onuň düýp manysyna ýetmeklige çalşypdyrlar. Janly däl dünýäden nähili edip adamlar, adamzat ýaly janly dünýä döräpdir? Munda hem aň näme? Aňyň gurluşy, onuň ýerine ýetirýän işi (funksiýasy), şonuň ýaly hem duýmaklykdan, kabul etmeklikden pikire we pikirlenmä geçişiň mehanizmi, anyk-ten duýgularyndan teoretiki paýhasa geçişde adam aňynyň

mehanizmi bolan adam beýnisinde bu bolup geçiş prosesi nähili ýagdaýda amala aşýar? - diýen soraglar döräpdir.

Bu soraglara ilki bilen diniň we idealizmiň wekilleri öz garaýyşlary, düşündirişleri, olaryň manysy baradaky pikirleri bilen obýektiw dünýä düşündiriş bermäge synanyşypdyrlar. Gadymy grek filosofy Eflatun-Platon (427-347b.eý.öň.) ruh babatynda örän özboluşly pikirleri aýdypdyr. Ol ilki bilen özüniň tarapyndan edilen näsazlyklar üçin dünýäde jeza beriljekdigini belläp geçýär. Ol ruhuň meseleleri boýunça ilki bilen ruhuň özözlügindäki hereketi, onuň hudaýlaryň ruhundan daşgary adam ruhuna degişli 9 görnüşi barada öz pikirini beýan edýär we olary şu aşakdaky görnüşde görkezýär.

1) akyldarlaryň ruhy;
2) patyşalaryň ruhy;
3) praktiki döredijileriň ruhy;
4) lukmançylyk ruhy-adamyň teni bilen bagly;
5) ýazyjylaryň ryhy;
6) şahyrlaryň ruhy;
7) suratçylaryň ruhy;
8) senetçiniň ruhy;
9) ýigrenji döwlet dolandyryjy ýolbaşçynyň-basyp alyjynyň ruhy, şeýle hem şol ýerde jandarlaryň ruhy diýip hem belleýär.

Nemes filosofy Gegel (1770-1831ý) adamda ruh söz, sözleýiş, dil görnüşinde oýanýar, soňra ol pikirlenmä söz görnüşine geçýär diýýär. Gegeliň tassyklamagyna görä, ruh “özözlüginde”, “obýektiw ruh”. Olar mydama hereket edýärler. Ol ruhuň hereketini şeýle shema salýar, ýagny şeýle shema düzýär. “Tezis”- “antitezis”-“sintez”. Bular Gegeliň pikirine görä gaýtalanyp durýar.

Dini dünýägaraýyş boýunça ruh-ten ýagny jan we ten birlikde, bir bitewilikde ýaşaýar, ýöne ten gurpdan gaçansoň, hereket haýallap, soňky derejesinde jan teni taşlaýar we jan-ruh ten-

den çykýar. Bu ýaşaýyşdaky gudratdyr, adam hudaý tarapyndyr. Adam bilen baglanyşykly bolan ten we ruh meselesinde şeýle pikirleri peýdalanmak ýerliklidir, ýagny bir zadyň täzeden jana gelip, täzeden döreýşi-dogluşy ýaly, atalarymyzyň ruhy biziň durmuşymyzda direlýär. Ruh-ruhdan, jan-jandan döräpdir, ruh-ruhda-da gaýtadan döreýär. Bu zeýilli pikir gadymy grek alymy Eflatun-Platon hem ykrar edýär.

Ruhuň elbetde, iki manyda, ýagny jan hem aň manysynda ulanylmagy ýerliklidir. Ruh jan manysynda täzeden döreýän ten üçin zerurlyk, şeýle hem ruh aň manysynda ata-babalaryň ruhunyň nesilden-nesle geçmegi hem kanunalaýyklaýyndyr, ýöne ol bir durkunda durmaýar, ösýär, özgerýär we täzelenýär, ýuwaş-ýuwaşdan milli häsiýetleriň iň ýokary derejä ýetmegi netijesinde milli häsiýetler umumyadamzat häsiýetine geçip biler, ýöne bu prosese ýönekeý, sada zat hökmünde garamak bolmaz. Çünki milli ruhuň-aňyň umumyadamzat derejesine galmagy, milli ruhuň umumyadamzat ruhuna-aňyna geçdigi bolýar. Bu proses geljegiň durmuş kanunydyr. Adamzat üçin şeýle bitewilik ýagdaýa gelmeklik örän çylşyrymly we dowamly prosesdir. Hakykatdan-da, türkmeniň täze Galkynyş eýýamyny göz öňüne getirsek, şol prosesiň häsiýetleriniň döreýşinde türkmen jemgyýetindäki özgerişler we ösüşler umumyadamzat gymmatlyklaryny özünde jemleýär diýen pikiri öňe sürmäge hakymyz bardyr. Biziň ýurdumyzda bar bolan “Açyk gapylar syýasaty”, türkmeniň baky Bitaraplygy, ”Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi” baradaky ýörelgeler hakykatdan hem diňe bir türkmen durmuşynda parahatçylygy, abadançylygy, asudalygy, agzybirligi, ynsanperwerligi aňlatmak bilen çäklenmän, dünýäniň beýleki ýurtlary üçin hem umumyadamzat ýaşaýşynyň nusgasydyr.

Her bir milli ruhuň özüniň ösüşiniň kanunalaýyklygy bar, ol hem ilki bilen her bir milletiň ruhy dünýäsini joşdurýan, durmuşa

höwes döredýän onuň asylly aňyrsy-ata-babalary bar we olaryň ruhy-aňy ýatyr. Her bir milletiň öz milletine, diline, dinine, tebigatyna, aýdymyna, sazyna, maşgalasyna, milli durmuşyna özboluşly milli halal däp-dessuryna bolan söýgüsi bar.

Türkmen milletiniň, türkmen adamsynyň hakydasynda Oguzhan nesilbaşymyzyň, Gorkut ata türkmeniň, Görogly beg türkmeniň, Magtymguly danamyzyň ýaşaýan ruhy meýdany ýatyr.

Bu prosesiň özi, birinjiden, milli ruhuň-aňyň ösmegidir, kämilleşmegidir, ikinjiden, beýleki milli ruhlar bilen deňeşdirmek we aýratynlygyny ýüze çykarmak üçin zerurdyr, üçünjiden, belläp geçişimiz ýaly, milli ruhuň-aňyň umumyadamzat ruhuna-aňyna geçmekliginde möhüm faktordyr.

Her bir halkyň ruhy dünýäsinde mydama onuň arzuwy; ýagny göwnüniň galkynyp durmagy, adamyň dünýäde mydama umyt bilen ýaşamagy, şol umydyna ýetjegini bilmegi, Watanyna, halkyna adalata ynanmagy, özüniň isleg-arzuwlarynyň kanagatlandyryljagyny bilmegi - bu zatlaryň hemmesi umumyadamzat dünýägaraýşynyň özeninde durýar.

Älemiň ähli halkyýetleri, milletleri, halklary, ýurtlary, döwletleri bileleşige, doganlaşyga, dostlaşyga, abadanlyga, parahatlyga ymtylýar. Durmuşyň dünýä derejesindäki ýoly hakykata, adalata, parahatlyga, erkin zähmete barýar. Durmuşyň mazmuny döretmekden, agtarmakdan, gözlemekden, gurmakdan ybarat. Umumyadamzat ruhunyň-aňynyň bu meseleleriň çözgüdini tapmaga häzirki zaman dünýäsinde diýseň uly hem bimöçber mümkinçiligi bar. Belki, Alla, adamzadyň geljek ýoly şoňa gönüksin!.

Bütin Älem, adamzat şeýle ýaşaýşa ukyply, döredijilik häsiýete eýe bolan umumadamzat aňynyň döremegine barýar. Bu bolsa adamzadyň geljeginiň many-mazmunydyr.

Adam ruhy bilen onuň aňynyň biri-birinden tapawutly bolýandygyna düşünmegimiz gerek.

Ten-jan, jan-ruh, ruh-aň bular biri-biri bilen baglanyşykda bolýan hem bolsa, olaryň arasynda düýpli tapawut saklanýar. Biziň şu tema boýnça esasy meselämiz: aň we onuň döreýşi, aňyň funksiýasy, aň we sözleýiş, aň we pikirlenme, aň we häzirki zaman tilsimaty.

Adam aňyna bolan dürli garaýyşlaryň biri hem materialistik garaýyşdyr. Aň adam beýnisiniň işidir. Aňyň düýp manysy işjeň hem hakykaty maksadalaýyklaýyn derejede şöhlenendirmekdir. Bu meseläni oňyn çözmek üçin, örän köp zähmet siňdirmeli bolýar. Materialistik akymyň wekilleriniň käbirleri kynçylykly ýagdaýlara düşüp, aňa materianyň atributy hökmünde garapdyrlar. Beýleki bir topar materialistler aň diňe iň ýokary derejedäki materianyň gurluşyna degişli diýip – tassyklaýarlar. Aň adam beýnisiniň işi, özi hem sosial durmuş bilen baglanyşykdaky işi diýen pikiri öňe sürýärler.

Dialektiki materialistik topar bu meselede şöhlelenme prinsipine esaslanýar. Adam beýnisi obýektleri duýmak, kabul etmek, göz öňüne getirmek, ol bir tarapdan, başga bir tarapdan, pikirlenmäniň formalary bolan düşünje, pikir ýöretme, pikir netijesi ýaly pikirlenmäniň formalary bilen iş salyşýar – diýip tassyklaýarlar.

Adam aňy onuň zähmeti netijesinde, jemgyýetde sosial gatnaşyklarynyň hem-de özara pikir alyşmalaryň netijesinde döreýär. Adam beýnisi örän çylşyrymly apparat bolup, ol örän köp nerw öýjüklerinden düzülendir. Adam beýnisi 15 milliard öýjüklerden durýar. Olar biri-biri bilen örän ýakyn baglanyşykda bolýar.

Daşky dünýä bilen adam organizminiň arasyndaky, adam organizminiň özara bölekleri bilen baglanyşygy refleksleriň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Adam beýnisiniň işi barada rus alymlary Seçenow, Pawlow we beýlekiler uly iş edipdirler. Materialistik dünýägaraýşa görä, olar fiziologik häsiýet bilen psihiki häsiýetiň birligini ykrar edip, olaryň birligini tassyklaýarlar. "Adam beýnisi pikiriň organydyr" - diýen pikir gadymyýetiň jümmüşinde ýüze çykyp, ol häzirki döwürde ylymda ymykly orna eýe boldy.

Duýgy organlary: ***görüş, eşidiş, ys alyş, tagam hem-de ten taýdan duýmak (syzmak, syzyş) .***

Obýektiw dünýäniň subýektiw obrazy aňdyr. Aň arkaly obýektiň, dünýäniň subýektiw obrazy görkezilýär. Bu pikir ýöretmelere görä dünýäniň zatlarynyň şöhlelenmesi real hakykatdyr. Ol barlykdyr, ol pikirlenmäniň formalary arkaly şöhlelenýär. Elbetde, obýekt hem, subýekt hem barlyk. Pikir hem aň hem barlyk. Ýöne obýektiw reallyk däl-de, subýektiw ideallykdyr. Adam aňy dünýäniň zatlaryny şöhlelendirmäge gönükdirilendir. Şol zerarly akyl ýetirme dünýä zatlaryny şöhlelendirmekde subýektiň döredijilik işidir. Adam- akyl ýetirişiň subýekti.

Psihika we aň birmeňzeş ýa-da bir zat däl, sebäbi psihika aňdan giň düşünje, psihika hat-da haýwanlarda hem bar. Psihiki durmuş ýaňy doglan çagada hem bar, emma onuň heniz aňy ýokdur.

Aň giden bir tutuş düzümi aňladyp, ol akyl ýetiriş we emosional-erk taraplary özüne birleşdirýär. Aň adamyň ösüşinde onuň şahsyýet bolup ýetişmeginiň şertidir. Hakykatdan hem adamyň idealy (grek sözi-onuň pikirlenmesiniň we işiniň usuly), borçlary, özüni alyp baryş motiwi (ugry) bularyň hemmesi şahsyýet üçin esasy şertlerdir.

Adam aňynyň ilkinjisi ten duýgusydyr – duýmakdyr. Duýmaklygyň üsti bilen obýekt bilen subýektiň arasyndaky gös-göni baglanyşyk amala aşyrylýar. Duýmaklyk zatlaryň, hadysalaryň aýratyn häsiýetleriniň şöhlelenmesidir.

Bu janly syzmaklykda, duýguda zadyň häsiýetiniň onda-da onuň hil tarapynyň şöhlelenmesidir. Zadyň ol we beýleki tarapy barada gürrüň edenimizde duýmaklykda biz, onuň hil tarapy boýunça duýanlarymyz hakda söz açýarys. Sebäbi biz onuň ”gyzyl”, ”gök”, “süýji”, “talh” we ş.m.hil tarapyny duýýarys.

Adama duýmaklyk häsiýeti mahsus, eger-de adamda duýmaklyk mümkinçiligi ýitse, onda adamyň aňynyň ýitmegine getirip biler we ol aňyny ýitirip biler.

Adam duýmaklyk bilen zadyň aýratyn häsiýetini şöhlelendirýär. Ýöne predmet, zat, hadysa bir giden dürli häsiýetleri özünde jemleýär. Adamyň öňünde olara tutuşlaýyn zat görnüşinde garamak meselesi ýüze çykýar we zada degişli toplumlaýyn  häsiýetleri bilmeklik meselesi döreýär, ine bu işi bolsa adamyň akyl ýetiriş prosesinde ten duýgusynyň görnüşi bolan kabul etmeklik (wospriýatiýa) ýerine ýetirýär. Diýmek, kabul etmeklik zadyň bilinmegidir. Adam kabul etmek arkaly zadyň manysyny, düýp manysyny pikirinde aýlamak bilen, hatda onuň häsiýetlerini we gatnaşyklaryny hem ünsden düşürmän, oňa akyl ýetirip bilýär. Ýöne, kabul etmeklik adamyň bilim derejesiniň ýokarylygyny hem-de onuň ol zada bolan höwesiniň bolmagyny talap edýär.

Ten duýgularynyň üsti bilen zatlara akyl ýetirmeklik diňe duýmak we kabul etmeklik bilen çäklenmeýär.Ten duýgularynyň iň ýokary formasy ol hem ***göz öňüne getirmedir.*** Göz öňüne getirme obýektiň obrazynyň bilinmegidir. Ol geçmişde kabul edilen zat, hadysa bolup, şu mahal, şu pursatda onuň bolmadyk, ýok halyndaky aňladylmasydyr. Göz öňüne getirme zadyň daşky görnüşiniň täsiriniň ýatda galan obrazynyň dikeldilmegidir. Meselem; geçen Gurban baýramynyň geçirilişi, täze ýyl baýramynyň dabarasy we ş.m.

Zadyň obrazynyň döredilmeginde adam aňy diňe bir öňki kabul eden zadyny göz öňüne getirmek bilen çäklenmeýär. Adam özüniň döredijilik mümkinçilikleri bilen her bir zadyň obrazyny

aňynda döredip bilýär. Adam aňynda göz öňüne getirmäniň iň ýokary formasy zady pikirde döretmekdir, fantaziýa arkaly hyýalda döretmekdir.

Göz öňüne getirme ten duýgularynyň iň ýokary formasydyr. Onuň beýleki ten duýgularynyň formasyndan esasy artykmaçlygy pikirlenmä has ýakynlygyndadyr, pikirlenmä alyp barýandygyndadyr. Bir tarapdan, göz öňüne getirme we pikirlenme dialektiki taýdan özara baglanyşykdadyr.

Adam özüniň tebigaty boýunça, jemgyýetçilik hadysasydyr. Taryhy taýdan adam pikirlenmäniň kadalaryny, hukuk normalaryny, ahlagy, estetiki duýgulary döredipdir. Bular adamyň özüni alyp barşyny we adamy akylly-başly derejä ýetirmegi düzgünleşdirýär we belli bir ýaşaýyş obrazyny, onuň medeniýetini, psihologiýasyny emele getirýär.

Adam aňynyň başlangyç prinsipi, esasan aňyň, adamyň döredijilik işiniň we onuň praktiki durmuşynyň bir-biri bilen aýrylmaz özara baglanşygyndadyr.

Aň adam beýnisiniň funksiýasy bolýan hem bolsa, hakykaty aňlamaklygy adam beýnisi öz-özünden amal etmeýär, ony hakykatda taryhy sosial subýekt hökmünde adam özüniň subýektiw döredijilik işi bilen ýerine ýetirýär. Diýmek, beýniniň düýp manysyny diňe onuň anatomiýa-fizologik häsiýeti bilen açyp görkezmek ýeterlik däl. Aňyň döreýşini, funksiýasyny we onuň ösüşini diňe jemgyýetde, adamlaryň praktiki döredijilik işi esasynda bolýandygyny açyp görkezmek gerek.

Obýektiw dünýäniň bize täsirini ýetirmegi bilen onuň zatlary we hadysalary adam aňynda şöhlelenýär, ideal zada öwrülýär. Öz gezeginde aň ideal zat, ol adamyň praktiki işi bilen hakykata, reallyga-barlyga öwrülýär.

Adam aňynyň daşky dünýä işjeň döredijilik gatnaşygy özüniň özüne, şeýle hem adamyň sosial döredijilik işi bilen häsiýetlendirilýär. Aňyň işjeňligi adamyň daşky dünýäni maksadalaýyklaýyn, saýlap almak esasda şöhlelendirmegidir. Adam

aňy dünýäni aýnanyň ýüzünde ýaly görkezmeýär. Adam ony döredijilik taýdan üýtgedilen görnüşde öz aňynda aňlaýar. Adam aňy hakykatdan hem özüniň döredijilik häsiýetleri bilen bellidir, ol obrazlary döretmäge ukyplydyr, oňa öňden görüjilik häsiýet mahsusdyr.

Adam beýnisi şeýle gurlan, ýagny ol diňe kabul etmek bilen çäklenmän, ol informasiýalary (habarlary-maglumatlary) işläp, saklap hem-de şol esasda öz hereketiniň täze maksatnamalaryny düzüp bilýär. Adamyň hereketi mydama maksadynyň netijesine gönükdirilendir, belli bir maksada ýetmeklik bilen ol öz maksadyna ýetýär.

Maksadalaýyk, maksada gönükdirilen netijä ýetmek üçin adam belli bir serişdeleri ulanmak üsti bilen öňünde goýan maksadyna ýetýär. Adam heniz tebigatda bolmadyk şeýle bir zatlary döredýär. Ol onuň üçin dürli konstruksiýalary, tejribeleri ulanýar we özüne zerur bolan gerekli zatlary döredýär. Adam aňy diňe bir obýektiw dünýäni şöhlelendirmek bilen çäklenmän, ol täze zatlary döredýär, çünki dünýäde bar bolan zatlar adamy kanagatlandyrmaýar, ol öz öňünde tebigatyň zatlaryny üýtgetmeklik maksadyny goýýar.

Adam beýnisiniň hakykaty şöhlelendirip bilmek ukyby örän köpwagtlaýyn, uzakwagtlaýyn häsiýete eýe bolup, ol ýokary derejede guralan materiýanyň ösüşi bilen baglydyr.

Materiýanyň şöhlelenme häsiýetiniň bolmaklygy dünýäniň predmetleriniň we hadysalarynyň uniwersal taýdan özarabaglanyşykda we özara gatnaşykda bolýandyklary bilen şertlendirilendir. Zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň biri-birine täsir etmekleri ol we beýleki üýtgemelere getirýär, bu häsiýetleriň esasynda ondan belli bir yz galýar, ol “yzyň” kesgitliligi oňa täsir eden zadyň, hadysanyň aýratynlygy bilen aňladylýar.

Adaty ýagdaýda haýwanlaryň özlerini alyp barşynda instiniktiw hereket agdyklyk edýär. Olarda instinktiw gatnaşyklar nesilden-nesle geçýär. Haýwanlarda biologik ähmiýetli häsiýet

bar. (Meselem ,olaryň daş-töweregini gurşap alan zatlary tapawutlandyrmagy, iýmit bilen özüni kanagatlandyrmagy, howpdan sypmaklygy we ş. m.)

Adam aňynyň we sözleýşiniň döremegi tebigy ýaşaýyşdan medeni ýaşaýşa geçmekdir. Diýmek, adamzat täze durmuş ýaşaýyşyna geçmek esasda döräpdir. Haýwanlar bolsa daş-töweregine oriýentir etmek esasda ýaşaýar. Adam özüniň zähmeti netijesinde, onda sözleýiş serişdesi bolan dili döredýär. Diliň ýüze çykmagy adamlaryň arasyndaky aragatnaşyk serişdesiniň döremegine getirýär.

Aň we sözleýiş bular, bir bitewilik, ýöne olar dürli hadysalaryň içki garşylyklarynyň birligidir. Adam aňy hakykaty şöhlelendirýär, dil bolsa pikir, sözleýiş bilen baglanyşykly. Dil adamlar arasyndaky aragatnaşyk serişdesi bolmak bilen ol adamlar arasyndaky bar bolan bilimleri, duýgulary, pikirleri baglanyşdyryp, nesilden-nesle geçirýär.

Diliň üsti bilen kabul etmekden, göz öňüne getirmeden pikire, pikirlenmä geçilýär. Dil bilen aňy biri-birinden aýyrmak mümkin däl, olar bir zadyň iki tarapy, adam beýnisiniň işidir.

Diliň gudraty ýokary. Dil adam aňyna şeýle hem pikirlenmä täsir edýär. Elbetde, dilsiz pikirlenme ýaşap bilmez, şeýle hem pikir, ideýa dilden üzňelikde ýaşap bilmeýär.

Adam maglumatlary dil üsti bilen beýan etmekden daşgary dürli beýleki ýollar bilen hem maglumat berip biler. Tüsse oduň bardygynyň signaly, diýmek, tüsse çykýar - ot ýanýar. Ýöne, ol dürli şertli belgileri hem aňladyp biler, meselem, adamlar öň öz arasynda şertleşen bolsalar, tüssäniň döremegi "nahar taýýar" diýen maglumaty berip biler. Belgi aslynda maddy zat, proses, zady aňladyjy. Türkmenistanyň milli Baýdagyndaky bäş sany haly göli, ýarymaýyň nyşany, zeýtun agajynyň şahalary we beýlekiler maglumatlar toplumydyr.

Belgiler diňe bir dil üsti bilen däl-de, dürli beýleki belgiler üsti bilen hem bolup biler. Meselem: zadyň göçürmesi (kopiýasy), şekili surata düşürme, göçürme, fotografiýa, barmaklaryň yzy, haýwanlaryň we ösümlikleriň gazuw işlerindäki şekili, alamat görkeziji hökmünde buludyň bolmagy ýagynyň bolmagyna getirmegi, habar beriş belgisi-jaňyň kakylmagy, belgiler-simwollar türkmeniň milli Baýdagyndaky göller we ş.m.

Belgiler düzüminiň köpelmegi ylmyň ösüş talaby bilen bagly bolup biler. Ylymda ulanylýan simwollar, formulalar bularyň ählisi durmuşda uly ähmiýete eýedir.

## Akyl ýetiriş teoriýasy

## 9-njy sapak

**1. Dünýä akyl ýetirme nazaryýeti.**

**2. Akyl ýetirişde optimizm, skeptisizm we agnostisizm akymlary.**

Adamzat mydama täze zatlary bilmeklige çalşypdyr. Adam özüniň döredijilikli işinde akyly we paýhasy bilen älemiň zatlarynyň syryny bilmegi, zatlaryň düýp manysyna akyl ýetmekligi özüniň ýaşaýyş durmuşynda iň ýokary mertebe hasaplapdyr. Zadyň, barlygyň düýp manysyna ýetmeklige adamzat ençeme müňýyllyklaryň dowamynda synanyşyp gelipdir. Elbetde ol ilkibaşda zadyň ýönekeý häsiýetlerini bilmekden, soňra onuň çylşyrymly syrlaryna ýetmeklik baradaky pikir bilen ýaşapdyr. Bu mesele ilki bilen bolsa alymlaryň üns merkezinde bolupdyr. Bu ýolda örän köp açyşlar edilip, ol açyşlar tebigatyň we jemgyýetiň kanunlaryna, şeýle hem adamyň özüniň jemgyýetde tutýan ornuna degişli bolupdyr. Elbetde, bu ylmy açyşlar

jemgyýetiň ösüşi üçin zerurlyk bolupdyr. Bilim, bilmeklik, ylmy açyşlar önümçiligiň ösüşi hem-de sungatyň ýokary derejä galmagy üçin gerekligi zerarly bolup geçipdir.

Diýmek, akyl ýetiriş taryhy-sosial **determinirlenen determinare**-latyn sözi bolup **kesgitleýji** diýen manyny aňladýar) häsiýete eýe bolýar. Hakykatdan hem geçen nesliň işini dowam etmek üçin, ilki bilen adamzat tarapyndan gazanylan bilimi öwrenmek, soňra ony özüniň bilimi bilen deňeşdirmek we bu ylmy baýlygy nesilden-nesle **getirmeklik imperatiw-zerury**, hökmany bolup galypdyr.

Gadymy döwürden başlap adamzat üçin “bilmeklik näme”, “bilmekligiň nähili ýollary bar” diýlen soraglar mydama ýüze çykyp jogap talap edip durupdyr. Adamzat taryhynda her döwrüň akyldarlary filosoflary üçin, islese-islemese-de, akyl ýetiriş teoriýasyny döretmek we ony analiz etmeklik zerurlygy döräpdir.

Akyl ýetiriş teoriýasy ýa-da **gnoseologiýa (**grek sözi bolup **gnosis-bilim,bilmek akyl ýetirme** manylary aňladýar) filosofiýanyň döremegi bilen fundamental bir bölüm bolup orta çykýar. Adam akyl ýetirişiniň tebigaty, zadyň häsiýetleriniň ýüzleý bilinmegi bilen baglanyşykly bolan oý-pikirler, düýp mana ýetmek baradaky hakyky bilimi garaýyşlar, şeýle hem olara akyl ýetirmekligiň üsti bilen hakykylyklara ýetmekligiň ýollary, hakykylygyň **kriteriýasy**-ölçegi baradaky pikirler akyl ýetiriş teoriýasy tarapyndan barlagdan geçirmek işleri alnyp barlypdyr. Elbetde, adam birbada hakykylyga hakykylyk diýip jogap berip bilmändir. Bu ýolda ol ençeme ýalňyşlyklary goýberipdir, şol sebäpden hem adam ýalňyşlyklar goýbermek zerarly ençeme ýoldan çykmalary başdan geçirýär we ol ýalňyşlyklardan baş alyp çykarmany-da başarýar. Zatlaryň düýp manysyna ýetmek netijesinde adam özüniň islegini we durmuşyň talap edýän zeru-

rlygy esasynda zat baradaky täzelikleri ýüze çykarýar. Bilmek diýmeklik – sözüň giň manysynda **başarmak, özüňe boýun egdirmek** diýmekdir. Bilim, bilmek diýmeklik adamynyň tebigat bilen baglanyşygyny ýüze çykarýan we bu onuň ruhy we praktiki işidir.

Akyl ýetiriş teoriýasynyň esasy prinsipi bolan **"şöhlelenme**", "**şöhlelendirme"** düşünjelerine ser salyň. **"Şöhlelenme**" düşünjesi filosofiýanyň taryhynda onuň esasy meselesiniň özeni hasaplanýar. Şöhlelenme baradaky düşünje materialistik hem-de idealistik garaýyşlar üçin aýratyn hem akyl ýetiriş teoriýasy babatda bularyň pikirleriniň dürli toparlara bölünmegine alyp barypdyr. Gadymy grek filosofy-materialist Demokrit akyl ýetirişi şöhlelendirme hasaplapdyr, idealist-filosof Platon aslynda şöhlelenme ideýasyny ortadan aýyrýar. Ol oňa diňe ruhuň **ýada düşürmesi, ýada getirmesi** we pikiriň arassalygy hem owadanlygy diýen paýhas hökmünde garaýar. Umuman, ähli döwrüň idealistleri şöhlelenme we akyl ýetirme düşünjelerinden daşlaşmak bilen bolup, akyl ýetirmä subýektler tarapyndan döredilen düşünjeleriň düzümi hasaplap,olar dünýäni adamlaryň hyýalyndaky aňlatmasydyr diýen pikire gulluk edipdirler.

Aslynda akyl ýetiriş dünýä zatlarynyň adamyň aňynda şöhlelenmegi bilen bagly, şol zerarly hem akyl ýetirme häzirki zaman filosofiýasynda öz teswirlenmesini tapdy.

Akyl ýetirme - bu dünýä hadysalarynyň hakyky bilinmegidir. Bilmeklik, bilim, zadyň düýp manysyna ýetmeklik jemgyýetçilik-taryhy praktikanyň üsti bilen barlagdan geçip, adamyň göz öňüne getirmesinde, pikirlenmäniň formalary bolan düşünjede, pikir ýöretmede hem-de teoriýada zada akyl ýetirmek obýektiw dünýäniň subýektiw obrazynyň adamyň aňynda aňladylmasydyr.

Akyl ýetiriş özüniň **genezisi** (gelip çykyşy) boýunça sosial **fenomendir** (hadysadyr), onuň serişdeleri hökmünde bolsa tebigy belgiler we emeli logiki we matematiki diller çykyş edýär.

Adamyň hakykata akyl ýetirmek gatnaşygy köptaraplaýyndyr. Ol gös-göni we sowa häsiýetde bolup biler. Elbetde elementar, ýönekeý “bilmeklik”, “duýmaklyk” biologiýanyň kanunalaýyklyklaryna baglylykda haýwanlarda hem bolup biler, ýöne ol örän ýokary derejede ösen haýwanlaryň özüni alyp baryş häsiýetlerinde bolýar. Ýöne adam bilen bagly bolan bu häsiýet düýpden başga ýagdaýda bolýar. Ol özüniň tebigy taýdan gelip çykyşy boýunça jemgyýetçilik sosial mazmuna eýedir. Adam tarapyndan döredilen bilim dürli formalarda, ýagny ylymdan öňki **(gipoteza-çaklama**), sosial-ýaşaýyş durmuşy, döredijilikli-çeperçilik, ylmy formalarda bolup, hakykata akyl ýetirmekligiň dürli etaplaryny aňladýar-olar **empiriki** we **teoretiki** häsiýetde bolup çykyş edýär.

Durmuşy bilim özüniň akyl ýetirişde başlangyç forma bolýandygy bilen onuň akyl ýetirişde tutýan ornuny pese düşürmek bolmaz. Beýle pikir ylmy taýdan nädogry garaýyşdyr Her bir akyl-paýhas bilen dörän jemgyýetçilik sosial aň esasynda her günki durmuşy bilimler adamyň her günki döredijilik işi bolýandygy zerarly tebigat bilen jemgyýet arasyndaky olaryň özarabaglanşygyny şöhlelendirýär. Ýönekeý, sada akyl ýetirişiň esasynda dörän bilim, bilmeklik geljekde ylmy we çeperçilik dünýägaraýşy baýlaşdyrýar.

Adam pikirlenmesi mydama bilmezlikden bilmeklige, ýönekeý, ýüzleý bilmeklikden çylşyrymly, çuňňur, düýpli we hemmetaraplaýyn bilmeklige barýar. Bu bolsa adam akyl ýetirşiniň esasy we kesgitleýji häsiýeti, şeýle hem zerury şertidir.

Şeýlelikde, bilmekligiň görnüşleri we onuň dürli formalary adamyň döredijilik işini özgermekligiň zerury şerti bolup durýar.

Adamzat taryhy asyrlar boýy özüniň pikiri bilen dünýäniň zatlaryny görkezip bilmek mümkinmi, olara nädip akyl ýetirip bolar, aslynda dünýä akyl ýetirerlikmi ýa-da ýok diýen soraglar bilim we bilmeklik meselesinde adamlary mydama birahatlandyrýan oý-pikir bolup durupdyr. Hakykatda, bu mesele nähili ýagdaýda! Eger biz dünýä, dünýä zatlaryna syn etsek, onda dünýä tükeniksiz. Bu tükeniksiz dünýä akyl ýetirmekde adamyň ukyby nähili? Ynha, şu we beýleki soraglara jogap bermekde dürli-dürli dünýägaraýyşlar bolupdyr. Şeýle hem filosofiýanyň taryhynda bu mesele boýunça dürli ugurlar ýüze çykypdyr. Olardan **optimizm, skeptisizm, agnostisizm diýlip atlandyrylan akymlara garap geçeliň. Optimistler** dünýä akyl ýetirmäni ykrar edýärler we şu prinsipe gulluk edýärler. Munuň tersine, a**gnostikler** oňa garşy olar zatlara akyl ýetirmäni inkär edýärler. **Skeptikler** aslynda akyl ýetirmäni inkär etmeýärler, ýöne akyl ýetirme esasda alnan bilimleriň dogrulygyna, durnuklylygyna ynam ýok diýen pikire gulluk edýärler.

Skeptisizm grek sözi bolup ol serediji, barlaýjy diýen düşünjeleri aňladýar. Gadymy grek filosofiýasynyň bir ugry skeptisizmi esaslandyran Pirron, ol b.e. öňki 365-275 ý. ýaşan. Ol sofist Brisonyň okuwçysy.

Sofizm grek sözi bolup, mekir hereket, mekir usul, fantaziýa, ýalany çyn edip görkezjek bolmaklyk. Sofizmiň logiki analizi Aristotel tarapyndan beýan edilip, ol onuň klassifikasiýasyny düzýär. Gadymy grek sofizmine degişli bolan "Şahly" diýen sofizmi mysal getirmek bolar:

Sen näme ýitirmedik bolsaň, ol sende bar.
Sen şahyňy ýitirmediň.
Diýmek, ol sende bar.

Sofizme mysal hökmünde ýene-de “Ýalançy”, “Topbak” diýen sofistiki garaýyşlary görkezmek mümkin. Sofizme kä halatlarda oslanmadyk, geňgaldyryjylyk hem diýilýär. Bularyň hemmesi logiki ýalňyşlyklaryň toparyna girýär. Ýöne her bir logiki ýalňyşlyga sofizm diýmek nädogry bolardy, çünki logiki pikirlenmede sofistiki ýalňyşlyklardan başga **paralogiki** ýalňyşlyklar hem bolýar. Birinji derejeli logiki ýalňyşlyk bolan sofizm bu bilgeşleýin, bilkastlaýyn goýberilýän ýalňyşlyklar bolup, garşydaşyňy bulaşdyrmak, ýoldan sowmak üçin ulanylýar. Ikinji derejeli paralogiki ýalňyşlyk bilkastlaýyn däl, bilgeşleýin däl häsiýetde bolup, ol bilmezlikden goýberilýän pikirlenmedäki logiki ýalňyşlykdyr.

Skeptikleriň ýaramaz tarapy durmuşda adamyň akyl ýetiriş mümkinçiliklerini pese düşürmek, ony kiçeltmekdir. Aslynda adamyň akyl ýetiriş ukyby çäksiz, ol özüniň sosial mazmunyna görä akyl ýetiriş tebigatyň, jemgyýetiň hem-de hut adam özüniň düýp manysyna ýetmek, bu ugurlarda özüniň jemgyýetçilik sosial döredijilik ukyby bilen dünýä zatlaryna, hadysalaryna döredijilikli çemeleşmekligi esasda adam özüniň akyl-paýhasy bilen tebigat,jemgyýet hatda adamyň özi bilen bagly bolan üýtgeşmeleri girizip bilýär. Adama degişli bu häsiýet, hakykatdan hem adam özüniň akyl ýetiriş ukyby bilen zatlary, hadysalary özgertmekde onuň mümkinçilikleriniň tükeniksizligini aňladýar.

Öň belläp geçişimiz ýaly, akyl ýetiriş teoriýasynda, aslynda akyl ýetiriş meselesinde **agnostiki** dünýägaraýyş boýunça mesele gozgalanda, ilki bilen onuň wekili Kant göz öňüne gelýär. Kant zada, hadysa akyl ýetirmäni inkär edýär. Ol “öz-özlügindäki zat” we “biziň üçin zat” diýen iki pikiri öňe sürýär. Onuň pikirine görä, zada akyl ýetirmek mümkin däl, zat mydama öz-özlüginde diýen - pikiri öňe sürýär. Zada akyl ýetirmeklik bara-

da agnostikleriň tassyklamagyna görä, akyl ýetirme diňe tejribe bilen bagly bolup, ondan daşgary çykyp bilmeýär.

Şeýlelik-de akyl ýetiriş filosofiýada we filosofiýanyň fundamental meseleleriniň çözgütlerini ýerine ýetirýändigi sebäpli, onuň ylymda kesgitleýji orna eýedigi mälim bolýar.

Akyl ýetiriş teoriýasy jemgyýetiň durmuşynda akyl ýetirilýän zat bilen akyl ýetirýäniň arasyndaky dialektiki baglanyşygy beýan edip görkezmekde obýektiň we subýektiň tutýan ornuna baha bermekde möhüm orny eýeleýär.

Akyl ýetiriş teoriýasy dünýä zatlaryna, hadysalaryna degişli bolan baglanyşygy, özara baglanyşygy, olar arasyndaky gatnaşygy ýüze çykarmaklygyň serişdesidir. Bu prosesde adamyň tutýan orny bimöçberdir. Adam akyly, paýhasy bilen dünýä zatlarynyň syryna baryp ýetýär, olaryň düýp manysyny açyp görkezýär, has hem obýektiw zat bilen subýektiw zadyň arabaglanyşygyny we olaryň özara gatnaşygyny ýüze çykarýar.

## 10-njy sapak

**1. Akyl ýetirişde”obýekt”we “subýekt” düşünjeleri.**
**2. Akyl ýetirmede hakykylyk meselesi.**

Dünýä akyl ýetirmek, dünýä zatlaryna düşünmek baradaky bilim adama ilkibaşdan berilmän, adam ony soň öz ýaşaýyş durmuşynda gazanýar.Adam bilmekligi,bilimi akyl ýetirme üsti bilen oňa baryp ýetýär. Adam öz bilimini täze bilimler bilen baýlaşdyrmak netijesinde zada, hadysalara akyl ýetirýär. Zada akyl ýetirmegiň netijesi bolsa bilmekdir, bilimdir.

Akyl ýetirişiň düýp manysyna düşünmek, akyl ýetirişiň kanunalaýyklaýyn häsiýetini kesgitlemek üçin ilki bilen akyl ýetiriş funksiýasyny ýerine ýetirijiniň kimdigini bilmek we oňa düşündiriş bermek zerurdyr. Bir seretseň, bu ýerde hemme zat düşnükli ýaly, ýagny akyl ýetirişiň subýekti hökmünde adam

çykyş edýär. Ýöne filosofiýanyň taryhyndan belli bolşy ýaly, kä bir akyldarlar dünýä akyl ýetirmäni inkär edýärler, şol sanda olar akyl ýetirişiň subýektini hem inkär edýärler. Ikinjiden, käbir filosoflar, akyldarlar we tebigy ylymlaryň wekilleri akyl ýetirmeklik, hususan-da teoretiki pikirlenme diňe belli bir adamlara degişli bolman, eýsem özleriniň döreden mehanizmleriniň, maşynlarynyň ýagny elektron hasaplaýyş maşynlarynyň funkslýasynda hem akyl ýetirmeklige degişli işiň bardygyny ynandyrmakçy bolýarlar. Elbetde, akyl ýetirişiň subýekti diýip adamy tassyklamak ýeterlik däl. Şonuň üçin hem adamdaky bu häsiýet näme arkaly kesgitlenilýär diýen sowala jogap tapmak gerekdir.

Filosofiýanyň taryhyndan belli bolşy ýaly, nemes klassyki filosofiýasynyň görnükli wekili L.Feýerbah akyl ýetirişde idealistik ugry tankyt etmek bilen, akyl ýetirişiň subýekti aň diýip tassyklaýar. Aňyň hem diňe adama degişlidigini görkezip, ylmy taýdan subut edýär.L.Feýerbahyň pikirine görä, adam janly organizm bolup, ol giňişlikde we wagt birliginde ýaşap tebigat bilen bir bitewilikde ýaşamak netijesinde adamda akyl ýetiriş ukyby ýüze çykýar diýen parasatly filosofiki pikiri öňe sürýär. Ýöne, onuň adam baradaky garaýşynda käbir säwlik bar. Ol adama diňe tebigat hadysasy hökmünde garaýar, onuň taryhy sosial mazmunyny görkezmeýär, aslynda adamyň sosial mazmunyna düşünmeýär.

K.Marks we F.Engels Feýerbahyň bu meseledäki kemçiligi onuň adamyň sosial manysyna düşünmän, ony janly organizm hasaplamak bilen çäklenýändigindedir diýip belleýärler. K.Marks adam düşünjesine kesgitleme berip, şeýle belleýär, ýagny adam, adamyň dünýäsi döwlet we jemgyýet diýen pikiri öňe sürýär. Hakykatdan hem, adamy adam edýän onuň jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr.

Hakykatdan hem, adamyň düýp manysy, onuň mazmuny adamyň sosial jemgyýetçilik häsiýetleri bilen kesgitlenilýär. Jemgyýetiň ýok ýerinde adam hem ýok, diýmek akyl ýetirişiň subýekti hem ýok.

Elbetde, bu ýerde şeýle soragyň döremegi mümkin. Dünýä zatlaryna bütin adamzat, jemgyýet akyl ýetirýärmikä ýa-da belli-belli adamlar? Dünýä zatlaryna akyl ýetirmegiň wekilleri bolup çykyş edenler Pifagor, Aristotel, Nýuton, Eýnşteýn we beýleki görnükli we görnükli däl şahsyýetler degişli dälmi näme? diýen soraglaryň ýüze çykmagy kanuny zat. Elbetde, jemgyýet aslynda pikirlenip bilýan, öndürip bilýan, aýry-aýry adamlardan durýar. Hakykatdan hem aýry-aýry adamlar, elbet-de akyl ýetirişiň subýekti bolup bilýär, çünki olar belli bir derejede biri-biri bilen jemgyýetçilik gatnaşyklarynda bolýarlar, zähmet gurallary we zähmet serişdeleri bilen baglanyşykda bolup, sosial düzümiň agzalary hasaplanýarlar.

Akyl yetirişiň bolmagy üçin diňe bir akyl ýetirişiň subýektiniň bolmagy ýeterlik däldir. Şeýle hem akyl ýetirişde obýektiň bolmagy zerur, çünki adamyň onuň bilen aragatnaşygy, özara gatnaşygy akyl ýetirişiň amal edilmegi üçin zerurlykdyr. Obýekt hökmünde bolan dünýäniň hadysalary we zatlary adam aňyna bagly bolman özbaşyna ýaşaýar.

Obýekt düşünjesi hakykat düşünjesi manysyndadyr, ol dünýäniň ähli zatlaryny öz düzümine girizýär. Ýöne obýekt düşünjesini akyl ýetirişiň obýekti düşünjesinden tapawutlandyrmak gerek, çünki özüniň mukdar we hil taýdan tapawutlanyp, akyl ýetirýäniň-subýektiň belli bir zada akyl ýetirýändigi bilen aňladylýar. Meselem, eger obýekt edip "jemgygyýet" düşünjesini alsak, onda ykdysadyýetçi üçin onuň akyl ýetiriş obýekti önüm, önümçilik, önümçilik serişdeleri, haryt we beýlekiler bolar. Ulag işgärleriniň akyl ýetirişdäki obýekti ulag bilen

baglanyşykly-ulagyň görnüşleri uçar, awtomobil, gämi we ş.m. bolup biler. Bu ýerde akyl ýetirişiň obýektini mukdar taýdan has dar edip görkezmek bolar. Ýaňky mysalymyzda ykdysatçy üçin diňe haryt diýen düşünjäni, ulagçy üçin akyl ýetirişiň obýekti görnüşde diňe uçar düşünjesini ulanmak bolar. Diýmek, akyl ýetirýän adam - subýekt üçin onuň özüne degişli akyl ýetirmeli obýekti bolup biler. Mekdep mugallymy üçin akyl ýetirişiň obýekti sowat, ylym, bilim we edep düşünjeleri bolsa, onda aragatnaşyk işgärleri üçin tele, radio we beýleki aragatnaşyk ulgamyna degişli zatlar onuň akyl ýetirişiniň obýekti bolar. Munuň beýle bolmagy kanuny zat, çünki her bir adam öz obýektine ýakyn bolýar. Ulagçy ulaga, daýhan ýere, çopana meýdan, uçarçy üçin dürli uçarlar, olara has ýakyn obýektler bolýar.

Akyl ýetiriş, akyl ýetirme jemgyýetçilik many-mazmuna eýedir. Akyl ýetirmeklik belli bir maksada gönükdirilendir, ýagny dünýäniň ol we beýleki obýektine akyl ýetirmek, onuň many-mazmunyny açyp görkezmekden ybaratdyr. Bu prosesde kesgitleýji orun adama, ýagny akyl ýetirişiň subýektine degişlidir, çünki adam taryhy sosial-syýasy mazmuna eýe bolmak bilen, onuň her bir işi döredijilik häsiýetde bolýar. Başga bir tarapdan, akyl ýetiriş prosesiniň özi hem adamyň täsir etmegi bilen ösýär we özgerýär. Adam özüniň hereketi bilen obýektiw hadysanyň gidişine goşulyp, oňa öz täsirini ýetirýär. Adamyň akyl ýetiriş prosesdäki esasy wezipesi hadysanyň düýp manysyna ýetmek hem-de subýekt bilen obýektiň praktiki taýdan birek-birege edýän täsirini aýan etmek, bu prosesden dogry baş alyp çykmak we oňa hakyky-dogry düşündiriş bermekden durýar.

Adamzat we tebigat bu hil taýdan iki kesgitli tapawudy özünde saklaýan bir düzümdir, ýagny bir düzümiň iki tarapydyr. Adam sosial hadysa, ol özüniň aňy we erki bilen akyl ýetirişde kesgitleýji häsiýete eýe bolýar. Adam dürli serişdeler bilen, tebigy we emeli gurallar bilen tebigatyň hadysalaryna, zatlaryna täsir

edýär, olary özgerdýär, şol sanda adam özüni hem özgerdýär. Adamlaryň şeýle döredijilik işine jemgyýetiň durmuşynda praktika diýip atlandyrylýar. Adamyň praktiki taýdan şeýle döredijilik işi tebigaty, jemgyýeti hat-da onuň özüni hem özgerdýär.

Adamzat jemgyýetinde praktika diňe bir akyl ýetirişde däl, tutuş jemgyýetiň durmuşynda möhüm orna eýedir. Jemgyýetçilik önüm adamyň praktiki döredijilik işiniň möhüm formasydyr. Ýöne adamyň döredijilik işini diňe önümçilik prosesi bilen çäklendirmek ýeterlik däldir. Eger onuň döredijilik işini diňe önümçilik bilen çäklendirsek, onda adam diňe ykdysady hadysa bilen bagly bolup galýar, ýagny ol özüni zähmet üsti bilen iýmit, geýim-gejim,ýaşaýyş jaý zerurlyklaryny kanagatlandyrýan organizm görnüşde garadygymyz bolar, onda bu ýerde onuň aňynyň diňe tehniki mazmuny aýdyňlaşar. Emma adamyň praktiki işi onuň bütin jemgyýetçilik durmuşyny aňladyp, ol maddy we ruhy-medeni taýdan ähli sosial hadysalary özüne birleşdirýär.

Adam önümçilik, zähmet prosesinde haýwanlar ýaly, tebigatda bar bolan taýýar zatlary ulanmak bilen çäklenmän, tersine, adam-uniwersal hadysa hökmünde ol tebigatda heniz bolmadyk, ýok zatlary öz islegine görä döredýär, bu bolsa diňe adamyň aňynyň barlygynyň netijesidir. Adamyň ilki başdaky akyl ýetirişi maddy zatlary öndürmek bilen aýrylmaz bir bütewilikde bolupdyr. Soňra adamzat siwilizasiýasy netijesinde akyl ýetriş prosesi özbaşdaklyga eýe bolup, ol adamyň ruhy döredijilik işine hem öwrülýär.

Netijede, **teoriýa (**nazaryýet**)** we **praktika** (tejribe,amaly) düşünjeleri ýüze çykýar.

Adamyň **teoretiki döredijilik işi** bilen praktikanyň ozara baglanşygyny düşündirmek üçin, olaryň biriniň beýlekä bolan baglanyşygyny anyklamak, teoriýanyň **praktika** baglylygyny, şeýle hem onuň otnositel özbaşdaklygyny görkezmeli. **Gnoseologiýa** üçin **teoriýa** hem **praktika** hem zerurlykdyr. Akyl

ýýtirişiň jemgyýetçilik-taryhy häsiýeti  akyl ýetirişiň praktika baglydygyndan gelip çykýar. Elbetde, bularyň baglanyşygy, özara baglanşygy akyl ýetirişiň jemgyýetçilik taryhy tebigaty bilen düşündirilýär,çünki akyl ýetirişiň ähli taraplary baglanyşykda, özara baglanyşykda bolup, ol jemgyýetçilik durmuş bilen kesgitlenendir. Adam özüniň sosial - jemgyýetçilik düýp manysy boýunça akyl ýetirişiň **subýekti,**tebigatyň predmetleri, hadysalary şeýle hem sosial hadysalar akyl ýetirişiň **obýekti .**

Adam tebigatdan biologik häsiýetleri we ösen nerw düzümi,beýnini alýar. Adamyň tebigy organlary jemgyýetçilik prosesiniň ösmegi bilen öz funksiýasyny üýtgedýär. Adamyň jemgyýetçilik işi bilen onuň duýgy organlary, beýnisi, eli şeýle bir gudratlary döredip başlaýar. Olardan beýik suratkeşleriň suratlary we heýkelleri, akyldarlaryň, kompozitorlaryň sazlary we edebiýatyň, ylmyň we filosofiýanyň gymmatlyklary döreýär.

Akyl ýetirişiň ösmegine adamyň döredijilik işi,sosial zerurlyklary, elbetde, akyl ýetirişiň maksady bolan obýekt baradaky teoretiki pikiri has çuňlaşdyrmagyň zerur şerti bolup durýar.

Akyl ýetirişiň otnositel özbaşdaklygy jemgyýetiň durmuşyndaky praktiki talaplar, täze ýüze çykjak hadysalary öňünden görmek, olara işjeň çemeleşmek, adamyň önümçilik sferasyna degişli meseleleri çözmekde möhüm rol oýnaýar.

Akyl ýetiriş praktikasynyň jemgyýetiň ösüş praktikasyndan öňde bolmagy bir tarapdan, ikinji tarapdan bolsa akyl ýetirişiň ondaky özboluşly onuň kanunalaýyklaýynlygy bilen şertlendirilýär.

Elbetde, durmuşda teoretiki döredijiligiň praktikadan üzňelikde bolmagy ähtimal.Akyl ýetirmedäki bu ýagdaý zadyň syrlaryny bilmekde ters däl täsir edip biler. Şonuň üçin hem adamyň mydama akyl ýetirişinde onuň praktika bolan okgunlylygy zadyň düýp manysynyň has çuň bilinmegini üpjün edýär.

Bilim, bilmeklik adamyň döredijilik işiniň görkezijisi. Adamlar özüniň sosial taryhy taýdan jemgyýetde tutýan ornuna görä, obýektiw hakykata akyl ýetirmeklik üçin, dürli gurallary,

priborlary we beýleki dürli serişdeleri döredýär, olaryň üsti bilen hakykata akyl ýetirýär. Bu ýolda esasy mesele we esasy wezipe obýektiw dünýäniň zatlaryny has doly, has dogry şöhlelendirmek, şeýle hem adamyň aňyna bagly däl zatlara garamak wezipesi durýar.

Şu ýerde şeýle bir sorag ýüze çykýar, ýagny hakykylyk diýip nämä düşünmeli,onuň ölçegi nirede,näme bilen hakyky bilimi hakyky däl bilimden,aýrybaşga edip görkezip bolar?

Gadymy, antiki filosofiýadan başlap, hakyky bilim hakykaty dogry görkezýändigi we onuň, hakykata gabat gelýändigi bilen kesgitlenipdir. Dürli filosofik garaýyşlaryň düzümine girýän has köp toparlar akyl ýetirmegiň maksady hakykylyga ýetmekdir, şol zerarly "hakyky" "hakykylyk" ýaşaýar diýen pikiri öňe sürýärler. Şu esasda hakykylygyň obýektiw esasynyň barlygy subut edilýär. Diýmek, hakykylygy anyklamak esasda obýektiw hakykylyk, obýektiw hakyky zat subýekte hem adama hem, adamzada hem bagly däl. "hakyky", "hakykylyk" düşünjeleri adam we adamyň döredijilik işi bilen baglydyr.

Ýöne, "hakyky" düşünjedäki obýektiwlik onuň mazmunynyň obýektiwligi, ýagny obýektiw barlykdan bolýandygyndandyr.

Obýektiw hakykylykda dialektika hereket edip, obýektiw hakykylygyň mazmunynda hem subýekt hem obýekt many bar. Bir tarapdan hakykylyk subýektiw häsiýete eýe, ol adamyň döredijilik işiniň formasy, emma başga bir tarapdan ol obýektiw häsiýetde, çünki, onuň mazmuny ne adama, ne-de adamzada bagly däl, akyl ýetirmekde adam üçin diňe zadyň, hadysanyň obýektiw durkuny görkezmekden durýar.

Hakykylygyň obýektiwligini inkär etmekde dürli-dürli garaýyşlar bar. Olardan subýektiw idealistleriň, pragmatistleriň bu baradaky garaýyşlaryna seredeliň.

**Subýektiw idealizm** aslynda real dünýäni, hakykaty, aňsyz barlygy, ykrar etmeýär. Netijede, subýektiw idealizm adamyň biliminiň obýektiw mazmunyny hasaba almazlyk bilen obýektiw hakykylygy hem inkär edýär. **Pragmatizm** hakykylygy

praktikadan alyp çykarýar we adamyň subýektiw döredijilik işi diýip tassyklamak bilen ol durmuşda amatly peýda gazanmak hem-de maksada ýetmek üçin gönükdirilendir diýen pikire gulluk edýär.

Obýektiw hakykylyk doňan zat bolman,ol özünde dürli hil durkuny saklaýar.Ylymda **absolýut we otnositel hakykylyklaryň** arasynda tapawut goýmalydyr.

“**Absolýut hakykylyk”** termini edebiýatda ýeke-täk bir manyda ulanylmaýar. Elbetde, akyl ýetirişiň soňky nokadyny göz öňüne getirmek mümkin däl, ýöne bilnen, akyl ýetirilen zatlarda absolýut, baky hakykylyk bolup biler. Meselem, Türkmenistan öz milli Garaşsyzlygyny 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda aldy, bu absolýut hakykylyga mysal bolup biler. Elbetde, beýle hakykylyklar bar we bolup biler.

Obýektiw hakykylyk özüniň durky boýunça many-mazmun taýdan dürli häsiýetlere eýedir. Obýektiw hakykylykdaky absolýut hakykylyk bilen otnositel hakykylygyň arasyndaky baglanyşygy we gatnaşygy açyp görkezeliň.

Aslynda adam biliminiň her gezekki netijesi, elbetde, hakyky, çünki ol obýektiw hakykata, obýektiw reallyga akyl ýetirmegiň pursaty bolýar, özi hem bu ýagdaýda akyl ýetirişiň çägi onuň ösüşiniň kesgitli derejesini aňladýar.

Ylmyň ösüşi, onuň öňe gidişi dürli ylmy tassyklamalary, olaryň hakykylygy, olardaky garaýyşlaryň absolýut mana degişlidigi ýa-da däldigi baradaky soraglary anyklamak, hat-da käbir ylmy hakykylyklary barlamak akyl ýetirişiň prinsiplerine, umuman esasy düzgünine ters gelmeýär. Meselem, “atom bölünmeýär”, “Ähli guwlar akdyrlar”. Hatda, bu pikir ýöretmeler absolýut hakykylyk diýlip kabul edilen hem bolsa, ylmyň ösüşinde olaryň absolýut hakykylyk däl-de, otnositel hakykylykdygyny ylmy taýdan olar subut edilip bilner we ol bilindi.

Akyl ýetirişde absolýut hakykylyk bilen otnositel hakykylygyň many-mazmunyna giňişleýin garap geçeliň. **Absolýut we otnositel** hakykylyklar “hakykylyk” düşünjäniň dürli

manylarydyr, ýagny akyl ýetirişde bilimiň, bilmekligiň derejelerini kesgitleýjidir.

**Absolýut hakykylyk** bu akyl yetirişde, bilmeklikde şeýle mana eýe bolýar, ýagny ol geljekde ylym tarapyndan ýalana çykaryp bolmajak hakykylykdyr. Şol bir wagtda hem biziň her bir bilimimiz heniz hakykaty doly şöhlelendirip görkezmeýär. Diýmek, hakykylyk belli bir kesgitli çäk bilen bagly,çünki akyl ýetirişiň ösüşinde ol we beýleki zat baradaky bilim giňelip hem, daralyp, hem biler.

**Otnositel hakykylyk** –bu şeýle hakykylykdyr, ýagny ol geljekde ylym tarapyndan ýütgedilmäge degişli bolan hakykylykdyr. Meselem, atomistik teoriýa belli bir döwür üçin absolýut hakykylyk hasaplanan hem bolsa, XIX asyryň ahyry XX asyryň başlary ony otnositel hakykylyga geçirdi.

Diýmek, biz şu temanyň üsti bilen akyl ýetiriş prosesine düşündiriş berdik. Bu prosesde” obýektiw” we “subýektiw” düşünjeleriniň many-mazmunyna garap geçdik. Bilim we bilmeklik düşünjelerine teswirleme berip, “obýektiw hakykylyk”, “otnositel hakykylyk” diýen özarabaglanşykly bolan akyl ýetirişiň kategoriýalaryna öz ünsümizi gönükdirmek bilen olaryň akyl ýetirişde tutýan ornuna garadyk.

Ylymda, ylmy dünýägaraýyşda, ylmy açyşlarda “absolýut hakykylyk” bilen “otnositel hakykylygyň” tutýan orny, olaryň ylmy açyşlarda nähili orna eýe bolýandygyna seretdik.

## 11-nji sapak

**1. Ten duýgulary we olaryň görnüşleri.**
**2. Pikirlenme we onuň esasy formalary**

Akyl ýetirme, öň belläp geçişimiz ýaly, filosofiýada iň bir çylşyrymly hem-de düýpli meseleleriň biridir. Akyl ýetirme prosesi bilmezlikden bilmeklige, ýönekeý bilmeklikden çylşyrymly

bilmeklige, şeýle hem bilnen zatdan has çuň bilmäge, obýektiň mümkingadar hemmetaraplaýyn bilinmekligine geçmeklikdir. Şeýlelikde, akyl ýetirişiň özüni göz öňüne getirsek, oňa hereket hökmünde garamak mümkin. Netijede, hakykylyga köptaraplaýyn akyl ýetirmek bilen barylýar.

Filosofiýada öňden bäri akyl ýetirişde iki elemente: ten duýgularyna hem-de rasionala esasy orun degişlidir. Ten duýgulary duýmaklyk, kabul etmeklik hem-de göz öňüne getirmeklikden düzülýär. Rasional akyl ýetirişiň görnüşlerine düşünjäni,pikir ýöretmäni we akyl, pikir netijesini, şeýle hem gipotezalary hem-de teoriýany degişli edip bolar. Bilimde, bilmekde bu elementleriň ähmiýeti, olaryň tutýan orny, olaryň arasyndaky öžara baglanşygy nähili diýen ýaly soraglar ýüze çykýar. Bu soraglaryň jogaby birmeňzeş bolman, olar barada dürli garaýyşlar bolupdyr.

Meselem, sensualizm ugruny alsak, onuň tarapdarlary akyl ýetirişde kesgitleýji rol, orun ten duýgularyna degişli diýip tassyklaýarlar. Olaryň pikrine görä, esasy orun duýmaklyga hem kabul etmeklige degişlidir. Hakykatdan hem adamyň daşky dünýäniň zatlaryny duýmaklygy ony daşky dünýä bilen baglanyşdyrýar. Elbetde, bu örän dogry pikirdir.

Hakykatdan hem bilimiň,bilmekligiň çeşmesi duýmaklykdyr.Ýöne dünýä zatlaryna, hadysalaryna, proseslerine akyl ýetirmeklik diňe duýmaklyk arkaly amala aşyrylmaýar.

Idealistik ugur bolan sensualizmiň (**sensus** fransuz sözi-kabul etme, duýgy, duýmaklyk diýmekdir) akyl ýetiriş teoriýasynda, duýmaklyk has dogry, dawasyz bilinmekdir. Munuň wekilleri **Berkli, Ýum, mahistlerdir. Mah Ernst** (1838-1916ý.) awstriýaly, fizik-filosof-subýektiw idealist, empriokritisizmiň düýbüni tutujy-zadyň tejribeden öňki ýagdaýy-**diňe şolar real** bolup biler diýip tassyklaýar.

Idealistik sensualizm akymy iň soňky reallyk duýmaklyk we kabul etmekdir diýip hasaplaýar. Sensualizm aslynda akyl ýetirişsiz reallygy inkär edýär, duýmaklygyň we kabul etmekligiň çeşmesi barada goýulýan sorag bolsa aslynda manysyzlykdyr diýen pikiri öňe sürýärler.

XIX asyrda dörän "fiziologistik" idealizm fiziologik organlaryň duýgularyna birtaraplaýyn düşündiriş berýär, ýagny daşky täsir ediji diňe bir duýmaklyk üçin itergi bolup biler, ýöne onuň mazmunyny kesgitlemeýär diýip tassyklaýarlar. Duýmaklyk baradaky mesele şeýle goýulmak bilen ol daşky dünýäden çetleşdirilýär, onuň mazmuny subýektiw zat hökmünde garalyp, iň amatly hasaplananda, diňe zadyň belgisi, ieroglifi hyzmatyny ýerine ýetirip bilýär. Bu ýerde netijäniň agnostiki häsiýeti aýan bolýar. Diýmek, zatlaryň, hadysalaryň düýp manysyna akyl ýetirmek mümkin däl, akyl ýetirmek bolmaýar.

Duýmaklyk düşünjesine iň tarapdary bolup - ýene-de bir ugur "sada-realizm" ugry çykyş edýär. Bularyň tarapdarlary zatlar we hadysalar, prosesler adamyň aňyndan daşarda ýaşaýar, adam olary hakykatda nähili bolsa, gös-göni şonuň ýaly hem kabul edýär. Adam we onuň nerw düzümi duýmaklyga hiç hili täsir etmeýär diýip tassyklaýarlar.

Hakykatda adamyň duýgy organlary duýmaklygyň döremegine täsirini ýetirýär. Duýmaklyk-obýektiw dunýäniň subýektiw obrazy.

Adamyň biliminde duýmaklyk we kabul etmeklik onuň çeşmesi hökmünde çykyş edýänligine hiç hili şübhelenme bolup bilmez. Ýöne, hakykaty şöhlelendirmek baradaky duýgy tarapyndan alnan geljekki bilimiň çeşmesi hökmündäki maglumatlar heniz bilimiň, bilmekligiň tutuşlaýyn mazmunyny özünde jemleýär.

Häzirki zaman empirizm, neopozitiwizm ýa-da logiki pozitiwizm görnüşinde çykyş edýär. Umuman, bu ugur pikirlenmäniň garşysyna çykyş etmeýär, ýöne logiki subut etme, belgiler görnüşinde hereket edip biler diýip belleýär. Häzirki zaman ylmynyň ösüşi örän ynandyryjy esasda subut edip bilimi, bilmekligi iki elemente syrykdyrmaklygyň bolmaýandygyny mälim etdi, ýagny adamyň bilimi diňe tejribäniň maglumatlary we belgiler bilen bagly logiki (operasiýa) hereket bilen tamamlanmaýar, ol tutuş adam paýhasynyň çylşyrymly sintezleşen tutuş döredijilik işini öz içine alýar.

Eger-de empiki akym ten duýgularynyň roluny ýokary derejede goýýan bolsa, onda başga bir ugruň wekilleri bolan rasionalistler akyl ýetirişde pikirlenmäniň roluny has ýokarlandyrýarlar. Rasionalizm latyn sözi bolup, ratio-paýhas, pikir, pikirlenme diýen manyny berýär. Bu ugur pikirlenmäniň roluny akyl ýetirişde absolýutlaşdyrýar.

Elbet-de hakykata akyl ýetirme janly syzmakdan, ten duýgularyndan başlanýar. Ten duýgularyna duýmak, kabul etmek we göz öňüne getirmek ýaly görnüşler degişli. Bular akyl ýetirişiň, bilimiň çeşmesi hökmünde çykyş edýär, çünki olar adamyny daşky dünýä bilen baglanyşdyrýar.

Duýmaklyk-zadyň, predmetiň aýry taraplarynyň bilinmegidir. Kabul etmeklik-zadyň, predmetiň tutuşlygyna bilinmegidir. Özi hem kabul etme pikirlenmä has ýakynlaşýar. Göz öňüne getirme bu zadyň,predmetiň adam aňynda dikeldilmegidir. Göz öňüne getirme dürli-dürli bolup biler, ýagny geçen zady, wakany göz öňüne getirme, gelejekki wakany, zady göz öňüne getirme, fantastiki (hyýaly) zatlary göz öňüne getirme ýaly göz öňüne getirmäniň dürli görnüşleri bolup biler.

Dünýä zatlaryna, predmetlerine akyl ýetirmek olary bilmek diňe ten duýgulary arkaly bilmek bilen gutarmaýar.

Bilim, bilmeklik ten duýgularynyň we paýhasyň birliginde hakykatyň şöhlelenmesidir. Pikirlenmäniň dürli formalarynyň kömegi bilen bilim ten duýgularynyň çäginden çykýar. “Uçar ulagy” diýlen şeýle bir ýönekeý pikir ýöretmesini alalyň. Ol özünde duýmaklyk we kabul etmeklik, göz öňüne getirmek arkaly ulag, onuň görnüşleri we beýleki häsiýetleri hakdaky bilimi jemleýär.

Adam düşünjesiz dilde özüniň ten duýgularyny aňladyp bilmeýär. Şol zerarly “arassa” ten duýgusyny göz öňüne getirmek mümkin däl. Adamda ten duýgusy pikirler bilen şertlendirilen bolýar. Şeýle hem “arassa” pikirlenme hem duýgusyz bolmaýar, bolmanda onuň obrazy we belgileri görnüp duran görnüşinde bolýar.

Pikirlenmäniň formasy bu pikiriň belli bir kesgitli gurluşydyr, ol düzüminde yzygiderliligi, özara baglanyşygy saklanmak bilen obýektiw reallygyň şöhlelendirilmesidir, predmetiň taryhy taýdan görkezilmesidir. Öň belleýşimiz ýaly, pikirlenmäniň logiki formalaryna düşünje, pikir ýöretme we pikir netijesi degişlidir. Pikirlenmä abstrakt bolmak häsiýet degişlidir. Pikirlenme aktiw proses bolup, belli bir maksada gönükdirilendir, ol zadyň sowa häsiýetini, abstragirlenen, umumylaşdyrylan düýpli alamatlaryny özüne birleşdirýär.

Düşünje akyl ýetiriş prosesinde predmetiň, zadyň, hadysanyň alamatynyň aňda şöhlelenmesidir.

Düşünje ten duýgularyndan tapawutlanyp, ol predmetiň içki we düýpli häsiýetlerini şöhlelendirýär. Ol pikirlenmäniň formasy bolup, predmetiň, prosesleriň, hadysalaryň düýpli alamatlaryny suratlandyrýar. Her bir düşünjäniň özüne mahsus bolan alamaty bar. Ol özüniň şol alamaty bilen hem beýleki düşünjelerden tapawutlanýar. Haýsy-da bolsa bir düşünjä mahsus bolan alamat onuň şol sypatlandyrýan zady bilen baglanyşykda ýüze çykýar. Sebäbi düşünje zatlary suratlandyrýar. Zatlaryň alamatlary bolsa

dürli-dürli bolýar. Bir zadyň alamatynyň beýleki zatlaryň alamatlary bilen umumy taraplary-da, tapawutlanýan taraplary-da bolýar. Bir zadyň beýleki zada bolan umumy tarapy, meňzeşligi we tapawudy alamat üsti bilen ýüze çykarylýar. Predmetde alamat örän köp bolýar. Ondaky bir alamaty beýleki alamatlardan tapawutlandyrmak, şol alamatlary aýyl-saýyl etmek zerur. Meselem: "adam" düşünjesinde onuň kesgitli boýy, beden organlarynyň ýerleşişi, formasy, saçynyň we gözüniň reňki, akyl taýdan ösüşi we ş.m birtopar alamatlar bar. Onuň pikirlenmä bolan ukyplylygy, öndürip bilmegi-bular bolsa düşünjede ikinji topar alamatlary düzýär. Ine, şu iki topar alamatlaryň birini beýlekisinden tapawutlandyrmak akyl ýetiriş prosesinde zerurlykdyr.

Eger-de düşünje düýpli alamaty esasda şöhlelendirilse, onda şol düşünjäniň sypatlandyrýan predmetiniň hakyky alamaty ýüze çykarylýar.

Düşüňjede predmet şöhlelendirilende, onuň mazmunyny, düşünjäniň formasyndan tapawutlandyrmak gerek. Predmetiň mazmuny onuň düýpli alamatlarynyň toplumyndan durýar. Düşüňjede predmetiň möçberi ondaky şöhlelendirilýän predmetleriň toplumynyň jemini aňladýar.

Akyl ýetiriş prosesinde adam janly syzmakdan abstrakt pikirlenmä geçýär. Pikirlenmäniň logiki formalarynyň biri hem pikir ýöretmedir. Pikir ýöretme hem beýleki pikirlenme formalary bolan düşünje, pikir netijesi ýaly, obýektiw dünýäni şöhlelendirýän pikirlenme formasydyr.

Bu pikirlenme formasynda predmetlere, zatlara degişli bolan alamatlar, baglanyşyklar we gatnaşyklar tassyklanylýar ýada inkär edilýär.

Daşky dünýäniň zatlarynyň arasyndaky baglanyşyklaryna, gatnaşyklaryna ten duýgulary bilen akyl ýetirmek arkaly adam aňynyň organy bolan beýnisinde olaryň real modelleri ornaşyp

başlaýar. Adamyň beýnisinde ornaşan şol real modeller logiki pikirlenmä öwrülýär. Adam akyl ýetiriş prosesinde dürli-dürli metodlary ulanyp, tebigatyň entek mälim bolmadyk syrlaryny yzly-yzyna beýan edip başlapdyr.

Pikir ýöretmäniň hakykylygyny ýa-da hakyky däldigini praktika arkaly mälim etmek bolýar. Pikir ýöretmäniň hakyky bolmagy dogry pikirlenmäniň esasy şertidir. Real dünýäniň zatlaryna laýyk gelýän pikir ýöretmeler hakyky pikir ýöretmeler bolýar. Mysal üçin”Aý-da “ Ā”( Ā harpynyň üstündäki belgi “-”inkär etmekligi aňladýar.)

“A” Çilim saglyk üçin zyýanlydyr,

“ Ā” Çilim saglyk üçin zyýanly däldir.

Bu iki sany garşylykly pikir ýöretmäniň birisi hakyky pikir ýöretme, beýlekisi bolsa hakyky däl pikir ýöretme bolup durýar. Şonuň üçin hem bu iki sany garşylykly pikir ýöretmeden üçünji pikir ýöretme üýze çykyp bilmeýär. Şeýle ýagdaýy aşakdaky mysal arkaly hem görmek bolýar.

Şu ulag gämi. “A” tassyklaýjy.

Şu ulag gämi däl. “ Ā” inkär ediji.

Hakykatda bir wagtda bir zat iki sany garşylykly pikir ýöretmäniň ikisi-de hakyky bolup bilmeýär. Olaryň haýsysy-da bolsa biri hakyky, beýlekisi bolsa galat bolýar.

Her bir pikir ýöretmäniň hakykylygyny ýa-da hakyky däldigini ýüze cykarmak üçin şu aşakdaky degşirmeleri oňat özleşdirmek zerur.

1. Eger “A”pikir subut edilen hakykylyk bolsa, onda ol barada hakyky diýlip ulanylan tassyklama hem hakykydyr. Meselem: “Türkmenistan hemişelik Bitarap döwletdir”.

2. Eger “A” pikir subut edilen hakykylyk bolsa, onda ol hakdaky hakyky däl diýlip ulanylan tassyklama hakyky däldir. Meselem: “27-nji oktýabr Türkmenistanyň Garaşsyzlyk günüdir.”

Şu pikir ýöretme,dogrudan hem,hakyky.Ol barada oňa hakyky däl diýen tassyklama ulansak,onda tassyklamamyz hakyky däl bolýar. Hakyky pikiri bolsa bilgeşleýinden hakyky däl diýip tassyklap bolmaz.

3. Eger “A”pikir hakyky däl, ýagny “A” pikiriň hakyky däldigi subut edilen bolsa, onda ol barada hakyky diýilip ulanylan tassyklama hakyky däldir.Mysal üçin: “TDUweAI-ti Garaşsyzlyk şäýolunda ýerleşýär” (subut edilen, hakykylyk däl)

4 Eger “A”pikir hakyky däl bolsa, onda ol hakda hakyky däl diýlip ulanylan tassyklama-da hakykydyr. Mysal üçin: “Türkmenbaşy şäheri Saratow şäheriniň demirgazygynda ýerleşýär” (hakyky däl we ol subut edilendir). Bu ýagdaýlar pikirleniş prosesinde pikiriň baglanyşygyny, gatnaşygyny beýan etmekde hem kömek edýär. Bu hili logiki operesiýalar pikir ýöretmeleriň hakyky we hakyky däldigini görkezýän bolsa, onda olar barada ulanylan tassyklama nähili derejede, ine şony aňlatmak üçin olar örän peýdalydyr. Pikirlenme formasy bolan düşünje söz üsti bilen aňladylýar. Pikir ýöretme bolsa sözlem arkaly aňladylýar. Pikir ýöretmäniň forma taýdan aňladylmasy sözlem görnüşinde bolmak bilen ony S-P-dir diýen formula bilen aňladylýar. Meselem, “Aşgabat şäheri Türkmenistanyň paýtagtydyr” pikir ýöretme, bu ýerde Aşgabadyň paýtagt bolmak häsiýeti pikirde aňladylypdyr. S-P-dir diýlip ulanylan pikir ýöretmäniň formulasy uly filosofik many-mazmuna eýedir. “S” pikir ýöretmäniň predmeti. “P” bolsa oňa degişli häsiýetdir, ol akyl ýetirişde akyl ýetirilýän zady we onuň häsiýetini aňladýar.

Her bir ylymda we gündelik durmuşymyzda biz pikir netijesini peýdalanýarys. Pikir netijesine degişli bolan pikirlenmäniň kada-kanunlaryny dogry ulanyp, pikir netijeleriniň üsti bilen logiki operasiýada täze pikir ýöretmäni ýüze çykaryp bileris. Meselem, lukman näsagy barlaýar we näsag öz näsaglygy ba-

rada lukmana maglumatlary berýar. Lukman öz barlaglaryny we näsagyň beren maglumatlaryny göz öňünde tutup, onuň keseli barada belli bir netijä gelýär. Ol özüniň çaklamasyny (gipotezasyny) barlamak üçin (umozaklýuçeniýeden[1]) pikir netijesinden peýdalanýar. Eger-de “a” hadysa bar bolsa, onda “b” hadysa hem ýüze çykýar, tersine, eger-de, “a”hadysa ýok bolsa, “b” hadysa hem ýüze çykmaýar, diýen pikir netijesine gelinýär. Şeýlelikde, pikir netijesini ulanyp, ”b” hadysanyň ýüze çykmagyna ”a” hadysa sebäp bolýar diýen zerurlyk pikir ýöretmesini ulanyp pikir netijesini peýdalanýar. Medisinanyň durmuşynda we onuň taryhynda şunuň ýaly pikir netijelerine gabat gelmek kyn däl. Muňa mysal edip lukman Hekimiň Abu Aly Huseýn ibn Abdallah ibn Hasan ibn Aly ibn Sinanyň (Awisenna-980-1037ý) lukmançylyk işinde pikir netijesi örän köp ulanylypdyr. Ibn Sinanyň kakasy Aly Balh şäherinde doglan.

Ol 976-nji ýylda Buharadan 12km aralykda bolan Afşana obasyna göçüp gelýär. 980-nji ýylyň 16-nji awgustynda Alynyň maşgalasynda bir ogul dünýä inýär, oňa hem Abu Aly adyny dakýarlar. Geljekde bu at dünýä boýunça Ibn-Sina-Awisenna adyna eýe bolýar.

Hakyky doly anyklanan maglumatlara salgylanyp, ylym täze hakykylyklary ýüze çykarýar. Pikir netijesi abstrakt pikirlenmäniň formasy hökmünde ten duýgularyndan we pikirlenmäniň beýleki

---

1 “Umozaklýuçeniýe” sözi türkmen diline terjime edilende, ol dürli hili terjime edilipdir. Mysal üçin, prof.,G.I.Çelpanowyň “Logika” diýen okuw kitabynda (1948 ý. çap edilen) “Pähimler” diýilip, S.N.Winogradowyň we A.F.Kuzminiň “Logikasynda” (orta mekdepler üçin okuw kitaby.1953ý) “akly netije” diýilip alnan. “Marksistik filosofiýanyň esaslary” (1963ý) okuw kitabynda “akyly netije” diýlip terjime edilipdir.Ỳöne bu terjimeler “umozaklýuçeniýe” diýen sözüń manysyny doly açyp görkezmeýär. Şonuń üçin ol “pikir netijesi”, “pikirdäki netije” diýlip berilse has dogry bolardy. Aýratyn hem “pikir netijesi” diýlip alynsa onda ol “umozaklýuçeniýe” baradaky düşünjäni doly ańladýar. Çünki “umozaklýuçeniýe” pikir ýöretmeleriń esasynda döreýän täze bir pikir ýöretmedir.

formalaryndan tapawutlanýar. Ol çuň we çylşyrymly hadysalara salgylanyp, netije çykarmaga kömek edýär. Meselem: “Atom öz düzüminde elektrony we protony saklaýar” diýen pikir netijeleri ýönekeý ten duýgulary arkaly ýüze çykmaýar. Olar dürli çylşyrymly faktorlaryň, proseslerin, hadysalaryň esasynda dörän täze bir pikir ýöretmedir, pikir netijesidir, ylmy açyşdyr.

Netije çykarmak üçin ulanylýan pikir ýöretmelere pikir netijesiniň äkidijileri (nosylkalary) diýilýär. Pikir ýoretmeleriň esasynda emele gelýän pikir ýöretmä bolsa olaryň netijesi diýilýär.

Pikir netijesi pikir ýöretmeden tapawutlanýar Islendik pikir ýöretme pikir netijesi bolup bilmeýär. Pikir ýöretmeleriň käbiri pikir netijesi bolup biler.

Meselem: “Eger şu metal mis bolsa, onda ol tok geçirijidir”. Bu mysalymyz hem pikir ýöretme hem pikir netijesidir. Emma “Eger howa maýyl bolsa, gezelenje gideris” diýen pikir ýöretme pikir netijesi däldir.

Diýmek, pikir netijeleri adamyň pikirleniş prosesinde möhüm rol oýnaýar. Olaryň üsti bilen dünýä predmetlerine, hadysalaryna we proseslerine degişli olaryň häsiýetlerini, alamatlaryny beýan etmek, anyklamak, ýüze çykarmak mümkinçiliklerini has-da ýokarlandyrýar.

## 12 nji sapak

**1. Syn etme, eksperiment, deňeşdirme, analiz we sintez.**
**2. Abstragirleme, umumylaşdyrma we çäklendirme.**

Dünýä hadysalaryna akyl ýetirişde ulanylýan düşünjeler, kategoriýalar bolan metod, metodologiýa, metodika düşünjelerine düşündiriş bermek wajyp meseleleriň biri bolup dyrýar.

Metod grek sözi **“methodos”** sözünden bolup usul, ýol diýilen manylary aňladýar, sözüň umumy manylarynda mak-

sada ýetmekligiň usuly görünýär. Metod akyl ýetirişde öwrenilýän predmetiň adam pikirlenmesinde, onuň görkezilmeginiň serişdesi. Aňly-düşünjeli ulanylýan metod täze bilimi netijelere gelmekligiň düýpli şertidir.

Akyl ýetirişiň ösüşinde ylmy pikirlenmäniň umumy prinsipleri döredilipdir. Mysal üçin, olardan induksiýa, deduksiýa, analiz, sintez, analogiýa, deňeşdirme, eksperiment, syn etme we beýlekileri görkezmek mümkin. Bu metodlaryň hemmesiniň esasynda hakykatyň obýektiw kanunlary ýatyr. Şol zerarly metod, teoriýa bilen aýrylmaz baglanyşykdadyr. Her bir anyk ylymlaryň özüne degişli kanunlary bolýar, ýagny öwrenýän predmetine degişli özboluşly metodlary bolýar. Munuň beýle bolmagy kanuny zat, ýöne her bir akyl ýetiriş obýekti üçin ählumumy metod-usyl zerur.

Filosofiýa konkret ylymlardan tapawutlanyp, ol akyl ýetirişiň ählumumy metody bolan dialektiki metody ulanýar. Dialektiki metodyň obýektiw esasy onuň maddy zatlaryň, barlygyň ösüşiniň umumy kanunlaryndan düzülýänligindedir. Bu metod beýleki ylymlaryň metodlary bilen çalyşylmaýar. Dialektiki metod olar üçin umumy filosofiki metod bolup, ylmyň ähli ugurlarynda akyl ýetirişiň guraly we serişdesi bolýar. Dialektikanyň özi şol bir wagtda dünýä hadysalaryny özgertmegiň metody bolup çykyş edýär.

Metodologiýa metod we logos diýen iki sözden durýar. Metod-usul, ýol, teoriýa we logos sözi bolsa paýhas düşünje diýmekdir. Diýmek, metodologiýa metodlaryň toplumyny öwrenýän ugur, bu sistema-düzüm baradaky taglymat. Metodologiýanyň orny barada filosofik pikir ilkinjiler bolup Sokrat, Platon, Aristotel tarapyndan esaslandyrylyp, onuň meseleleri işlenip düzülýär. Adam pikirlenmesiniň dialektiki tebigaty barada Sokrat göz öňüne getirmeler, düşünjeler we olaryň deňeşdirilmegi bilen hakykylyga ýetip bolar diýen pikiri öňe sürýär.

Filosofik teoriýanyň özi hil taýdan bilimiň, bilmekligiň teoretiki mazmunyny aňlatmak bilen, ol metodologiýa hökmünde hyzmat edýär. Onda bu ýagdaýda teoriýa bilen metodyň özara baglanyşygy nähili ýagdaýda? Bu özara baglanyşygy we özara gatnaşygy şeýle göz öňüne getirmek bolar, ýagny teoriýa akyl ýetirişiň netijesi bolup, metody bolsa bilime, bilmeklige ýetmekde we ony guramakda usul hökmünde aňlatmak bolar. Filosofiýada her bir teoretiki düşünje şol bir wagtyň özünde ol metod bolup hem bilýär. Şeýlelikde, filosofiýa akyl ýetirişde tutuşlygyna metodologik funksiýany ýerine ýetirýär. Obýektiw we subýektiw dialektikanyň birliginde dünýä zatlaryna akyl ýetiriş amala aşyrylýar, ýagny akyl ýetirmeklik prosesi dowam edýär.

Adamzat dünýä zatlaryna akyl ýetirmekde ilki bilen ol ten duýgulary tarapyndan zadyň daşky hem-de içki durkuna syn etmek bilen, onuň alamatlaryny, häsiýetlerini, olaryň arasyndaky baglanyşygy, özara baglanşygy we gatnaşygy ýüze çykarýar.

Her bir öňde goýlan meseläniň çözgüdini tapmak üçin iki ýol, ýagny syn etmek hem-de eksperiment ýoly ulanylýar. Syn etme we eksperiment tebigy hem jemgyýetçilik ylymlarynda iň möhum metodlar hasaplanylýar. Her bir barlag, umuman, syn etmesiz bolup bilmeýär. Bu metod syn etmek ukyplylygynyň ýokary derejede çeperligi döredijiligiň ähli formalarynda umuman akyl ýetirişde ulanylmagyny talap edýär.

Akyl ýetirişde sebäp baglanyşygyny ýüze çykarmagyň metodlarynda kesgitleýji orun syn etmeklige we eksperimente degişli. Eksperiment latyn sözi bolup, barlag, barlamaklyk, tejribe diýmegi aňladýar.

Eksperiment barlag edilýän hadysanyň ýüze çykyş prosesine gatnaşmak, oňa işjeň täsir etmek bilen, ony çaltlandyryp, haýallandyryp biler. Eksperiment adamlaryň praktiki döredijiliginiň

bir bölegidir. Eksperiment syn etmek bilen baglanyşyklydyr, ýöne eksperiment we syn etmek bir manyly we birmeňzeş zatlar däldir, olaryň ikisi bir zat hem däldir. Eksperiment ylmy barlagyň has ähmiýetli formasydyr, çünki eksperiment arkaly diňe predmet, hadysa ýöne özleşdirilmän, eýsem predmetiň, hadysanyň giň syry hem açylýar. Ekperiment syn etmeklige garanda, özünde birnäçe artykmaçlyklary jemleýär. Ol, birinjiden, tebigatda sap arassa “Syn etme”, “syn etmeklik” düşünjeleriniň ýerine, deregine “gözegçilik” düşünjesini ulanmak ylmy taýdan dogry däl, çünki “gözegçilik” düşünjesi bilen “syn etme” birmanyly düşünjeler bolup bilmeýär. Çünki, gözegçilik düşünjesi dürli beýleki metodlarda ulanylyp biliner, gözegçilik aslynda metod däl görnüşinde ýüze çykyp bilmeýän hadysanyň häsiýetlerini öwrenmäge mümkinçilik berýär. Ikinjiden, ylmy barlagyň maksady üçin eksperimendiň üsti bilen hadysany islän wagtyňda ýüze çykarmaga kömek edýär. Üçünjiden, eksperiment geçirilýän wagtda eksperimenti geçirýäne hadysanyň gidişine goşulmaga, oňa täsir etmek üçin has zerur şertleri döretmäge we ulanmaga mümkinçilik döredýär. Dördünjiden, eksperiment geçirilýän wagtda täze emeli predmetleri döretmek mümkinçiligi ýüze çykýar. Bäşinjiden, eksperiment ýörite gurallar we enjamlar üsti bilen geçirilýär.

Diýmek, eksperiment özüniň şu hili artykmaçlyklary bilen hem syn etmeklige garanda, daşky dünýädäki hadysalary, predmetleri öwrenmekde has peýdaly we ähmiýetli metod hasaplanylýar. Eger-de şu metod ulanylmadyk bolsa, onda adamlaryň ol ýa-da beýleki fakta gabat gelmegi üçin ençeme ýüz ýyllar garaşmagy gerek bolardy. Emma adamlar eksperiment geçirmek arkaly tebigatdaky we jemgyýetdäki hadysalary, predmetleri hem-de olaryň gizlin syrlaryny barha köp açypdyrlar.

Syn etmek metody hadysanyň ösüş we üýtgeýiş şertlerini üýgetmezden we oňa goşulmazdan barlamakdyr. Adamlar ýönekeý syn etmekligi dürli hili esbaplar, gurallar arkaly barlanlarynda hadysa has giň özleşdirilýär. Şonuň üçin hem, syn etmeklik ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen döredilen emeli gurallar arkaly köp ulanylýar. Şeýle edilende, syn etmeklik has maksada gönükdirilen häsiýete eýe bolýar.

Obýektiw dünýäniň hadysalaryna we predmetlerine akyl ýetirmekde ulanylýan barlag usullarynyň biri hem deňeşdirmedir. Predmetleriň, hadysalaryň meňzeşligini, olaryň biriniň beýlekilerden tapawudyny ýüze çykarýan usula deňeşdirme diýilýär. Elbetde, deňeşdirme üsti bilen hakykaty bolşy ýaly görkezmek üçin, deňeşdirmäniň şertlerini bilmek gerek.

1. Hakykatda biri-biri bilen baglanyşykly, özi hem biri-biri bilen ýakyn baglanyşygy bolan predmetleri deňeşdirmek zerur.

2. Deňeşdirme diňe bir alamat boýunça amala aşyrylmaly. Mysal üçin, zadyň mukdary ýa-da hili mazmuny, ýa-da möçberi boýunça we ş.m.

Analiz predmetleri, hadysalary böleklere bölýän usuldyr. Analiz belli bir maksada gönükdirilen bolmaly. Analiz etmekde täze bir zadyň açylmagyna hem ymtylmaly. Hakykatdan hem predmet analiz edilende, ol predmetiň bölekleri şol predmetiň özüni aňlatmaýar. Mysal üçin, awtomobil-onuň tigirleri, korpusy, ýük göterijiligi we ş.m. Elbetde, analiz netijesinde emele gelen bölekler, ýagny tigir, korpus, ýükgöterijilik awtomobili aňlatmaýar.

Sintez - analizde predmetiň, hadysanyň böleklere bölünen aýry-aýry böleklerini bir bitewä birikdirýän metoda **sintez** diýilýär.

Bu usullar predmetleriň, hadysalaryň aýry-aýry taraplaryny, biriniň beýlekisinden tapawudyny we olaryň arasyndaky

meňzeşligi, predmetiň düýpli alamatyny, onuň düýpli däl alamatyndan aýyl-saýyl etmekde ähmiýetlidir.

Abstragirleme - predmetiň başga bir predmetden, predmetiň belli bir häsiýetini onuň beýleki häsiýetlerinden aýrybaşgalaşdyryp görkezmekdir. Meselem, zadyň, predmetiň düýpli alamatyny düýpli däl alamatyndan tapawutlandyrmak üçin "adam"düşünjesinde onuň düýpli alamatlaryny düýpli däl alamatyndan tapawutlandyrmakda abstragirleme usuly arkaly aýyl-saýyl etmek bolar.

Idealizasiýany abstragirlemeden tapawutlandyrmak gerek. Elbetde, ylmy akyl ýetirişde idealizasiýa abstragirlemäniň özboluşly bir görnüşi,ýöne onuň özboluşly häsiýeti bardyr. Mysal edip, mysal bolup biljek: ”nokat” diýlen düşünje (bu obýektiň beýikligi hem uzynlygy ýok).

Abstrakt düşünjesinde predmetiň özi görkezilmän, oňa degişli onuň belli bir häsiýeti aňladylýar. Meselem, "tok geçirijilik", "aklyk", "mertlik", "batyrlyk", "agyrlyk" we ş.m.

"Konkret" düşünjesi iki manyda ulanylýar. Birinjiden, bir bitewiligiň gös-göni, ten duýgusy arkaly kabul edilmegi manyda, ikinjiden, "konkret" düşünjesi teoretiki pikirlenmede, ylmy kesgitlemeleriň düzüm görnüşi manyda. Elbetde, ten duýgusy bilen bagly bolan konkret düşünjesi, pikirlenmedäki konkret düşünjesinden örän garyp, ýüzleý bolýar.

Pikirlenmäniň ýene-de bir usuly hökmünde çykyş edýän "umumylaşdyrma" düşünjesine garap geçeliň. Umumylaşdyrma latyn sözünden bolup predmetler toplumyna degişli bolan häsiýetiň hususy hem-de ýalňyz toplumlardan düzülmegidir ýa-da ýalňyz, hususy toplumdan umumy topluma geçmekdir. Mysal üçin, ýekeleýinden umuma geçmek,az umumydan has umuma geçmek. Umumylaşdyrmada adam-subýekt konkret predmetlerden daşlaşýar, hut ýekeleýin zada degişli bolan alamaty hem göz öňünde tutmaýar. Eger bir predmet bilen iş

salyşsak, onda onuň düýpli bir alamatyny görkezmek hem ýeterlik bolýar.”Baku şäheri” diýen düşünjäni onuň ýeke-täk bir düýpli alamaty boýunça Azerbeýjanyň merkezi şäheri diýmek bilen düşündirmek hem ýeterlikdir.

Emma predmetler klasyna degişli bolan düşünjäni kesgitlemek çylşyrymly ýagdaýdyr. Munuň ýaly bolanda ilki bilen predmetler klasyna degişli bolan her bir predmetiň alamaty tapylyp, ol abstragirlenýär. Soňra bu alamatlardan diňe ähli predmetler üçin umumy bolan özi hem bu alamat olaryň hökmany her birine degişli bolan alamat alynýar. Her bir metalyň fiziki hem himiki häsiýetleriniň aýry-aýrylykda bilinmegi bilen, adamlar olaryň her birine degişli bolan düýpli alamatlaryndan:eremeklik, ýylylygy geçirijilik, tok geçirijilik we beýlekilerini göz öňünde tutup, olaryň düýpli tapawutly hem umumy alamatlaryndan bütin metallar klasyna degişlidigi ýüze çykarylýar. Netijesinde, “metal” diýen düşünjesini kemala getirilýär. Şonuň ýaly hem “ýyldyzlar” düşünjesinden has umumy düşünjä “asman jisimleri” düşünjesine geçmek bolar. Türkmenistanda ýaşaýan “adamlar” düşünjesinden “Merkezi Aziýada ýaşaýan adamlar” we ş.m.

Pikirde has umumydan az umuma geçmeklik çäklendirmekdir. Aslynda umumylaşdyrmasyz teoriýa bolmaýar. Durmuşda belli bir zada geçmeklik çäklendirme bilen bagly.Ýöne durmuşda çäklendirilen düşünjeleri çäklendirilmedik düşünjelerinden tapawutlandyrmak gerek. Eger-de predmetleri hasaba alyp bolýan bolsa,onda ol çäklendirilendir. Meselem, Lebapda geçiriljek Ýaşulular maslahatyna gatnaşyjylar. Eger-de predmetleri entek doly hasaba alyp bolmaýan bolsa, onda ol çäklendirilmekdir. Meselem, adamlar, fizikler, taryhçylar. Bu hili düşünjelere çäklendirilmedik, şeýle hem olara tükeniksiz düşünjeler hem diýilýär.

Biz sapakda akyl ýetiriş teoriýasynda metod we metodologiýa näme we olaryň arasynda nähili baglanyşygyň, özara baglanyşygyň, özara gatnaşygyň barlygyna garap geçdik. Şeýle hem dünýä zatlaryna akyl ýetirmekde ten duýgularynyň hem-de logiki-pikirlenme taýdan akyl ýetirişe seretdik.

Hakykatdan hem dünýä zatlarynyň many-mazmunyna ýetmekde bu metodlaryň – usullaryň tutýan orny bimöçberdir. Akyl ýetirişiň metodlary bilen ýaraglanan her bir adam durmuşda we döredijilik işinde uly üstünlikleri gazanyp biljegine hiç hili şübhe bolup bilmez. Biziň öňümizde her birimiziň bu metodlar bilen doly derejede dünýägaraýşy gazanmagymyz gerek. Munuň üçin Türkmenistanyň beýik Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimihamedow ähli şertleri döredýär. Bize bolsa bu ugurda üstünlikler gazanmak galýar.

## 13-nji sapak

**1. Analogiýa we modelirleme. Taryhy we logiki metodlar.**

**2. Induksiýa we deduksiýa.**

**3. Ýitizehinlilik we intuisiýa. Subut etme we ýalana çykarma.**

Akyl ýetirişde predmetler arasyndaky gatnaşyklary, baglanyşyklary bilmek we olaryň deňeşdirilmegi esasynda täze bir zadyň mazmunyny açmak üçin, ulanylýan ýagdaýlar hem az bolmaýar. Eýýam mälim bolan, bilnen, anyklanan predmet, hadysa, proses netijesinde olardan täze bir zadyň ylmy açyşyň bolýan ýagdaýlary-da az bolmaýar. Özi hem barlagdan geçen maglumatlaryň başga bir zada bolan meňzeşlik häsiýeti netijesinde barlagdan geçirmäge degişli bolan predmetde hem şol häsiýetleriň bolmagy bilen ylymda zatlaryň many-mazmunyny açmak mümkinçiligi döreýär. Öň anyklanan, bilnen zadyň belli bir kesgitlenilen alamatlarynyň toplumy bilen gabat gelýän

şoňa meňzeş häsiýetli hadysa gabat gelnende, şu zatda hem şol alamatlaryň bolmagy netijesinde dürli täze ylmy açyşlaryň bolmagy bolup biler. Ylymda birmeňzeşligiň başga bir predmetdäki meňzeşligiň bolmagy esasda netije çykarmaklyk ýüze çykýar. Ynha şeýle metod **analogiýa** metody diýlip atlandyrylýar.

Bu akyl ýetiriş metodyň ulanylmagy esasda hut ulag ulgamy bilen baglanşykly ilkinji uçarlaryň döremeginde analogiýa metody ulanylandygy akyl ýetirişiň taryhynda mälim. Analogiýa metodyny ulanmak bilen uçaryň döremeginde guşlaryň uçuşlary, çagalaryň batbörek oýunlary tymsal bolupdyr. Analogiýa çaklama-çen etme pikir netijesi bolmak bilen predmetleriň, ýagny iki predmetiň haýsydyr bir meňzeş alamatlaryna salgylanyp netije çykarmakdyr. Ýöne analogiýa ýalňyş netijelere hem getirip biler. Nemes klassyki filosofiýasynyň wekili I.Kant ýer bilen Aýy deňeşdirip olardaky alamatlaryň bulara degişli bolmagyna salgylanmak bilen Aýda hem ýaşaýyş bardyr diýen netijä gelýär.

Analogiýa öz mazmuny boýunça belli bir derejede ýönekeý bolsa hem has çylşyrymly zatlary açmaklykda ulanylýar. Analogiýany shema üsti bilen şeýle görkezmek mümkin.

**a** özünde P,S,T .... alamatlary bar

<u>**b** özünde P,S......alamatlary bar</u>

Diýmek, **b** hadysada ähtimal T alamat hem bardyr.

Bu ýerde **a** we **b -** hadysalaryň simwoliki belgileri- bular iki sany predmet ýa-da hadysa. P,S,T bolsa olara degişli alamatlar. Shema esasda hem netije çykarylýar.

Analogiýa özüniň häsiýeti boýunça iki görnüşe bölünýär:predmetler bilen bagly analogiýa hem-de gatnaşyklar bilen bagly analogiýa.

Predmetler bilen bagly bolan analogiýa boýunça iki sany ýekeleýin predmet, waka ýa-da hadysadaky alamatlaryň biri-birine gabat gelmegi bilen netije çykarmakdyr. Bu metody ulag we aragatnaşyk ulgamynda has köp ulanmaklyk mümkinçiligi

bar. Çünki, dürli iki hadysada ýüze çykan haýsydyr bir ýagdaýyň döremeginde meňzeş alamatlaryň bolmagy ähtimal.

Tebigy ylymlary üçin golland fizigi we matematigi XVII asyrda Gýuýgensiň söhledir sesiň häsiýetleri bilen bagly bolan ýagtylygyň hereketiniň tebigaty baradaky teoriýasyny mysal almak bolar. Şöhle bilen sesiň meňzeş häsiýetleriniň bolandygyna esaslanyp, ýagny olara degişli bolan meňzeş alamatlar esasynda ýagtylyk hem tolkunlaýyn häsiýetde bolýar diýen ylmy netijä gelýär.

Analogiýa ylymda, tehnikada has hem giň ulanylýar, has hem onuň gatnaşyklar bilen bagly bolan görnüşi giň ýaýrandyr. Analogiýa ylymda meňzeşligi we tapawudy ýüze çykarmakda uly ähmiýete eýedir. Analogiýa bilen bir hatarda modelirleme ylmy akyl ýetirişde belli bir orna eýedir.

Modelirleme ilki bilen modeli döretmek bilen baglanyşykly bolýar. Model bu akyl ýetirmede akyl ýetirişiň obýektini çalşyp, obýektiw esasly pikirlenmedäki düzümdir. Model hökmünde her bir predmeti ulanyp bolar. Eger model zadyň original fiziki tebigy durky bilen bagly bolsa, onda oňa fiziki modelirleme diýilýär. Eger-de model deňleme görnüşinde suratlandyrylýan bolsa, oňä matematiki modelirleme diýilýär. Ulag we aragatnaşyk ulgamynda model we modelirleme möhüm orna eýedir. Modelirleme akyl ýetiriş metodynda, gatnaşyklaryň eksperimental taýdan öwrenilmek zerurlygy gerek bolan ýagdaýynda, ýagny köprüleri, uçarlary, tehnologiki prosesleri we ş.m.dogry ýola gönükdirmek gerek bolanda, has hem köp ulanylýar.

Akyl ýetiriş prosesinde taryhy hem-de logiki metodlar hem möhüm orna eýedir. Taryhy metod bu zadyň, hadysanyň döreýiş, geçiş, hereket ediş taryhyny aňladýar. Meselem, bütindünýä taryhyna degişli işler ýa-da medeniýetiň aýratyn ugurlarynyň taryhy, diýeli filosofiýanyň taryhy, sungatyň taryhy we ş.m. Başgaça aýdylanda, taryhy metod bu obýektiň taryhynyň beýan edilmegidir.

Logiki metod taryhy prosesiň umumy görnüşindäki kabul edilmegidir. Bu metod ilki bilen obýektiň logiki taýdan onuň herekitini ýüze çykarmakdyr. Logiki metod, “obýektiň ösüşiniň kanunalaýyklylygyny” göz öňünde tutýar. Şeýle bir zady hakydadan aýyrmaly däl, ýagny hadysanyň real taýdan akyl ýetirilmeklik prosesi örän çylşyrymly prosesdir. Akyl ýetirişde, pikirlenmede has ýaýran metodlaryň biri hem induksiýa metodydyr. Bu metodyň aýratynlygy ol hem akyl ýetirişde ýalňyz, ekeleýän zatlardan, özlüginde umumy zatdan has umumy zada geçilmek bilen netijä gelmekdir. Ol özüniň şu aýratynlygy bilen deduksiýa metodyndan tapawutlanýar. Induktiw pikir netijesine mahsus bolan häsiýetli aýratynlyklaryň biri hem bu pikir netijesiniň biziň bilimimizi umumylaşdyrmak üsti bilen baýlaşdyrýanlygydyr. Görnüşden jyns düşünjesine geçmek has hem ähmiýetlidir.

Bu metodyň üsti bilen umumy kanunlar, jemgyýetiň we tebigatyň kanunalaýyklaýyn häsiýeti ýüze çykarylýar, predmetleriň we hadysalaryň zerur alamatlary görkezilýär.

Ylymda, akyl ýetiriş prosesinde aýratyn hem gipoteza (çaklama) öňe sürlende induksiýadan köp peýdalanylýar. Induktiw metod hadysalaryň sebäp baglanyşygyny ýüze çykarmak gerek bolanda hem ulanylýar. Induktiw pikir netijesinde ýüze çykarylýan netije takmynlyk häsiýetine eýedir. Ýöne beýle diýilse, bilimiň takmynlyk häsiýeti, biziň umumy bilimimiz, ýagny tebigatyň we jemgyýetiň kanunlaryny doly we takyk görkezmeýär diýildigi däldir.

“Jyns düşünjesi” we “görnüş düşünjesi” pikirde, pikirlenmede köp ulanylýan düşünjelerdir: “jyns düşünjesi” has umumy düşünjedir. Meselem, ulag düşünjesi has umumy düşünje bolup, oňa görnüş düşünjesi diýilýär. Meselem, uçarlar. Şu ýerde “Uçarlar” düşünjesi “ulag” düşünjesine garanyňda, görnüş düşünjesidir. Çünki “ulag” düşünjesi diňe bir uçarlardan düzülmän, onuň dürli beýleki görnüşleri hem bar.

Eger Induktiw pikir netijesi deduktiw pikir netijesi bilen birlikde, biri-biri bilen baglylykda seredilende, olaryň birligi hökmünde garalanda, onda biziň bilimimiz has takyk bolýar.

Marksizmi – leninizmi esaslandyryjylar K. Marks, F. Engels, W.I. Lenin bu pikir netijelerini, ýagny Induksiýany we deduksiýany biri-birinden üzňelikde däl-de, olara birlik hökmünde seretmek zerur diýip belleýärler.

Akyl ýetiriş prosesinde Induksiýanyň iki görnüşi ulanylýar, ýagny doly Induksiýa we doly däl Induksiýa. Predmetler klasynyň hemmesiniň alamatlaryna, gatnaşyklaryna esaslanyp gelinýän pikir netijesine Induktiw pikir netijesiniň doly görnüşi diýilýär. Bu pikir netijesinde netijä gelmek üçin ol klasyň ähli predmetleri alynýar.

Doly däl Induktiw pikir netijesinde predmetleriň käbirine salgylanyp netije çykarylýar. Diýmek, eger predmetler klasynyň käbirine esaslanyp, umumy netijä gelinýän bolsa, onda ol Induktiw pikir netijesiniň doly däl Induksiýa görnüşidir.

Doly Induktiw pikir netijesinde şeýle shema ulanmak bolar.

$S_1$-P-dir

$S_2$-P-dir

$S_3$-P-dir

$S_4$-P-dir

$S_5$-P-dir

$S_6$-P-dir

S1, S2, S3, S4, S5, S6, S7 – S klasyny düzýär.

Diýmek, ähli S – P – dir[2] .

Doly däl Induktiw pikir netijesi hem iki görnüşde, ýagny populýar we ylmy induksiýa görnüşlerine bölünýär. Populýar induksiýada netije ýönekeý sanamak, özi hem garşylygyň gabat gelmedik ýagdaýyna aýdylýar. Ylmy induksiýada diňe bir san-

2“S” belgileri predmetleriň sanawy, “P” belgileri predmetleriň alamatlarydyr.

amaklyk bilen çäklenmän faktlar saýlanyp alynýar we analiz edilýär, barlagdan soň hem netije çykarylýar.

Deduksiýa metody akyl ýetirişde umumydan hususa we ýekeleýine geçmek, şeýle hem hususydan ýekeleýine geçmek prosesidir. Deduksiýa termin görnüşinde Aristoteliň filosofiki pikirlerinde gabat gelýär.

Ol bu pikir netijesini ol we beýleki ýagdaýy (polojeniýe) subut etmek gerek bolanda ulanypdyr. Orta asyrlarda deduktiw metoddan Induktiw metody öňde goýupdyrlar.

Durmuşda deduktiw metod örän köp ulanylýar. Meselem, her bir umumy ýagdaýdan hususy ýagdaýa geçmek gerek bolanda, deduktiw metod ulanylýar.

Deduktiw pikir netijesi öňe sürlen gipotezany esaslandyrmakda, şeýle hem matematikada teoremalary subut etmekde ulanylýar.

Deduktiw pikir netijesiniň iň ýaýran görnüşine sillogizm diýilýär. Sillogizm nosylkalardan hem netijeden düzülýär. Netije çykarmak üçin ulanylýan pikir ýoretmelere onuň nosylkalary diýilýär. Posylkalar esasynda emele gelen täze pikir ýöretmä onuň netijesi diýilýär. Oňa mysal edip şeýle sillogizmi ulanmak bolar.

Her bir garaşsyz döwletiň baýdagy bar. Türkmenistan garaşsyz döwlet. Diýmek, Türkmenistanyň baýdagy bar. Netije.

Deduktiw pikir netijesine aksiomalaýyn häsiýet hem degişlidir. Deduksiýadaky köplenç mälim bolan faktlar bu pikir netijesinde posylkalar hökmünde ulanylýar. Aslynda deduktiw pikir netijesiniň has ýaýran görnüşi sillogizmiň aksiomasy diýlip atlandyrylýar. Ol şeýle häsiýetlendirilýär: eger alamat predmetler klasyna (toplumyna) degişli bolsa, onda ol alamat predmetler klasynyň (toplumynyň) her bir predmetine-de degişlidir ýa-da eger alamat predmetler klasyna (toplumyna) degişli bol-

masa, onda şol alamat predmetler klasynyň (toplumynyň) her bir predmetine-de degişli däldir.

Elbetde, deduksiýanyň üsti bilen netije çykarmak üçin oňa degişli dürli kadalaryň bilinmegi zerur. Olaryň bilinmegi esasynda çykarylan netijeler has dogry ylmy maglumatlary berýär.

Akyl ýetirişde we döredijilik işinde adam özüniň ähli ruhy güýjüni ulanyp, ýiti zehinliligini görkezýär. Ýiti zehinlilik bilen aýan zady, aýan däl zady öz görnüşinde görkezmäni başarmaly. Ýiti zehinlilik subýektiň özboluşly ruhy taýdan işjeňliginiň bir formasy bolýar. Ýiti zehinlilik adam pikirlenmesi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ýiti zehinliligiň ýokary formasyny aňlatmak, gös-göni subýekt tarapyndan zadyň pikirlenmede has real görkezilmegi bilen şertlendirilýär.Ýitizehinlilik akyl ýetirişde pikirlenme bilen gös-göni bagly,özi hem akyl ýetirişiň has ýokary önümliligini döredyär. Ýitizehinlilik täzelikleri açmaklygyň guralydyr.

Elbetde pikirlenme prosesi mydama zady giň ählitaraplaýyn aňladyp bilmeýär. Hakykatdan hem şeýle ýagdaýlar bolýar, haçan-da adam üçin örän çylşyrymly şertlerde tiz kabul edip ondan çalt netije çykarmany başarmak zerurlygy döreýär. Adam intuisiýasy şeýle şertlerde hakykylyga ýetmekligi hiç hili jedel etmezden ýetmeklige alyp barýar. Adamda bar bolan intuisiýa gadymdan bäri mälim bolan duýgy we intellektual görnüşlerden durýar.

Her bir akyl ýetirişiň öňünde obýektiw hakykylyga ýetmek meselesi durýar. Emma hakykylyk öz-özünden döremeýär we taýýar, gutaran görnüşinde bolmaýar. Oňa ýetmeklik üçin örän dowamly işleri alyp barmak zerur. Oňa ýetmek üçin adam ilki bilen dürli çaklamalary orta atyp, onuň çözgüdini tapmagyň aladasynda bolýar. Şeýle ýagdaýda adam dürli ýollary gözleýär, ine,

şu ýerde hem täze bilimiň döremeginde gipoteza, çaklama orta çykýar. Gipoteza adamyň bilimini ösdürmegiň formasy bolýar.

Ylymda we praktikada akyl ýetirişiň maksady bilimde anyklyk, obýektiw hakykylyk.Ylmy, hakyky maglumatlara subut etme we ýalana çykarma üsti bilen ýetmek mümkin. Subut etme ol we beýleki öňe sürülýän tezisi subut etmek bilen iş salyşýar. Öňe sürülýän tezis bolsa subut etmeklige degişli bolan zat, onuň bu prosesde esaslandyrylmagy zerur bolan ýagdaýdyr.

Tezisi subut etmek üçin ulanylýan teoretiki we bar bolan dürli ýagdaýlara **argument** diýilýär.

Ýalana çykarma logiki operasiýa bolmak bilen ol öňe sürülýän tezisiň esassyzlygyny ýüze çykarmak üçin ulanylýar. Subut etmede bolşy ýaly, ýalana çykarmak hem tezis, argument we demonstrasiýa diýen düzümiň üç elementinden durýar.

Subut etme we ýalana çykarma boýunça akyl ýetiriş prosesindäki esasy maksat obýektiw hakykylyga ýetmek bolup durýar.

Ýöne dogry we hakyky ylmy netijeleri gazanmak üçin olara degişli kanunlary we kadalary bilmek gerek.

Tezis bilen baglanyşykly kada görä, tezis logiki taýdan kesgitlenen, düşnükli we anyk bolmaly, tezis subut edilende we ýalana çykarylanda ony çalyşmak gadagan, tezisi üýtgetmek bolmaýar we beýleki kadalaryň bilinmegi subut etme we ýalana çykarma üçin möhüm şert bolup, olaryň bilinmegi dogry hem-de hakyky ylmy maglumatlary bilmeklige getirýär.

Şeýlelikde biz şu sapagymyz bilen akyl ýetiriş teoriýasyna degişli bolan bir giden akyl ýetiriş bilen baglanyşykly dürli soraglara garap geçdik. Şu ýerde bir zady has bellemek gerek ýagny akyl ýetirişiň özi filosofiýada iň bir çylşyrymly hem-de möhüm mesele bolup durýar.

## Sosial filosofiýa jemgyýet baradaky taglymatdyr

### 14-nji sapak

**1. Sosial filosofiýa we onuň predmeti.**
**2. Sosial filosofiýanyň şahalary. Jemgyýetiň ösüşinde obýektiw we subýektiw faktorlar.**
**3. Jemgyýetiň we tebigatyň özara baglanyşygy.**

Adamzat jemgyýeti, onuň döreýşi, ösuşi özboluşly bir hadysadyr. "Jemgyýet" we "tebigat" diýilýän bu düşünjeler biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykda bolýar. Aslynda jemgyýet tebigatyň bir bölegidir.

Italýan akyldary D.Wiko (XVII asyryň ahyry XVIII asyryň başynda ýaşan) jemgyýet **barada** ol filosofiki taýdan orän täsin pikirleri aýdyp geçipdir. Ol jemgyýetiň taryhyny tebigatyň taryhyndan tapawutlandyrýar we jemgyýetiň taryhy adam tarapyndan döredilýär - diýen tassyklamany öňe sürýär. Tebigatda zatlar öz-özünden bolup geçýär - diýip aýtmagy hem şol döwür üçin tebigat bilen jemgyýete bolan garaýyşda ýokary derejedäki paýhasdyr. Jemgyýetde adamlar hereket edýärler, olar akylyny, paýhasyny ulanmak esasda özüniň, ol we beýleki maksatlaryna ýetýärler. Bu pikir ýöretmelerde hakykatdan hem jemgyýet bilen tebigatyň özboluşly alamatlary beýan edilýär.

Adamzat jemgyýeti, ondaky bolýan jemgyýetçilik hadysalar we prosesler jemgyýet bilen baglanyşykly ylymlar dürli tarapyndan garalýar. Olaryň her haýsy jemgyýetiň bir ugruny öwrenýär. Şeýle hem olar dürli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny we hadysalaryny barlagdan geçirýärler, ýagny jemgyýetiň ykdysady, syýasy, ideologiki taraplaryny öwrenýärler.

Sosial filosofiýa jemgyýet bilen baglanyşykly, onuň aýry-aýry taraplaryny däl-de, tutuş jemgyýetçilik durmuşyna bir

bitewilikde garaýar. Sosial filosofiýa jemgyýetiň ösüşiniň hem-de hereket edişiniň ähliumumy kanunlaryny, onuň içki baglanyşyklaryny we ondaky gapma-garşylyklaryň taraplaryny we gatnaşyklaryny öz meselesi hökmünde ulanýar.

Dürli beýleki jemgyýet bilen baglanyşykly ylymlardan tapawutlanyp, sosial filosofiýa ilki bilen, esasan hem, jemgyýetiň döreýşini, ýaşaýşyny, onuň ösüşiniň has umumy kanunlaryny, hem-de hereketlendiriji güýjüni öwrenýär.

Sosial filosofiýada umumy sosiologik kanunlar, jemgyýetiň umumy ösüş kanunlarynyň ähli taryhy ösüş eýýamlaryna degişli bolmak häsiýetiniň bolýandygy zerarly, jemgyýetiň ösüşiniň her bir kesgitli döwründe özboluşly ýüze çykýan hadysalaryň bolýandygy bilen, olardaky hadysalaryň aýratynlyk häsiýetlerini göz öňünde tutýar.

Sosial filosofiýa taryh ylmyndan tapawutlanýar. Taryh ylmynyň wezipesine aýratyn ýurtlaryň,halklaryň taryhyny öwrenmeklik degişli. Taryh ylmy taryhy wakalary, hadysalary ýyl ýazuwy boýunça yzygiderli öwrenýär. Sosial filosofiýanyň aýratynlygynyň ýene bir tarapy, ol hem jemgyýetçilik ylymlary üçin sosial filososfiýa umumy teoretiki, metodologiki ylym bolup çykyş edýär. Sosial filosofiýa ol we beýleki halky, ol we beýleki ýurdy aýratynlykda öwrenmän, adamzat jemgyýetini tutuşlygyna öwrenýär. Özi hem onuň has umumy kanunlaryny we hereketlendiriji güýçlerini öwrenýär.

Filosofiýa ylmynda, sosial filosofiýanyň özi hem teoriýanyň, hem metodyň birligi hökmünde çykyş edýär. Ol gnoseologik taýdan sosial ylymda jemgyýetçilik durmuşynyň jemgyýetçilik aňyna bolan gatnaşygyna has umumy kanun baradaky bilim, umumy sosialogik teoriýa bolup çykyş edýär. Bu teoriýa esasynda taryhçy, ykdysatçy, hukukçy, sungat bilen iş salyşýan ylmyň her bir wekilleri jemgyýetçilik durmuşynyň çylşyrymly hadysalaryndan baş çykarýarlar.

Sosial filosofiýa teoriýa we metod hökmünde konkret sosiologik ylmy barlaglarda onuň ähmiýeti has hem ýokarydyr. Şonuň üçin hem ylmy barlag işlerinde sorag-jogap, anket üsti bilen barlag geçirmek metodlarynda umumy sosiologik teoriýa we metoda esaslanylmagy ýöne ýerden däldir. Şeýle hem, anyk sosial durmuş bilen bagly bolan ylmy barlaglary geçirmekde sosiologik kanunlaryň dürli şertlerde hereket ediş häsiýetini ýüze çykarmakda has peýdalydyr. Sosial durmuş bilen baglanyşykly kanunlaryň ýene-de bir aýratynlygy, ol hem tebigat bilen bagly bolan baky hereket edýän kanunlardan tapawutlanyp, olaryň hereketi we dowam edijilik möwrüti gysga bolýar.

Sosial filosofiýa bolup geçýän wakalaryň amala aşyrylyşyna aralaşmak bilen olara bolan ylmy çemeleşmeler netijesinde, wakalara dogry düşünmek hem onuň gelejekki ösüşine baha bermekde teoretiki esas bolup durýar.

Jemgyýetçilik hadysalary kanunalaýyk ýagdaýda bolup geçýär. Beýle diýildigi, elbetde, jemgyýetçilik hadysalary öz-özünden bolup geçýär diýildigi däl, bu ýagdaýda, taryhy hadysalar bilen baglanyşykly bolan “obýektiw zat” we “subýektiw zat” diýilýän düşünjeleriň mazmunyna we olaryň düýp manysyna düşünmek zerur. Şeýle hem taryhda olaryň nähili özara täsiriniň bardygyny anyk göz öňüne getirmek gerek.

Her bir täze nesliň durmuşa girişmegi taryhy täzedan başlamaýar, tersine, ol ata-babalarymyzyň geçen ýoluny dowam etdirýär. Diýmek, olaryň döredijilik işi belli bir derejede bar bolan obýektiw şertler bilen kesgitlenendir. Bu hut şeýle hem bolýar. Şeýle şertlerde, elbetde, ilki bilen jemgyýetiň ýaşamagy, ösmegi, özgermegi, öne gitmegi hakykatdan hem jemgyýetiň ýaşaýşy ilki bilen onuň maddy durky bilen kesgitlenilýär. Şeýle hem önümçilik bilen bagly bolan endikler, belli bir däp-dessurlar, emele gelen jemgyýetçilik gatnaşyklary, dürli edaralar, ýurdy

dolandyryş formalar we beýlekiler – bular jemgyýetiň obýektiw faktory, obýektiw esasy bolýar.

Elbetde, her bir täze nesil geçmişi gaýtalamak bilen çäklenmän, ol özüniň zerurlyklaryny we isleg-arzuwlaryny göz öňünde tutup, hususy maksadyny durmuşa geçirýär.

Adamlaryň dürli döredijilik işleri, ilki bilen olaryň gündelik zähmeti hut subýektiw faktoryň düýp manysyny düzýär. Subýektiw faktor taryhda subýektiň döredijilik işi bilen kesgitlenilýär (köpçülik, sosial toparlar, partiýalar we belli-belli adamlar). Olaryň döredijilik işi jemgyýetde bar bolan durky saklamak, ösüş ýa-da üýtgeme bilen baglydyr. Subýektiw faktoryň ýüze çykmagy jemgyýetçilik durmuşyny özgertmek bilen baglanyşyklydyr. Jemgyýetiň durmuşynda subýektiw faktoryň ornuna has ýokary üns bermeli, çünki adamlaryň praktiki özgerdiji, işjeň döredijilik işi möhüm ähmiýete eýedir. Adamzat taryhynda, taryhyň ösüşinde tötänleýin ýagdaýyň döremegi hem kanunydyr. Onuň esasy hem adamlaryň özleriniň hereketleriniň nämä alyp barjagyna düşünmezliginden döreýär.

Adamzat jemgyýeti gönüden-göni adamlaryň döredijilik işi bilen kesgitlenilýär. Adam baş figura bolup çykyş edýär. Adamyň hut özüne mahsus bolan ahlak düzgünleriniň, ahlak kadalarynyň bolmagy jemgyýetiň durmuşynda kanuny zatdyr.

Gadymy filosofiýada etika özboluşly bir sapak görnüşinde grek filosofy Aristotel tarapyndan durmuşa ornaşdyrypdyr. Onuň bu filosofik dünýägaraýşynda, etika ylmynyň merkezinde ýagşylyk düşünjesi durýar. Ol etikanyň tebigatynyň kadalaryny, adam ahlagynyň çeşmelerini, iň oňat ýaşaýşyň şertlerini, adalatlylygyň prinsiplerini we onuň beýleki taraplaryny öňe sürüpdir.

Adamlaryň arasyndaky ahlak gatnaşyklar döwletiň mejbur ediş esasynda düzgünleşdirilen hukuk kadalaryndan tapawutlanyp, jemgyýetçilik pikiriniň güýjüne, içki ynançlara, endiklere daýanýar.

Öz gezeginde umumadamzat etiki garaýyşda etiki dünýägaraýşyň dürli-dürlüligini ykrar etmek maksada laýykdyr. Dürli dinlere uýýanlar, milli tapawutlyklar bilen bagly etiki garaýyşlar dürli-dürli bolup biler. Ýöne bu meselede üçünji müňýyllykda bütin dünýä derejesinde bolup geçýän differensirleme prosesi umumadamzat etiki ýörelgeleriniň döremegine şert döredýär. Elbetde, bu etiki kadalaryň emele gelmeginde millilik häsiýet öz many-mazmunyny ýitirmän, onuň umumadamzat ýörelgelerine ýakynlamak prosesi bolup geçýär.

Bu meselede türkmen milletine mahsus bolan adamsöýüjilik, ynsanperwerlik, adam mertebesine hormat goýmak ýaly ýörelgelerine köp üns bersek, has peýdaly bolar diýen netijä gelýäris. Türkmen milletiniň etiki dünýägaraýşy örän giň we baý häsiýete eýedir. Çünki türkmen jemgyýetinde hut her bir adamyň özüni alyp baryş düzgünleri hereket edýär. Ýaş kiçiden başlap, ýaşula, gyz-gelinlerden başlap garry enelere çenli bolan adamlar üçin türkmen milli etikikasynda aýratyn düzgünler hereket edýär. Olardan ulyny sylamak, kiçini söýmek, ata-enä hormat goýmak, gelin-gyz edebi, ýaşululyk edebi, goňşuçylyk gatnaşygy we beýleki bir giden dürli etiki garaýyşlary mysal getirmek bolar.

Adamzat jemgyýetiniň taryhy ösüşiniň dowamynda adamlar diňe bir etiki gatnaşyklar bilen çäklenmän, estetiki garaýşyň kadalaryny, ýagny estetikanyň düzgünlerini hem döredipdirler. Estetiki garaýyş we onuň kadalary gözellik düşünjesi bilen birmanylylyk häsiýete eýedir.

Estetika ylmy sungatyň ösüşiniň kanunalaýyklaryny, sungatyň hakykata bolan gatnaşyklaryny, onuň jemgyýetiň durmuşyndaky roluny, çeper döredijilik işiniň formalaryny öwrenýär.

Sungatyň hakyky ylmy teoriýasy sosial filosofiýa esaslanýar. Estetika – sungata jemgyýetçilik aňynyň formalarynyň biri, özi hem oňa hakykata düşünmegiň özboluşly çeper formasy hökmünde garamaklyk kanunydyr.

Estetikanyň taryhy döreýşi barada söz açylsa, onda bu dünýägaraýşyň gadymy grekleriň we rimlileriň medeniýeti döwründe ýüze çykandygyny bellemek gerek. Bu dünýägaraýşy esaslandyryjy grek filosofy we akyldary – ensiklopedist alym Aristoteldir. Estetika daşky gurşawa bolan gözellik duýgularynyň toplumydyr. Adamzadyň dünýa zatlaryna gözellik gatnaşygy, onyň beýleki zatlar bilen bolan gatnaşyklaryndan düýpgöter tapawutlanýar. Özi hem bu gatnaşyklar adam durmuşyny bezeýär, onuň ruhuny beýgeldýär. Adamyň döredijilik işiniň has ýokarlanmagyna itergi berýär.

Tebigat bilen jemgyýet bir zadyň iki tarapydyr. Adamzat ýaşamak üçin özüne ilkinji nobatda tebigat bilen gatnaşyklary sazlaşykly alyp barmalydyr. Bu dünýäniň kanuny, çünki tebigat we jemgyýet bir bitewilik görnüşinde ýaşaýar.

Adamyň ýaşaýşy üçin diňe bir geografik sreda ýeterlik bolman, dürli beýleki şertleriň bolmagy hem zerurdyr. Sebäbi daşky gurşawy goramaklyk adamzat üçin zerurlyk bolup durýar. Şol wezipäni ýerine ýetiriji akymlaryň biri hem biosfera akymydyr.

**Biosfera** akymy toprak we ondaky suwlar, köller, deňizler we okeanlar bilen baglanyşykly dünýägaraýyşdyr. Bütin bu giňişlikleriň ýeterlik goragy üpjüň edilmändigi sebäpli, bu ýagdaý köp haýwanlaryň we ösümlikleriň ýitmegine getirdi.

Adamzat jemgyýeti özüniň geljegi barada alada etmelidir. Ýaşaýşyň gülala-güllük bolmagy üçin ol ýaşaýan tebigatyny özüniň hususy öýi hökmünde görmegi zerurlykdyr. Häzirki döwürde öz ýaşaýan ýeriň aladasyny etmek has hem gerekdir. Adamzat muňa akylly-başly göz ýetirýär we ol bu ugra degişli meseleleri ýörüte ekologiýa ylmy alkaly alyp barýar. **Ekologiýa** ylmynyň esasy meselesi tebigat bilen jemgyýetiň deňagramlylygyny saklamak bilen bagly bolup durýar. Ekologiýa grek sözi bolup, “oikos” – “ýaşaýan ýeriň”, “gelip gonan ýeriň” diýen manylary aňladýar. Adamzadyň praktiki-döredijilik işiniň

ösmegi bilen adamyň biosfera täsiri ýokarlanýar. Biosferanyň, ýer togalagynyň ýaşaýyş şertleri hil taýdan täze ýagdaýy döredýär.

Tebigat bilen jemgyýetiň özara täsirini öwrenmek bilen bagly ýüze çykan akyma noosfera diýilýär. **Noosfera** -grek sözi bolmak bilen -akyl, paýhas diýmekdir. Bu ugruň tassyklamagy boýunça tebigaty goramak umumadamzat meselesi hökmünde öňe çykýar. Döwletleriň, ýurtlaryň birleşip, ylmy esasda, ylmyň gazananlary esasynda tebigata ynsanperwerligiň ýokary derejesi bilen garamak -öz ýaşaýan öýüňi-tebigatyň haýwanat we ösümlikler dünýäsini goramak meseleleri şu günüň iň uly meselesidir.

Häzirki döwürde adamzat jemgyýeti üçin, ekologiýa meselesi çür başa galdy. Öň belläp geçişimiz ýaly, **ekologiýa** grek sözi bolup **ýaşaýan ýeriň** , **gelip gonan ýeriň** diýen manyny aňladýar. Ekologiýa öz ýaşaýan öýüňi goramak baradaky ylym. Jemgyýet bilen tebigatyň deňagramlylygyny saklamak üçin – ýer togalagynyň ähli ýurtlarynda her bir alnyp barylýan işiň jemgyýet bilen tebigatyň sazlaşykly gatnaşmagyny emele getirýän derejede ýerine ýetirilmegini amal etmeli. Çünki tebigat jemgyýet üçin jemgyýet hem tebigat üçin zerurlykdyr. Biziň Ýurdumyzda bu babatda Beýik Galkynyş eýýamynda geçirilýän çäreleriň ähmiýeti bimöçberdir.

Tebigatsyz jengyýetiň ýaşaýşyny göz öňüne getirmek mümkin däl. Tebigat adamyň döremeginiň we ýaşamagynyň mekany, şol sebäpden hem dünýä halklary oňa “ene toprak” diýip ýöne ýere at bermändirler. Ene toprak mydama adamyny iýdiripdir, ekläpdir, saklapdyr.

Dünýä çäginde, adamzat üçin “tehnika-adam-biosfera” meselesi häzirki zamanyň global meselesi bolup durýar.

Diýmek, şol we beýleki meseleleriň çözgüdini tapmakda sosial filosofiýa umumy filosofik dünýägaraýyş bolmak bilen has hem jemgyýet bilen baglanyşykly global meselelere ylmy taýdan barlag geçirmekde örän ýokary ähmiýete eýedir. Bu filosofik

dünýägaraýyş umuman adamzat jemgyýeti bilen bagly bolup, adamzat durmuşynyň dürli ugurlaryny öz içine alýar. Jemgyýet örän çylşyrymly hadysa. Onda bolup geçýän ösüşler, özgerişler adamyň akyly we paýhasy bilen aýrylmaz baglanşyklydyr.

Adamzat jemgyýetiniň ilkinji döwri bilen häzirki zaman döwrüni göz öňüne getirseň, onda jemgyýetde bolup geçen düýpli hil we mukdar özgermeleriniň bolandygyny görýärsiň. Şonuň ýaly hem adamzat jemgyýetiniň ýaşaýyş mekany bolan tebigatda hem örän köp üýtgeşmeleriň bolandygynyň şaýady bolýarys. Elbetde, ylmyň, tehnikanyň ösmegi bilen adamzadyň tebigata bolan täsiri has hem ýokary derejede duýulýar.

Häzirki zaman ylmy jemgyýet bilen tebigat arasynda sazlaşykly gatnaşyklaryň saklanmagy üçin ýokary derejede aladalanmak şu günki gün üçin baş zerurlykdyr. Bu hakykatdan hem şeýle, tebigat bilen jemgyýetiň sazlaşykly ýaşamaklary üçin zerury şertdir.

## Jemgyýetiň ykdysady ulgamy we onuň filosofik mazmuny

### 15-nji sapak

**1. Maddy nygmatlary öndürmek we onuň düýp manysy.**

**2. Önümçilik gatnaşyklary. Eýeçiligiň formalary.**

**3. Häzirki zaman döwri. Bazar ykdysadyýetiniň meseleleri. Ykdysadyýet we ahlaklylyk**.

Jemgyýet adatdan daşary çylşyrymly we ýokary derejedäki örän çylşyrymly bir bitewilik bolup, ol esasan dört ugra bölünýär. Olar ykdysady, sosial, syýasy hem-de ruhy-medeni ugurlar bolup bu jemgyýetiň düzümini aňladýar. Şu ýerde “sosial” sözi özüniň etimologik manysy boýunça jemgyýet sözi bilen manydaşdyr.

“Sosial” düşünjesi dar manysynda jemgyýetiň bir ulgamyny şöhlelendirýär (sosial toparlar, sosial gatlaklar, millet we milli gatnaşyklar, maşgala we beýl.)

Elbetde, jemgyýetiň düzümi barada söhbet açylyp, bu dört ugry diňe teoretiki taýdan aýrybaşga edip görkezmek mümkin. Jemgyýetçilik durmuş taýdan garalanda bolsa olary biri-birinden aýyrmak mümkin däl. Meselem, ykdysady ulgam bilen sosial ulgama aýrybaşgalykda garap geçsek, onda biz bu ýerde ykdysady ulgamy hereketlendiriji sosial güýç bolup durýandygyna göz ýetireris. Ýöne teoriýa taýdan welin olary biri-birinden tapawutlandyrmak gerek.

Mydamalaýyn önüm öndürmezden, jemgyýetiň bolmaýandygyna, ýoklugyna, ýaşap we dowam edip bilmejekdigine göz ýetirmek kyn däl. Jemgyýetiň ýaşamagy üçin adamlaryň üznüksiz we yzygiderli önüm öndürmelidigi düşnüklidir. Jemgyýetçilik önümçilik prosesinde maddy zatlary öndürmeklik ilkinji, kesgitleýji elementdir.

Jemgyýetde adamlaryň ýaşaýyş durmuşy üçin maddy nygmatlary öndürmeklik adamzat taryhynyň fundamental şertidir. Maddy nygmatlary öndürmeklik mydama jemgyýetçilik häsiýete eýedir. Aýry-aýry adamlar toplumynyň bilelikdäki zähmeti öndürilýän önüme jemgyýetçilik häsiýetini berýär. Adam ýaşamak üçin, elbetde, ýaşaýşyň serişdelerini döretmegi gerek. Adam tebigatyň beren zady bilen kanagatlanmaýar. Adam öz zähmetini ilki bilen tebigatyň kanunlaryny öwrenmäge gönükdirip, tebigatyň zady esasynda, heniz tebigatda bolmadyk zady döredýär. Diýmek, maddy zatlary öndürmek bu adamlaryň döredijilik zähmetiniň miwesidir. Serişdeleriň kömegi bilen tebigatyň zatlaryny özgertmek esasynda öz zerurlyklaryny kanagatlandyrmakdyr.

Adamlaryň döredijilik işi haýsy bir ulgam boýunça bolsa hem, ol belli bir islege, zerurlyga esaslanýar. Sarp etmeklik organizm

üçin, şahsyýet üçin, sosial toparlar, tutuş jemgyýet üçin ýaşaýyş zeruryýetdir. Bu proses, umuman, subýektiň obýektiw reallykdan almaly zady, adam üçin zerurlyk, ýaşaýyşy saklamagyň we tebigat bilen jemgyýetde deňagramlylygyň bolmagynyň esasy şerti. Şeýle bolan ýagdaýda belli bir maksat-isleg ýüze çykýar. Isleg durmuşyň gös-göni talaby, özi hem döredijiligiň motiwidir. Munuň özi islegi kanagatlandyrmaklygyň kömekçisi bolup durýar.

Sarp etmek we isleg şahsy we jemgyýetçilik häsiýetde bolýar. Olar biologik we material, hat-da ruhy görnuşlerde bolýarlar.

Maddy nygmatlary öndürmekligiň iki tarapy bolýar. Olar **öndüriji güýçlerden** we **önümçilik gatnaşyklaryndan** ybaratdyrlar. Önümçilik prosesini durmuşa geçirýän adam zähmetiň **subýekti** bolýar. Adamlar öndüriji güýçleriň esasy we kesgitleýji agzalarydyr. Elbetde, önümçiligi durmuşa geçirmek üçin **zähmet gurallarynyň bolmagy** hem zerur. Zähmet gurallary adamlar tarapyndan döredilen predmetler bolup, olaryň üsti bilen adamlar daşky dünýä täsir edýärler, olary jemgyýetiň peýdasyna, islegine görä üýtgedýärler. Şu ýerde önümçiligiň derejesi zähmet gurallarynyň çylşyrymlylygy bilen kesgitlenilýär we jemgyýetiň ösüş derejesini aňladýar. Önümçilik üçin, şeýle hem önüm öndürmek üçin zerur bolan jaýlar, ambarlar, ulag we ş.m. gerek bolýar. Bular **zähmet gurallary bilen birlikde zähmetiň serişdelerini düzýär. Serişdeler bilen zähmetiň predmeti önümçilik serişdelerini** düzýär.

Adam bu düzümde kesgitleýji orna eýedir. Ol jemgyýetçilik önümçiligi bilen ruhlanan we adamzat taryhynyň tejribesini alandyr.

Diýmek, öndüriji güýçlere ilki bilen adamlar, geçmişiň tejribesi, olaryň önümçilik endikleri, jemgyýet tarapyndan döredilen önümçilik serişdeleri, önümçiligiň tehnologiýasy we beýlekiler degişlidir.

Maddy nygmatlary öndürmeklik adamlaryň ýaşaýşy üçin zerurlyk bolup durýar. Elbetde, öň belleýşimiz ýaly, adam tebigatyň beren zady bilen kanagatlanmaýar. Adam özüniň zähmeti we deri bilen özüni kanagatlandyrar ýaly serişdeleri döredýär. Adam özüniň zähmeti bilen tebigatyň zatlaryny üýtgedýär hem-de heniz tebigatda bolmadyk zatlary döredýär.

Adamlaryň döredijilik işi jemgyýetçilik durmuşynyň haýsy ulgamynda bolsa hem mydama öz islegi bilen aýrylmaz baglanşykda bolýar. Isleg organizmiň durky üçin,şahsyýet üçin, sosial toparlar üçin, tutuş jemgyýet üçin, olaryň ýaşaýyş şerti bolmak bilen durmuşlaryny işjeň ugra gönükdirmekleri üçin zerur şert bolup durýar.

Adam öz zähmetini ýeňilleşdirmegiň serişdesi hökmünde tehnikany döredýär. Tehnikanyň döremeginiň özi bolsa, adam zähmetiniň netijesi, onuň biliminiň ösüşidir. Tehnikanyň taryhy we ösüş prosesine üç esasy etap: el zähmetiniň gurallary, maşynlar, awtomatlar degişlidir. Tehniki progres zähmet öndürijiliginiň esasy faktory, şeýle hem öndüriji güýçleriň derejesini kesgitleýjidir. Ylmyň we tehnikanyň gazananlary häzirki döwürde öndüriji güýçleriň ösmeginiň möhüm şertidir. Ýöne bu prosesde, elbetde, kesgitleýji orun adama degişlidir, çünki ol tehnikany hem döredijidir.

Önüm öndürmek prosesinde adamlaryň öz aralarynda dürli gatnaşyklar döreýär. Bu dörän gatnaşyga **önümçilik gatnaşyklary** diýilýär. Ol gatnaşyk önümçilik serişdeleri bilen bolan gatnaşykda ýüze çykýar. Ol hem ilki bilen önümçilikdäki gatnaşygy aňladýar. Bu gatnaşyklar alyş-çalyşda, paýlaşmada, sarp etmekde öz beýanyny tapýar.

Häzirki zaman önümçilik prosesinde guramaçylyk gatnaşygy esasy, kesgitleýji orna eýe bolýar. Önümçilik gatnaşyklaryndan guramaçylyk gatnaşygynyň öňe çykmagy häzirki zaman

önümçilik prosesiniň esasy häsiýetidir. Ýöne öňki dünýägaraýyş bu meselede şeýle pikiri, ýagny önümçilik gatnaşyklary obýektiw adamyň aňyna bagly däl diýlen ýörelgäni öňe sürýärdi. Häzirki zaman önümçiligine degişli bolan dürli baglanyşyklara we gatnaşyklara düýpli, çuňňur üns berilse, onda hakykatdan hem önümçilik bilen baglanyşykly ähli özgertmeler gös-göni adamynyň aňy, onuň paýhasy bilen baglydyr. Hatda önümçilik bilen bagly bolan önüme bolan isleg hem adamyň aňy, onuň maksatnamalary we meýilnamalary esasynda döreýär.

Önümçilik usuly, önümçilik gatnaşygy, önümçilik prosesi babatdaky üýtgeşmeler we özgertmeler dürli ýurtlar, döwletler, dürli welaýatlar hem-de etraplar bilen baglanyşykly ýagdaýda önümi öndürmek, önümçiligi gurnamak meselesinde belli bir özboluşlyklar bilen bagly ýüze çykýar. Munuň beýle bolmagy kanuny zat. Çünki tebigy şertler, topragyň düzümi, önümçilik gurallarynyň ulanyş mümkinçilikleri bularyň ählisi önümçilik prosesine isleseň, islemeseň, öz täsirini ýetirýär.

Önümçilik prosesinde eýeçilik meselesi ikinji derejeli bolýan hem bolsa, önümi öndürmekde, ony ýerlemekde guramaçylyk maksatnamalary we meýilnamalary. önümçilik prosesini gurnamakda esasy orna eýe bolýar.

Önümçilik prosesinde, önüm öndürmekde zähmet guralyna we zähmet serişdelerine ünsi has hem ýokarlandyrmaly bolýar. Önüm öndürmeklik indi öňki ýönekeý gurallar, esbaplar, mehanizmler, serişdeler bilen ýerine ýetirilmän, örän çylşyrymly tehniki gurallar we serişdeler, dürli ylmy ýollar bilen amal edilýär. Bu häsiýet has hem senagatda:ýeňil we agyr senagatyň görnüşlerinde aýdyň ýüze çykýar.

Önümçilik prosesini gurnamak we ony dolandyrmak häzirki zaman önümçiligi üçin bir zadyň iki tarapy bolup durýar. Önümçilik prosesini gurnamak önüm öndürmekde kes-

gitleýji orna eýe bolýar. Önümçilik prosesini dolandyrmak bu diňe bir önüm öndürmek bilen gutarmaýar. Öndürilen önümleri ýerlemek, önüme bolan islegi döretmek, islegi kesgitlemek, bu zatlaryň ählisi önümçilik prosesini dolandyrmak bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr, çünki öndürilen önümi isleg bildirijilere ýetirmek örän çylşyrymly we kyn iş bolup durýar. Hakykatdan hem öndürilen harytlaryň gerekli ýerlere ornaşdyrylmadyk ýagdaýynda önümçilik prosesi ýitgä galýar. Bu bolsa, bir tarapdan, önümiň öndürilişine öz täsirini ýetirýär, ikinji tarapdan, öndürijileriň iş hakynyň wagtynda berilmezligine alyp barýar.

Şeýle kynçylyklary aradan aýyrmak üçin, ilkinji bolup önümiň öndürlimeginiň maksadalaýyk, isleg-arzuw bilen kesgitlenilmegini gazanmaly. Önümçilik prosesi, elbetde, amatly şertlerde hereket edip biler, ýagny önümçilik prosesi belli bir maksatnama we meýilnama esasynda hereket edýän bolsa, onda ol amatly şertlerde hereket edip biler.

Häzirki döwürde önümçilik prosesi bazar meselesi bilen aýrylmaz bir bitewilikde hereket edýär. Bazar bu örän bir giň giden söwda meýdanydyr. Bu aýratyn hem häzirki döwürde bazar ykdysadyýetiniň dowam edýän döwründe şeýledir. Bazar ykdysadyýetiniň şahsy, aýry-aýry hususy we döwlet kärhanalaryny öz içine alýan döwründe ol öndürilýän önümleriň könelmegine getirip biler, ýöne bu ýerde esasy zat öndürilýän önümleriň hil tarapydyr.

Bu bazar ykdysadyýeti döwründe önümçilik prosesiniň bir tarapy, onuň ikinji tarapy bolsa, bazarda satylýan harytlaryň elýeterli bolmagydyr. Ynha, şu ýerde bir zadyň iki tarapyny ünsden düşürmek bolmaz. Şeýle şertlerde bu iki, tarapy harydyň hil tarapynyň ýokary bolmagyny hem-de elýeter bahada halka hödürlenmek meselelerini kadalaşdyrmak şahsy kärhanalaryň hem döwlet kärhanalarynyň hem işini kadalaşdyryp biler. El-

betde, bu çylşyrymly mesele. Ony çözmekde esasy iki faktoryň, ýagny haryt bolçulygyny döretmek bir tarapdan,. halk üçin harytlary elýeterli bahada etmek ikinji tarapdan, meselesiniň ähmiýeti uludyr .

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň, Beýik Galkynyş eýýamynda bu meseleleri döwlet mydama öz üns merkezinde saklaýar.

Türkmen jemgyýetiniň ýaşaýyş-durmuş ýörelgesi bolan "Döwlet adam üçindir" diýlen syýasaty bazar ykdysadyýetini doly durmuşa geçirmekde baş ýörelgedir.

## Jemgyýetiň durmuşynda syýasy ulgam

### 16-njy sapak

**1. "Syýasat" we "syýasy gatnaşyk" düşünjelerine bolan teswirleme.**
**2. Döwletiň düýp manysy.**
**3. Hukuk ideýasy we adalatlylyk.**

Geçen sapakda belleýşimiz ýaly, jemgyýet örän çylşyrymly sosial organizmdir. Ondaky wakalar, hadysalar bir-biri bilen aýrylmaz baglanyşykda we gatnaşykda bolýarlar. Jemgyýetiň taryhy taýdan ösüşinde onuň ähli häsiýetleri birbada döremeýär. Jemgyýetiň ösüşiniň belli bir etabynda syýasy gatnaşyklar döreýär. "Syýasat" sözi grek sözi bolup, politike - "döwleti dolandyrmagyň sungaty" diýen manyny aňladýar. Syýasat jemgyýetiň agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrmak, düzgüne salmak, tertibe getirmek üçin amala aşyrylýan jemgyýetçilik döredijilik işdir. Filosofik sözlüklerde "syýasat" düşünjesiniň döwlet we jemgyýetçilik işi, maksat diýen many-

lary aňladýandygy nygtalýar. Elbetde, syýasat düşünjesi, syýasy gatnaşyklar, döwlet bilen raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklar bilen kesgitlenilýär. Ýöne jemgyýetde belli bir gatnaşyklar syýasy gatnaşyklary özünde jemleýär, çünki syýasy gatnaşyklardan başga ykdysady, sosial we ruhy-medeni gatnaşyklar hem hereket edýär. Aslynda”syýasy filosofiýa”diýlen düşünje ýok. Bu ýerde biz jemgyýetiň durmuşynda”syýasat”, ”döwlet”, “hukuk” diýlen düşünjeleriň tutýan orny, olaryň teswirlenişi barada gürrüň ederis. Umuman, filosofiýa ýeke-täk bir metod, metologik häsiýete eýe bolmak bilen ähli ylymlar üçin taglymat we dünýägaraýyşdyr. Bu tema “Jemgyýetiň durmuşynda syýasy ulgam” diýilse has dogry bolar.

Syýasat we maksat düşünjelerini biri-birinden diňe teoretiki taýdan aýrybaşga, özbaşdak ulanmak bolar. Emma welin, her bir syýasy gatnaşyk jemgyýetde bar bolan beýleki gatnaşyklar bilen belli bir derejede öz mynasyp ornuny tapýar. Syýasat we onuň düýp manysy ilki bilen her bir döwletiň soňabaka her bir raýatyň, adamyň maksady bilen baglanyşykda bolýar.

Aslynda syýasatyň özbaşdaklygy otnositeldir. Onuň mysalyny biz syýasatyň dürli jemgyýetçilik ugurlardaky ösüşlere öz täsirini ýetirýändiginden görüp bilýäris, çünki her bir syýasy hereket, gatnaşyk, öň belleýşimiz ýaly, maksat bilen aýrylmaz bir bitewilikdedir.

Syýasatyň özi dolandyrmagyň sungatydyr, aslynda dolandyrmak sungatydyr. Bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin syýasatyň ylmyň gazananlaryna daýanmagy zerur, ikinjiden bolsa, ol ahlaklylygyň iň ýokary ölçegi bolmaly, çünki ol ähli sosial döredijilik işleriň düzüminde iň bir jogapkärlisi bolup çykyş edýär.

Syýasy döredijilik iş ilki bilen öňde durýan has ýakyn taktiki we perspektiwalaýyn strategiki real ýerine ýetirip, amal edip boljak maksatlary we meseleleri çözmekligiň aladasyny

edýär, özi hem ony durmuşa geçirmek üçin jemgyýetde sosial toparlaryň belli bir döwür üçin başaryp biliş ukybyny göz öňüne tutulýar. Muňa mysal edip, 2009-njy ýylyň mart aýynyň 6-synda Türkmenistanda bolan Ýaşulylar maslahatynyň ýakyn ýyllarda oba hojalygyny düýpli özgertmek baradaky öňe süren maksatnamasyny görkezmek bolar. Şol maksatnama durmuşa geçirerlikli meýilnamalardan düzülendir, özi hem türkmen jemgyýetinde oba hojalygyny ösdürmäge diýseň uly we çäksiz giň ýol açýar hem-de bu ugruň dünýä derejesine çykmagyna şert döredýär.

Elbetde, maksatnamany durmuşa geçirmek üçin sosial toparlaryň öňünde durýan maksatlary ýerine ýetirmekleri üçin, iň amatly meýilnamalaryň, serişdeleriň hem-de ony guramagyň iň peýdalylaryny ulanmaly. Aýratyn-da hünärmenler meselelerinde olary saýlamak,ýerli-ýerinde goýmak hem-de meseläni çözüp biljek, ukyby bolan adamlary bu işe gönükdirmek zerur.

Hakykatdan hem şeýle meseleleri çözmeklik üçin kesgitlenen syýasy maksady durmuşa geçirip biljek hemme tarapdan ösen, öz işini doly ýerine ýetiräýjek ýerli häkimýetiň bolmagy zerur. Şu ýagdaýlar öňde goýlan meseleleriň çalt çözgüdini tapmaga kömek eder we ýol açar.

Jemgyýetiň syýasy dolandyryş düzüminde esasy orun döwlete degişli. Elbetde, jemgyýetiň ösüş taryhynda syýasy düzümiň esasy agzasy bolan döwlet barada dürli filosofiki pikirler öňe sürüldi we sürülýär. Bu meselede dialektiki-materialistik taýdan düşündirilişe garap geçeliň.

Bu dünýägaraýyş ilki bilen döwletiň mydama bolmandygyny belläp geçýär. Onuň döremegi jemgyýetiň taryhy taýdan ösüşi bilen bagly boldy. Ilki bilen jemgyýetde dürli sosial toparlaryň differensirlenmegi, ýagny sosial taýdan olaryň dürli aýry-aýry toparlara we gatlaklara bölünmegi,dürli sosial görnüşleriň emele gelmegi, zähmetiň dürli görnüşleriniň ýüze çykmagy we hususy eýeçiligiň döremegi netijesinde syýasy we syýasat ýüze çykmagy

bilen baglydyr. Jemgyýetde sosial taýdan differensiasiýanyň, şonuň bilen bagly jemgyýetçilik durmuşyny dolandyrmakda çylşyrymlylyklaryň döremegi, özboluşly bir organyň,elementiň bolmagyna getirýär. Tutuş jemgyýetiň ähli ugurlary bilen bagly bolan funksiýalary – ýerine ýetirmeleri sazlaşdyrmak üçin gerek bolandygy zerarly döwlet döreýär.

Döwletiň döremeginiň genetiki taýdan başlangyjy eýýam bar bolan ýokary gatlagyň özünde birleşdiriji funksiýasynyň bolandygy esas bolýar. Şol zerarly onuň döremegi boş ýerden emele gelmeýär. Elbetde, şol wagt hem ýaşulular toplumyndan häkim saýlamak saýlawlar esasda bolup, saýlanýanyň tutuş köpçüligiň islegine şahsy taýdan adalatly häsiýetiň gabat gelmegi hökmany bolupdyr. Onuň şeýle bolmagy ol döwür üçin kanuny hadysa bolupdyr. Jemgyýetiň bitewi bir bolup hereket etmegi zerurlyk bolupdyr. Düzgüni bozanlara jeza bermek, dürli halkyýetler bilen özara baglanşyk işlerini alyp barmak, şeýle hem uruş we parahatçylyk meseleleriň çözgüdini tapmak häkimlik, üçin şol döwür üçin hökmany bolupdyr.

Elbetde, şol ýagdaýda ykdysadyýet häkimligiň elinde bolupdyr. Bu we beýleki funksiýalary ýerine ýetirmek üçin belli bir kesgitli administratiw organyň gerekdigi ýüze çykýar. Olary durmuşa geçirmek üçin kanun çykaryjy, sud, goşun ýaly döwleti aňladýan guramalar döräp başlapdyr. Netijede, ykdysady taýdan eýeçiligi alyp barýan gatlak üçin döwlet döreýär.

Döwletiň esasy alamatlarynyň biri hem onuň köpçülikleýin häkimýet we häkimligindedir. Häkimligi amal etmek dürli organlaryň we guramalaryň zerurlygy emele gelýär. Ol we beýleki ýurt üçin kesgitlenen territoriýanyň-çägiň bolmagy, onuň ýuridiki statusy, ýagny ýurdy amatly dolandyrmak üçin döwlet gerek bolýar. Döwletiň ýene-de bir häsiýetli aýratynlygy onuň hukuk kadalarydyr hem-de döwletiň özygtyýarlylygy-su-

werenitetidir. Şeýlelikde, döwlet syýasy organ hökmünde döräp, ol ýurduň hem içerki, hem-de daşarky funksiýalaryny durmuşa geçirýär.

Jemgyýetiň ösüş taryhynda döwletiň dürli tipleri we görnüşleri bolupdyr. Döwletler biri-birinden haýsy topara, gatlaga degişli bolandyklary bilen, kimleriň isleglerini goraýandyklary bilen tapawutlanýarlar. Şol esasda döwletiň üç tipi döreýär. Olara gulçulyk, feodalizm, buržuaziýa degişlidir. Bu döwletleriň her biriniň esasy mazmuny şol döwürdäki barly adamlaryň isleg-arzuwlaryny goramak bilen bagly bolýar.

XX asyryň ahyry we XXI asyr üçin döwlet düşünjesi has giň manyny özüne birleşdirýär. Döwletiň jemgyýetde bolmagy, biziň pikirimize görä, ilki bilen milletiň, milli ýurduň çägini we onuň ähli beýleki bähbitlerini goramak üçin diýlip kesgitlenilse has dogry bolar. Soňra hem häzirki zaman döwleti üçin synpy mazmun deň derejede hereket etmeýär.

Döwleti dolandyrmak - jemgyýetiň taryhy taýdan ösüşinde sungatdyr.Adamzat jemgyýetinde döwleti dolandyrmagyň formalary taryhdan mälimdir. Döwleti dolandyrmakda ýokary häkimlik bir adama ýa-da saýlaw esasda kabul edilen edara degişli bolýar. Şu mynasybetli döwleti dolandyrmakdaky monarhiýa we respublika formalaryny biri-birinden tapawutlandyrmak gerek. Monarhiýa formasy döwlet başynda monarhyň, ýagny bir adamyň patyşanyň, korolyň, imperatoryň bolmagy bilen emele gelen häkimlikdir. Bu formada, umuman, nesilden-nesle geçmeklik esasda döwlet dolanyşygy amal edilýär. Häkimligiň respublikan formasynda döwlet ýolbaşçysy saýlaw esasda bolýar.

Döwlet dolandyrmagyň bir metody hem demokratik ýol hasaplanylýar. Jemgyýetiň taryhy ösüşinde demokratiýa taryhy hadysa hökmünde garamak zerur. XX we XXI asyrda döwleti dolandyrmak eýeçilik, ýagny önümçilik usuly bilen däl-de, onuň

täze bir formasy hökmünde döwletleriň özbaşdaklygyna we garaşsyzlygyna esaslanýar. Bu häsiýet yurt çäkliligine, millete hem-de millilige esaslanýar.

Häzirki zaman jemgyýetinde döwletiň mazmuny hem belli bir derejede üýtgeýär. XX we XXI asyrda milli döwletleriň döremekligine doly obýektiw we subýektiw faktorlar döreýär. Şonuň ýaly täze döwlet onuň garaşsyzlygyny, çäk bitewiligini, konstitusion gurluşyny goraýar, kanunyň berjaý edilmegi hem-de hukuk tertibini üpjün edýär. Türkmenistanyň Baş Kanunynda onuň konstitusion gurluşynyň esaslary diýlen ilkinji bölüminde bu teswirleme öz beýanyny tapýar.Ynha, şu zeýilli ýörelgeler häzirki zaman döwletleriniň mazmunyny kesgitlemekde ilkinji alamatlar bolup durýar.

Döwletiň düýpli alamatlarynyň biri hem hukuk meselesidir, şonuň üçin döwletiň bolan ýerinde ýuridiki taýdan hukugyň bolmagy hem kanunydyr. Jemgyýetde adamlar arasyndaky ykdysady, sosial, syýasy we beýleki dürli durmuşy meseleleriň düzgünleşdirilmegi üçin, hukuk kadalarynyň bolmagy jemgyýetde ýaşaýan ähli adamlaryň isleg-arzuwlaryny kadalaşdyrýar. Ýöne döwletde hukuk, kanun normalaryny milli däp-dessurlardan tapawutlandyrmak gerek. Jemgyýetde döwletiň bolan ýerinde döwlet tarapyndan hukuk we kanun normalary kabul edilýär. Döwlet tarapyndan kabul edilen bu normalar, düzgünler şol döwletiň ähli raýatlary üçin hökmany ýerine ýetirilmeli düzgünler hasaplanylýar.

Öň belläp geçişimiz ýaly, häzirki zaman döwletlerinde hukuk düzgünleri ol döwletiň esasy we baş kanuny bolan Konstitusiýasy esasynda amala aşyrylýar. Bu mesele boýunça hem daşa gitmezden, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň esasy kanuny bolan onuň Kostitusiýasyna salgylanmak kanunydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary hem-de borçlary diýilip atlandyrylan bölümde:

“Adamyň hukuklary hem azatlyklary eldegrilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz. Konstitusiýada we kanunlarda görkezilen ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur” diýilip berlen bu teswirleme türkmen jemgyýetinde kanunyň tutýan orny örän ýokary derejede öz beýanyny tapýar.

Her bir döwletde kabul edilen kanun ilki bilen adalatlylygyň prinsiplerine gabat gelse, onda şol döwletdäki hereket edýän hukuk normalary hem raýatlaryň isleg-arzuwlaryna gabat gelýär. Şeýle bolan ýagdaýda ol ýurtda agzybirligiň, asudalygyň, jebisligiň, ýagny jemgyýetde ýeke-täk sosial-syýasy birligiň barlygyny duýmak bolar. Adamyň hukuklarynyň, azatlyklarynyň deňligi, şeýle hem haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dini garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç bir partiýa degişli däldigine garamazdan adamyň döwlet tarapyndan kabul edilen kanunlarynyň öňündäki deňligini kepillendirip bilýän bolsa,  ynha şol ýerde hem adalatlylygyň prinsipleriniň hereket edýändigini görmek bolar. Hiç bir ýerde kanun we däp-dessur normalarynyň ykrar edilmeýän halatynda adalat barada gürrüň hem bolup bilmez. Çünki hukuklaryň we azatlyklaryň amala aşyrylmagy beýleki adamlaryň azatlyklaryny, onuň ahlak kadalaryny, hereket edýän kanunyň talaplaryny, jemgyýetçilik tertibini bozmazlyga gönükdirilen ýagdaýda olaryň gatnaşyklarynda adalatlylygyň prinsiplerini görmek bolar.Häzirki zaman döwletlerinde bu häsiýet olaryň dürli ugurlar boýunça adalatly ysnyşmaklygyna şert döreder.

## Jemgyýetiň sosial düzümi: adamzat, millet, maşgala düşünjeleri.

### 17-nji sapak

**1. Jemgyýet we jemgyýetçilik gatnaşyklary.**
**2. Jemgyýetiň ýaşaýşynyň esasy we zerury şertleri.**
**3. Jemgyýetiň sosial düzümi.**

Sosial filosofiýanyň  özi belli bir derejede ol jemgyýet baradaky ylym diýip aýtmak mümkin.Ýöne jemgyýet bilen sosial filosofiýa birmeňzeş däldir. Sosial filosofiýa jemgyýet üçin hem jemgyýet bilen baglanyşykly beýleki ylymlar üçin hem teoriýa hem metod bolup durýar. Öň belläp geçişimiz ýaly, jemgyýet bu sosial organizm bolup, ol ykdysady, syýasy, sosial we ruhy ugurlary özüne birleşdirýär.

Biz bu tema boýunça ilki bilen maddy dünýäde jemgyýet nähili orna eýe bolýar diýen soraga jogap bermeli. Bu soragyň jogaby hökmünde jemgyýet obýektiw reallygyň özboluşly sistemalarynyň biri bolýar. Elbetde, jemgyýet diňe bir şahsy adamlaryň toplumy däl. Jemgyýet bu adamlaryň bilelikdäki durmuş ýörelgeleri diýmek hem ýeterlikli däl.Çünki olaryň hereketi dürli predmetleriň we prosesleriň, janly we janly däl tebigatyň zatlary bilen baglanyşykda bolýar. Olar sosial hile diňe jemgyýetçilik gatnaşyklaryna ymykly ornaşan wagty geçýär.

Bu tema şeýle atlandyrylsa, “Adamzat jemgyýeti we onuň sosial düzümi: halk, millet we maşgala” diýilse has dogry bolar.

Jemgyýetçilik gatnaşyklary, esasan, sosial sistemany beýleki material sistemalardan tapawutlandyrýar.

Hereketiň sosial formasyny analiz edeniňde, onuň özboluşly häsiýetini görýärsiň. Ol material (maddy) zat bilen ideal zadyň, obýektiw we subýektiwligiň, stihiýalaýyn we

meýilnamalaýynlygyň belli bir derejede birliginde bolup geçýär. Elbetde, jemgyýetde bolup geçýän hadysalar adamlaryň aňy we olaryň erki bilen bolup geçýär.

Elbetde, jemgyýetde hadysalar, prosesler adam aňy we onuň döredijilik işi esasynda bolup geçýär. Jemgyýetiň hemrasy zähmetdir. Aslynda ”zähmet adamy döretdi” diýlip aýdylýan parasatly pikirdir. Dogrudan hem, jemgyýetde adamyň zähmeti ölçeg hökmündedir. Şonuň ýaly hem adam diňe bir zähmet prosesi bilen çäklenmän ol ähli beýleki sosial gatnaşyklary hem ýöredijidir.

Jemgyýetiň özboluşlylygyny jemgyýetçilik durmuşynda onuň esasy meselesi bolan “jemgyýetçilik durmuş” bilen “jemgyýetçilik aňyň” teswirlenişi bilen hem-de olaryň haýsysynyň haýsa baglydygy bilen jemgyýeti kesgitlemekde olaryň haýsysynyň esasy orna eýe bolýandygy bilen görkezmek bolar. Jemgyýetçilik aňynyň jemgyýetçilik durmuşyna baglylygyny taryh subut etdi. Bu teswirlemede material zat bilen ideal zadyň gatnaşygy ýüze çykýar.

Jemgyýetiň material esasyny, material (maddy) jemgyýetçilik gatnaşyklary, onuň ideologik jemgyýetçilik gatnaşyklary beýan edilende olaryň jemgyýetiň “bazisi” we jemgyýetiň “nadstroýkasy” diýen düşünjeler bilen aýrylmazdygy aýan bolýar. Bular jemgyýetiň sosial durmuşynda haýsysynyň ilkinji, haýsysynyň ikinjidigini görkezijidir. Elbetde, jemgyýetiň maddy, material gatnaşyklary jemgyýetiň **bazisini** düzýär. Jemgyýetdäki ideologik jemgyýetçilik gatnaşygy, onuň **nadstroýkasyny** aňladýar.

Adamzat jemgyýetiniň taryhy gös-göni tebigat bilen baglanşyklydyr. Ýöne adamzat jemgyýeti ilkibaşdan dörän däldir, adamzadyň özüniň döreýiş taryhy bar. Adam ilkibaşda

özüniň zähmeti we birek-birek bilen sözleşmek, gepleşmek netijesinde sosial hadysa hökmünde döreýär.

Adamzat jemgyýetinde zähmetiň kesgitleýji häsiýeti bardyr, onuň köpçülikleýin guramaçylygy jemgyýetçilik mazmuna eýedir. Zähmetiň ilkinji alamaty zähmet gurallaryny taýýarlamakdan durýar. Zähmet guraly köpçülik bolup taýýarlanyp, köpçülik bolup ulanylýar. Köpçülik zähmet guralyna ýaşaýşyň manysyny berýär. Adamzat jemgyýeti özüniň ýaşaýşy üçin, şeýle hem adamynyň kämilleşmeginde onuň tebigy organlarynyň gurallara, zähmet serişdelerine uýgunlaşmagy bilen baglydyr. Elbetde, adamyň zähmeti iň ösen haýwanlaryň edýän hereketlerinden kän esse ýokarydyr. Adam özüniň işjeň hereketi bilen tebigata täsir edýär. Ikinjiden, ol mydama zähmet gurallaryny ulanýar we olary täzelemek bilen bolýar. Uçünjiden, adamyň zähmeti aňly-düşünjeli maksada gönükdirilendigi bilen tapawutlanýar. Dördünjiden, ol turuwbaşdan jemgyýetçilik häsiýetinde bolýar, ony jemgyýetsiz göz öňüne getirmek hem mümkin däl. Sosial ösüş biologik ösüşden başga häsiýete eýe bolýar. Adam biologik häsiýetlerini düýpli üýtgetmezden, sosial hadysa hökmünde ösýär. Jemgyýetiň ösüşinde adamynyň biologik ösüş tarapy haýallanýar, elbetde, ol belli bir organlarynyň kämilleşmegi esasynda, bolup geçýär. Ýöne welin jemgyýetiň ösüş taryhy çaltlaşýar, hatda bu ösüş käbir durgunlyklaryň we yzagidişlikleriň bolmagy bilen hem bolup biler. Öň belläp geçişimiz ýaly, jemgyýet halk köpçüligi bilen bagly, çünki köpçüliksiz jemgyýeti göz öňüne getirmek mümkin däl. Şonuň ýaly hem geografik sredanyň täsiri esasynda jemgyýet ösýär we özgerýär. Zähmet gurallarynyň hereket etmegi üçin, zähmet serişdeleri we önümçilik serişdeleri zerur. Zähmet serişdeleriniň kömegi bilen zähmetiň predmetine täsir edilýär. **Zähmetiň predmetleri** we **zähmet serişdeleri** bilelikde **önümçilik serişdelerini** düzýär.

Adamzat jemgyýeti örän çylşyrymly sosial organizm. Bu sosial organizmde kesgitleýji orun adama degişlidir. Adam jemgyýeti döredýär, ony ösdürýär we özgerdýär.

Adamyň düýp manysy ähli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumy bilen aňladylýar. Diýmek, adamyň adam sypatyna girmeginiň özi hem jemgyýetiň döremegidir. Adamzat jemgyýeti dürli etaplary başdan geçirýär. Ol ilkinji başlangyç döwründen siwilizasiýanyň döremegine getirýär.

Adamzat jemgyýeti tebigatyň belli bir böleginde, ýagny geografik sredada bolup geçýär. Oňa derýalar, şeýle hem adamyň döredijilik işi bilen bagly döredilen kanallar, tokaý we tebigy tokay zolaklary, meýdanlar, mal bakylýan örüler we ş.m. degişlidir.

Geografik sreda jemgyýetiň durmuşy üçin zerury şertdir. Adamzat jemgyýetiniň döremegi bilen geografik sreda mydama üýtgeýär.

Geografik sreda degişli bolan bir akym ol hem **geografik determinizmdir**. Bu akymyň wekilleri adamlaryň psihiki aýratynlyklary, özboluşlylyklary olaryň durmuşynyň ähli taraplary we umuman, jemgyýetdäki durmuş tebigy şertlere bagly diýen ideýa gulluk edýärler.

Başga bir akym bolan geopolitika akymy bolsa, adamyň ýaşaýyş giňişligi baradaky garaýyşdyr. Bu akymyň garaýşyna görä,ýaşamak üçin ýer, yurt edinmeli diýen pikiri öňe sürýär. Bu mesele ylmy taýdan dogry edilip iş alnyp barylsa, onda bu garaýyş özüniň obýektiw zerurlyk manysyny açar.

Geçen sapaklarymyzda biz belli bir derejede sosial ulgam barada az-kem maglumat alypdyk. Olardan jemgyýetiň ösüşiniň dört ugrunyň biri sosial ugur, ýene-de maddy nygmatlary, medeni baýlyklary döredijiler hem sosial toparlardyr. Elbetde, biz bu bölümimizde sosial ulgamyň teoretiki taraplaryna garap geçeris.

Jemgyýetiň sosial ulgamy taryhy hadysa, jemgyýetiň döremegi bilen ol onuň bir ugry bolup çykyş edýär. Bu ulgam özüniň otnositel durnuklulygy bilen jemgyýetiň dürli elementleriniň düzümini aňladýar. Sosial ulgam taryhy umumylyklar bolan taýpadan, halkyýetden, milletden, maşgaladan hem-de synplardan, sosial toparlardan düzülýär. Bu düşünjelere dogry analiz bermek üçin jemgyýetçilik ykdysady formasiýa, önümçilik usuly, bazis we nadstroýka, zähmet bölünişigi, jemgyýetçilik durmuşy we jemgyýetçilik aňy ýaly jemgyýetçilik hadysalarynyň tutýan ornuna baha bermeli. Çünki her bir kesgitli önümçilik usuly özüne degişli jemgyýetiň sosial ulgamy bolýar. Jemgyýetiň ykdysady taýdan üýtgemegi bilen onuň sosial ulgamynda hem üýtgeşmeler bolýar.

Her bir kesgitli jemgyýetçilik ykdysady formasiýanyň özüne degişli sosial düzümi bolýar. Jemgyýetde özüniň tutýan ýagdaýyna görä hem sosial toparlar bolýar. Ol sosial toparlaryň döreýşi barada taryhda dürli pikirler bolupdyr, ýagny birileri adamlaryň ruhy taýdan, başga birileri olaryň psihik taýdan aýratynlygy, ýene-de birileri dini garaýyş bilen bagly edip görkezýärler.

Synplaryň we synpy gatlaklaryň döremeginiň ilkinji döwri ilkidurmuş jemgyýetiniň dargamagy bilen baglydyr. Bu dargaýyş synpy jemgyýetiň döremegine getirdi. Synplaryň döremegine öndüriji güýçleriň ösmegi we zähmet bölünişigi sebäp bolýar. Olaryň ilkinjisi, bir söz bilen aýdanyňda, maldarçylygyň ýer eýelerinden aýrylmagydyr. Senetçiligiň ýer eýeçiliginden aýrylmagy ikinji zähmet bölünişigidir. Üçünji zähmet bölnüşigi akyl zähmetiniň fiziki zähmetden aýrylmagydyr. Zähmetiň bu görnüşleriniň arasyndaky birek-birege bolan terslik gatnaşyklary geljekde esasy sebäp bolup çykyş etdi.

Synpa bolan kesgitleme W.I.Lenin tarapyndan berildi. Onuň kesgitlemesine görä, synplar bu adamlaryň uly topary

bolup, olaryň önümçilik sistemasynda tutýan orny, önümçilik serişdelerine bolan gatnaşygy, zähmeti guramakdaky roly, paýlaşykda, jemgyýetçilik baýlygyndan alýan paýy bilen kesgitlenilýär. Synplar adamlaryň toplumy bolup, olardan biri beýlekiniň zähmetini özüne geçirýär. Elbetde, bu kesgitleme jemgyýetde synpy gatnaşyklaryň bolan ýerine degişlidir. Synpy jemgyýetçilik formasiýalaryna degişli bolan synplary şeýle häsiýetlendirse bolar. Gulçulyk jemgyýetine gullar we gul eýeleri. Feodalizm jemgyýetine daýhanlar we ýer eýeleri-feodallar, kapitalizm jemgyýetine işçiler we kapitalistler degişlidir.

Buržuaziýa jemgyýeti bilen bagly bolan işçiler we kapitalistler arasynda gapma-garşylykly göreş, ýagny synpy göreş has güýçli, ýokary derejede bolýar. Şonuň üçin hem bu jemgyýetçilik formasiýasynda synplar arasyndaky göreşi üçe bölýärler: ykdysady, syýasy we ideologik. Olar proletariatyň, işçiler synpynyň burjuaziýanyň garşysyna bolan göreşleriniň formalarydyr. Bu göreşleriň formalarynyň her birine degişli özbolușly häsiýetleri bar.

Elbetde, her bir jemgyýetde onuň synpy taraplaryndan başga hem dürli sosial toparlary-da bolýar. Olardan intelligensiýany we gullukçylary görkezmek bolar. Bu sosial klassifikasiýany absolýutlaşdyrmak hem bolmaz, çünki belli bir sebäplere görä "sosial migrasiýa" esasynda, olar synpy we sosial topar, sosial gatlak görnüşinden başga bir sosial görnüşe geçip biler.

Ýöne XXI asyrda synp düşünjesine öňki berlen kesgitleme doly gabat gelmeýär. Edil şol kesgitlemä görä, edil şol manyda synplary tapmak, toparlara bölmek örän kyn.

Hususan häzirki zaman jemgyýetlerinde "sosial gatlaklar", "sosial toparlar" düşünjesi ylmy düşündiriş taýdan dogry bolsa gerek. Hakykatdan hem hut öňki many-mazmundaky "arassa" synpy gatlagy tapmak aňsat bolmasa gerek.

## 18-nji sapak

**1. Halkyýet we millet düşünjeleriniň düýp manysy. Millet, millilik, milletçilik düşünjeleri.**

**2. Söýgi, nika, maşgala we olaryň özara baglanyşygy. Häzirki zaman dünýäsi we demografik mesele.**

Adamzat jemgyýetinde ilkinji ýüze çykan taryhy umumylyk **tiredir**. Olar gandüşer garyndaşlyk gatnaşyklary birleşdirýär. Tireler bilelikde zähmet çekip, öz bähbitlerini bilelikde goraýarlar. Olar diliniň, däp-dessurlarynyň, adatlarynyň umumylygy bilen tapawutlanýarlar. Birnäçe tireleriň birleşmeginden **taýpa** döreyär. Bular ilkinji etniki umumylyk we adamlaryň sosial guramasy hasaplanylýar. Olaryň ýaşaýşynda çäk, ykdysady umumylykda köpçülikleýin aw awlamak, diliň emele gelşinde umumylyk we gandüşer garyndaşlyk baglanyşygy degişli bolupdyr. Taýpalar birleşmeleriniň döremegi, olaryň arasynda durmuş we medeni baglanyşyklaryň güýçlenmegi, harby çakynyşyklaryň bolmagy, göçüp-gonmaklygyň çaltlaşmagy hususy eýeçiligiň we synplaryň döremegine getirýär. Bularyň ählisi täze bir taryhy umumylygyň formasy bolan halkyýetiň döremegine alyp barypdyr. Halkyýet gulçulyk we feodalizm bilen baglanyşykly ykdysady önümçilik usulynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly döreýär. Döwletiň döremegi bolsa halkyýetiň berkemegine getirýär.

Kapitalistik gatnasyklarynyň ösmegi bilen ykdysady hemde medeni baglanyşyklaryň ýokarlanmagy esasynda milli bazar döreýär we halkyýet millete öwrülýär. Millet - bu kapitalistik jemgyýetiniň döreden taryhy umumylygydyr. Bu ykdysady taýdan umumylykdyr we olaryň territoriýa çäk taýdan, diliniň birligi taýdan, psihiki aýratynlygy taýdan, durmuş we medeni

däp-dessurlaryndan has ýokary umumylykdyr. Bu umumylykda kesgitleýji orun ykdysady faktorlara degişlidir.

Millete diňe bir milli aýratynlyklaryndan başga onuň dürli milletler bilen dil birliginiň, din birliginiň, däp-dessur birliginiň bolmagy kanuny zat. Milletlerdäki dürli öwüşgünlikler adamzat köpçüligini bezeýär. Milletiň durmuşyndaky milli duýgularyň ösüşi jemgyýetiň ösüşiniň ähli döwürlerinde birmeňzeş bolmaýar. Bu hereketlerde bolup geçýän dialektiki özgerişler milletleriň ösüşinde olaryň berkemeginiň faktory bolup biler. Milletiň geljegi adamzat umumylygyna barýar, tire-taýpa gatnaşyklary bolsa onuň geçmişidir. Türkmen milleti bilen baglanyşykly käbir aýratynlyklary bellemek kanunydyr. Türkmen milleti ynanjaň milletdir, türkmen milleti adamsöýüji milletdir, türkmen milletiniň kalby arassa halkdyr, türkmen milleti ynsanperwer halkdyr. Her bir millet özüniň hakyky millilik duýgularyny özünde jemlände, ol mydama öňe sary barýandyr. Millet bakydyr, tire-taýpa bolsa wagtlaýyndyr.

Şu ýerde halkyýet bilen, halk bilen, millet bilen baglanyşykly käbir özboluşlyklary aýan etmek gerek. Halk umumylyk, millet bolsa bitewilikdir, çünki belläp geçişimiz ýaly, milletiň döremegi bu taryhy prosesdir. Häzirki zaman milletleri üçin dil, dini-ynanç, däp-dessur, ykbal hem döwlet birligi möhümdir. Elbetde, milletiň döremegi bilen onuň döwleti döreýär. Netijede, milli döwlet emele gelýär. Milli döwlet öz milletiniň milli bähbitlerini göz öňünde tutup, ýurduň milli baýlyklaryny halka siňdirmek üçin döwrebap çäreleri durmuşa geçirýär. Türkmen milleti babatynda aýdanymyzda, milli bähbidi milletara bähbitleri bilen utgaşdyrmakda Hormatly Prezidentimiz uly halkara derejesindäki işleri alyp barýar. Hut Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň bu ýörelgesi häzirki zaman milli we milletara gatnaşyklary üçin şu günki günüň täze filosofik nazaryýetdir-taglymatdyr.

Hakykatdan hem häzirki zaman döwletara we milletara gatnaşyklary milli gatnaşyklar meseleleri boýunça adamzat jemgyýetinde diferensirlenme prosesi bolup geçýär. Elbetde, millet we milletara gatnaşygynda dürli hadysalaryň bolmagy we bolýandygy geň galdyryjy zat däldir.

Milli meselede ýüze çykýan bir ugur ol hem milletçilikdir. Munuň düýp manysy gysgaça aýdanyňda, bir millet beýleki milletiň garşysyna goýmakdyr. Milletçiligiň soňy **şowinizme** getirýär.

Milli gatnaşyklaryň barşynda birek-birege hoşgylaw, hoşniýetli gatnaşyklar bolsa internasionalizme getirýär. Bu dürli milletleriň wekilleri bolup, ol ýa-da beýleki döwletde birek-birege hormat goýup, bir maksada gulluk edip ýaşamakdyr. Ýöne internasionalizmi öňe sürmek oňa watansöýüjiligiň garşysyna goýmak däldir, çünki öz watanyňa bolan söýgi ol we beýleki millet üçin iň ýokary derejedir. Garasyz, baky Bitarap Türkmenistan döwleti babatda söhbet açylanda bolsa, onuň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Gazanylan üstünlikleriň ählisiniň aňyrsynda adamlaryň halal zähmetiniň, olaryň işe höwesiniň, öz Watanyna söýgüsiniň durýandygyny ýatlatmak zerurdyr. Şonuň üçin hem biziň geçirjek işlerimiziň hemmesi ak ýürekli zähmetkeşleriň bähbitlerine gönükdirilendir.”[3] diýip bellemegi türkmen milletiniň her bir raýatynyň Watanyny gözüniň göreji ýaly görmelidigininiň taglymat ýörelgesidir.

Türkmen halkynyň millete öwrüliş taryhy bir geňlikdir. Biziň milletimiziň gözbaşynda Oguz han nesilbaşymyz durandyr. Ol bäş müň ýyl mundan owal türkmenleri milli-syýasy bitewilige öwürmegiň hötdesinden gelen beýik şahsyýetdir. Türkmen milleti Oguz han Türkmenden başlanýar. Oguz han türkmenden, Gorkut atadan, Görogly türkmenden, Magtymguly atamyzdan bize türkmen ýoluny mukaddes tutmak wesýeti, türkmen

---

3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. “Aşgabat” 2007ý.12-nji sahypa.

milletiniň jebisligi, bitewiligi barada ençeme öwüt-ündewler galypdyr. Bu öwüt-ündewlere syn etsek, onda milletimize buýsanç, guwanç duýgusy her bir türkmeniň kalbyna dolýar. Bu milletiň esasy aýratynlyklarynyň biri hem ol öz topragyny mukaddes saýyp, topragyny keramat bilip, Watanyny başyna täç edinipdir. Eger-de türkmen milletiniň internasional duýgusyny beýan etmek gerek bolanda, onda Türkmenistan ýöne bir türkmen ýurdy, türkmen Watany bolman, tutuş ondaky raýatlaryň aramyzda ýaşaýan beýleki doganlyk halklaryň beýik maksatlarynyň, arzuw-islegleriniň durmuşa geçýän ýurdudyr. Türkmen milleti bir ojagyň, bir saçagyň başynda jem bolan halkdyr. “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistany kuwwatly, beýik Döwlete öwürmekde mähriban halkyma bil baglaýaryn”[4]. Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň bu parasatly pikirlerinde türkmen halkynyň, şol sanda ähli türkmenistanlylaryň dostluk-doganlygyň saýasynda beýik özgerişleri amal edýändigini görmek bolýar. Hormatly Prezidentimiziň bu parasatly pikirlerindäki “halkym” sözi örän çuň mana eýe bolup,Türkmenistanda ýaşaýan dürli milletleriň bir bitewiligini aňladýar. Hakykatdan hem Türkmenistan Watany dürli milletleriň wekilleriniň bir maksada gulluk edýän ýurdudyr.

Haýsy ýurtda halklaryň, halkyýetleriň, milletleriň erkana ýaşamagy, işlemegi, özüni şol ýurduň bir ülşi kimin saýmagy üpjün edilen bolsa, bu ýurduň abadan, asuda, agzybirliginiň alamatydyr. Eger-de ýurduň syýasatynda milli meselede her bir milletiň we halkyýetiň maksady göz öňünde tutulýan bolsa, onda ol ýurtda milletçiligiň alamatlarynyň ýüze çykmagyna ýol ýokdur. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan ähli babatlarda şeýle ýurtdur. Milli we internasional duýgularyň ösmegi we olar arasyndaky baglanyşygyň güýçlenmegi umumadamzadyň geljegidir. Munuň özi häzirki döwürde taryhy prosesdir.

4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007 10-njy sahypa.

Adamzat jemgyýetinde şeýle bir özboluşly sosial gatnaşyklaryň biri ol hem maşgala gatnaşyklarydyr. Maşgala munuň ozi nesli dowam etmegiň serişdesidir, ilkinji adamlaryň sosial umumylyklarynyň formasydyr.

Bu şeýle bir uly bolmadyk topar birligi bolup,ilki bilen adamzadyň nesliniň dowam etdirilmegini şertlendirýär we kesgitleýär. Maşgalanyň ýuridiki esasy aýal bilen erkegiň nika baglanyşygynyň düzgünleşdirilmesidir. Är-aýal gatnaşygynda iň ýokary kanun hökmünde özüni alyp barmaklygyň kada-kanunlary ýatýar. Bu babatda iň ýokary derejäni özünde saklaýan zat söýgüdir, bu bolsa söýgüsiz nikalaşmazlygy aňladýar. Onsuz baglaşylan nika maşgala gurmaklykda kanunyň bozulmagydyr. Söýgi çuň we durnukly ahlak- estetiki duýgudyr.

“Söýgi” düşünjesi örän çuň we giň düşünje. Umuman, söýgi we nika birleşmesinde döreýän söýgi birmanyly däldir, çünki söýgi dürli görnüşlerde we dürli gatnaşyklarda bolup biler. Adamzadyň iň gözel duýgy häsiýetleriniň biri söýgüdir. Milli söýgi duýgulary hem belli bir derejede beýleki halklaryň milletleriň söýgi duýgularyndan tapawutlanýar. Ol duýgular dini we milli däp-dessurlary bilen baglanyşykly duýgudyr.

Türkmeniň milli söýgi pelsepesi hem çuňňur many-mazmuna eýedir. Ol söýgini Ylahy we Zemin söýgüsine bölýärler.

Ylahy söýgi has uly taraplaryň arasyndaky, ýagny Ýaradan bilen Ýaradylanyň arasyndaky söýgüdir, arabaglanyşykdyr.

Türkmeniň filosofik dünýägaraýşynda söýgini üç görnüşe bölýärler. Olar **mähir, yşk** we **muhabbetdir**. **Mähir**-ten, duýgy ýokundysy bolmadyk söýgi. Söýgüniň bu görnüşi örän giň manyny öz içine alýar. Ata- enäniň perzende, perzendiň ata-enä, doganlaryň bir-birine,adamyň Watanyna we milletine bolan söýgüsi mähirdir. Türkmen şonuň üçin hem mähriban ene, mähriban dogan, mähriban Watan diýen pikirleri-pähimleri ulanýar. Maşgala gurmak, maşgalany döretmek, nika meselesi

bilen baglanyşykly söýgi erkek bilen aýalyň arasyndaky duýgy gatnaşyklary we baglanyşyklarydyr.

Maşgala bu taryhy hadysa. Ol adamzat jemgyýetiniň döremegi we ösmegi bilen aýrylmaz baglanyşykdadyr. Ýöne ol jemgyýetiň ösüşinde dürli jemgyýetçilik formasiýalarynda üýtgeşmeleri başdan geçiren taryhy hadysadyr.

Adamzat ösüşiniň “wagşyçylyk” eýýamyna köpçülikleýin nika mahsus bolupdyr. Adamzat siwilizasiýasynyň döremegi bilen är-aýal, monogamma nikasy döreýär.

Maşgalanyň döremegi bilen oňa degişli birgiden sosial funksiýalar döreýär. Maşgala agzalarynyň arasynda geljekki nesli terbiýelemek, öý hojalyk işlerini alyp barmak, durmuşda birek-birege kömek bermek ýaly jemgyýetçilik-sosial funksiýalar ýüze çykýar. Maşgala jemgyýetiň demografik binýady bolup çykyş edýär. Şeýlelikde, maşgala şahsyýetiň döremeginiň we ösmeginiň sosial taýdan ojagy bolup galýar. Çaga ýetginjeklik ýaşyna barmagy bilen ol maşgalada zähmetiň iň ýönekeý endiklerini, özüni alyp barmaklygyň düzgünlerini, dil öwrenmekligi we pikirlenmäni öwrenip, umumadamzat medeniýetiniň gazananlaryna aralaşýar, jemgyýetçilik hadysasy hökmünde durmuşa düşünmäge başlaýar. Şeýdip hem jemgyýet adamsy funksiýasyna girişýär. Elbetde, jemgyýet üçin durnukly maşgala zerurlykdyr.

Dogry, maşgala baradaky filosofik pikirleriň çäginde türkmen maşgalasyna mahsus bolan käbir özboluşlylygy aýtman bolmaz. Türkmen maşgalasynda ata-ene şahsyýeti ýetişdirmekde tükeniksiz güýç-kuwwaty sarp edýär. Türkmen maşgalasynda ata-enäniň perzendiniň, perzendiň hem ata-enesiniň öňündäki borjy aç-açandyr. Şolardan ata-enäniň borjy perzendine at dakmak, edep bermek, bilim bermek, hünär öwretmek, öýermek, öýli-işikli etmek, Watanyň hyzmatyna bermek ýaly edilmeli işler

türkmen maşgalasynda ata-ene bilen bagly zerury borçlardyr. Aslynda bu sanap geçen häsiýetlerimiz türkmen maşgalasy üçin düzgüne giren möhüm zerurlyklardyr.

Türkmen perzendine her bir işi diýip etdirtmän, edip, görkezip terbiýeleýär, ýerine ýetirdýär. Bu türkmen maşgalasynyň ozeniniň düýp manysydyr.

Adamzat jemgyýeti üçin ýer togalagynda adamlaryň ýerleşişi, ýagny ilatyň gürlügi, olary düzgünleşdirmek häzirki zamanyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar. Aslynda jemgyýetiň ýaşamagy we dowam etmegi üçin ilatyň bolmagy, zerurlykdyr. Bu mesele boýunça sosiologlar dürli pikirleri öňe sürýärler. Olardan rus sosiology M.M.Kowalewskiý ilatyň sanynyň köpelmegi önümçiligiň ösmegine alyp barýar,ýagny olaryň köpelmegi bilen ýaşamak üçin dürli ýollary, çeşmeleri gözlemäge mejbur edýär diýip tassyklaýar. XVIII asyryň ahyrynda XIX asyryň başlarynda ýaşan iňlis ykdysatçysy Maltus düýpden başga pikirleri öňe sürýär. Ol adamlaryň sanynyň köpelmegi jemgyýetçilik nogsanlyklaryň çeşmesidir diýen pikiri orta atýar.

Maltus öz pikirini esaslandyrmak üçin, şeýle ýörelgäni, ýagny ýaşaýyş serişdeleri arifmetiki progress bilen ösýän bolsa, adamlaryň ösüşi geometriki progres bilen bolýar, şol esasda açlygyň, işsizligiň, garyplygyň döremegine getirýär diýen netijä gelýär.

Elbetde, ilatyň sanynyň köpelmegi we ýaşaýyş serişdeleri mydama deň we gabat gelip durmaýar. Ýöne tehniki progres ýaşaýyş serişdeleriniň öňe geçmegine getirýär. Biz häzir adam başyna düşýän önümiň köpelýändigini we köpdügini görýäris.

Adam sanynyň ýer togalagy boýunça köpelmegi önümçiligi täzeçe guramaga getirip biler. Ýöne adamlaryň sany ol we beýleki jemgyýetde önümçiligiň ösüşine bagly. Neolit döwrüniň, ýagny

10 müň ýyl owal ilkidurmuş taýpalary ähli materiklerde ýerleşip, birnäçe million adama barabar bolupdyr. Biziň eýýamymyzyň başlarynda Ýer togalagyny adamlarynyň sany 150-200 million bolan bolsa, 1000-nji ýylda - biziň eýýamymyzda ol san 300 milliona ýakyn boldy, 1850-nji ýylda 1 milliarda, 1989-njy ýylda 5,2 milliard adama ýetdi, 2025-nji ýylda çen bilen 8,5 milliard adam bolmagy göz önünde tutulýar.

Geljekde ilatyň sanynyň köpelmegi bilen ýüze çykýan meseleleri çözmek üçin, öňünden ýaşaýyş üçin zerur serişdeler hemde ilatyň sanynyň köpelmegi bilen bagly bolan maksatnamalaryň hem meýilnamalaryň düzülip, olaryň ylmy taýdan çözgüdini gözlemeli.

## Jemgyýetiň ruhy - medeni durmuşy

### 19-njy sapak

**1. Jemgyýetçilik aňynyň düýp manysy. Şahsy we jemgyýetçilik aňy, olaryň özara baglanşygy.**
**2. Syýasy aň. Hukuk aňy we onuň medeniýeti.**
**3. Ahlak aňy. Ýagşylyk we ýamanlyk, borç, wyzdan we bagt. Dini aň.**
**4. Estetiki aň we onuň düýp manysy.**
**5. Medeniýet düşünjesi we onuň filosofik many-mazmuny.**

Filosofiýada jemgyýetçilik aňy we onuň nähili orna eýe bolýandygy barada biz ilkinji sapagymyzda garapdyk. Filosofiýanyň esasy meselesi çözülende, onuň iki tarapynyň, ýagny aňyň durmuşa bolan gatnaşygy meselesine garalyp geçildi. Elbetde esasy meselä garalanda, “durmuş”, “aň”diýlen düşünjelere kesgitleme bermek bilen biriniň “ilkinji”,

beýlekisiniň “ikilenjiligi” umumy filosofik taýdan seredilýär. Ýöne beýle garaýyş gaty bir ýeterlik däl bolsa gerek. Hakykatdan hem jemgyýetçilik aňy bilen jemgyýetçilik durmuşy yzlyyzyndan döremän olar bir wagtda bir bitewilikde döreýär ahyryn. Elbetde, munuň tebigat üçin uly bir parham ýokdur, emma jemgyýet obýektiwlik-subýektiwlik reallykda bolup, durmuş bilen aňyň biri-birini üzňelikde görmäge hetdi ýokdur. Aslynda aňdaky şöhlelendirmek hem işjeň döredijilik ukybynyň barlygyna garasaň, onda aňyň ümzügi geljege sary. Çünki aň geljegiň durkuny, onuň keşbini özünde döredýär. Ýeri gelende ideýa, aň geljekki jemgyýetiň sulbuny döredip bilýär. Aslynda jemgyýet maddy we ruhy- ideal reallyk. Jemgyýetdäki göz öňüne getirmeler, ideýalar, teoriýalar,duýgular we beýlekiler - bular jemgyýetçilik aňynyň toplumy bolup, jemgyýetçilik aňyny emele getirýär, özi hem jemgyýetçilik durmuşynyň bir bölegi bolmak bilen aň aýry-aýry indiwidleriň-şahsyýetleriň döredenleridir.

Şeýlelikde, aň şöhlelendiriji we işjeň döredijilikli häsiýetleri özünde birleşdirip, bir zadyň biri- birinden aýryp bolmajak iki taraplaryny aňladýar. Jemgyýetçilik durmuşyna täsir edip, geljegiň ösüşini çaklamak bilen ony öz praktiki işiniň netijesine geçirmäge ýol açýar. Olar dürli ýollar bilen arçalýar.

Jemgyýetçilik aňy onuň dürli derejelerini özüne birleşdirýär. Olar gündelik durmuş, teoretiki, jemgyýetçilik, psihologiki hemde ideologik görnüşlerden durýar we olaryň her biri bir ulgamy aňladyp, jemgyýetçilik aňynyň çylşyrymly fenomenini emele getirýär.

Jemgyýetçilik aňy bilen indiwidual-şahsy aň we olaryň özara gatnaşygy barada dürli pikirler bar. Olaryň käbirleri jemgyýetçilik aňyny diňe anyk indiwidler bilen baglanyşdyrýarlar. Beýlekiler, tersine, jemgyýetçilik aňyna şahsy aňyň hiç hili dahyly ýok diýen pikiri öňe sürýärler. Jemgyýetçilik aňyna bo-

lan düşündirilişiň dogry manysyna ýetmek üçin, ilki bilen onuň jemgyýetiň atributytygyny bilmek gerek. Obýektiw hakykatyň barlygy hökmünde jemgyýetçilik aňy we jemgyýetçilik durmuşyň bir meýdanda, bir giňişlikde bolýandygyny ýatdan çykarmak bolmaz. Jemgyýetçilik aňy şeýle düzümi, emele getirýär. "Adam- döredijilik işi - özara gatnaşyk – jemgyýet-taryh-dil-medeniýet". Adam beýnisiniň adam hökmünde adamzatdan daşgary bolmaýandygyna göz ýetirmeli. Şahsyýet gutarnykly we möhletleýindir. Onuň aňy özi bilen bilelikde "ýaşaýar we ölýär," emma jemgyýetiň düzüminde özüniň ölmejek ornuny tapýar. Öz gezeginde jemgyýetçilik aňy şahsy aň tarapynyndan güýç alyp, jemgyýetçilik durmuşy bilen birlikde şahsy aňa uly güýç berýär, özi hem onuň tutuş durmuşynda dowam edýär.

Biziň her birimiz bu dünýä gelmek bilen geçmiş medeniýetini kabul etmek üçin, ony özleşdirmek we adam sypatynyň düýp manysyna girmek üçin zerurlykdygymyza düşünýäris.

Syýasy aňyň ýüze çykmasy gadymy eýýam bilen baglydyr. Bu ýüze çykma döwletiň we döwlet häkimligi ýaly täze hadysalaryň ňämedigine düşünmek üçindir. Synpyň we synpy gatnaşyklaryň ýüze çykmagy bilen döwletiň döreýşi we onuň funksiýasyna öň garap geçipdik. Zähmet bölünişigi synplaryň döremegine alyp barýar.

Syýasy bähbit, gyzyklanma, üns obýektiw häsiýetde bolup, ol her bir adama dahyllydyr. Ol gizlin ýapyk ýa-da açyk görnüşde ýüze cykyp biler. Aslynda ähli jemgyýetlerde diňe ilkidurmuş jemgyýetinden beýlekilerde, syýasy bähbit, gyzyklanma, sosial, syýasy[5] garşylyklar bolupdyr. Ýöne her bir hadysa syýasy häsiýetde däl. Heniz synplaryň we döwletiň bar ýerinde syýasy garşylyklar saklanar diýlen pikir bilen doly ylalaşmak bolmaz,

5. Syýasat, syýasy gatnaşyklar eger "maksat" manysynda alynsa, onda synpy däl jemgyýetde hem syýasat her adamynyň hemrasydyr. Eger-de häzirki zamanyň global meseleleriniň çözgüdini syýasat-maksat görnüşinde göz öňüne getirsek, onda ony maksat-syýasat düşünjeleri bilen kesgitlemek bolar.

çünki ilki bilen döwletiň saklanmagyny synpyň barlygy bilen kesgitlemek ylmy taýdan ylalaşarlykly mümkin däldir. Jemgyýetde döwletiň saklanmagy diňe synpyň barlygy bilen kesgitlenilse, gaty bir ýerlikli bolmaz. Synpyň ýitmegi bilen millet ýitmeýär, aslynda döwletiň saklanmagy örän dowamly bolar, çünki "maksatsyz", ýagny "syýasatsyz" ýaşaýşy göz öňüne getirmek mümkin däl. Elbetde, bu häsiýet jemgyýetde gapma-garşylykly synplaryň bolan ýerinde hem syýasat, hem döwlet, çür başy ýokary häsiýetde bolup biler.

Häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň Beýik Galkynyş eýýamynda her bir türkmenistanly üçin "Döwlet adam üçindir" diýen şygar bu döwrüň idielogiýasy bolmak bilen, ol her bir adam üçin syýasy meseledir. Çünki "Döwlet adam üçindir" ideologiýasynda "döwlet", "adam " gatnaşygy, şeýle hem "adam", "döwlet" gatnaşygy syýasy meseläniň özeni bolup durýar. Birinjiden, döwletiň adam baradaky syýasaty-maksatdyr, ikinjiden, adam döwlet gatnaşygynda maksat-syýasatdyr. Bu düşünjelere dogry we doly düşünmek bilen türkmen jemgyýetinde döwlet ýolbaşçysynyň öňe süren döwlet - adam, syýasat-maksat düşünjeleriniň dialektikasy türkmen jemgyýetini has ýokary derejelere galdyrmagyň ylmy esasydyr.

Türkmenistanlylaryň her biriniň maksady döwletiň syýasatyny durmuşa geçirmek bolup, olar üçin bu borç hem parzdyr.

Hukuk aňy bu jemgyýetçilik aňynyň formasydyr. Ol jemgyýetde dürli subýektleriň, ýagny kärhanalaryň, zähmetkeş köpçüliginiň guramalaryň, wezipeli adamlaryň hem-de şahsyýetiň ýuridik kanun normalarydyr.

Hukuk aňy özüniň mazmunyna görä syýasy we ahlak aňynyň aralygyny aňladýar. Eger syýasy aň obýektiw sosial-ykdysady maksat we gyzyklanma esasda döreýän bolsa, onda hukuk aňy köp halatlarda meseläniň ahlak tarapyna ýykgyn edýär.

Şahsyýetiň sosial azatlyk ölçegini ýuridik hukuk kesgitleýär. Şu ýerde hukuklaryň we azatlyklaryň normalaryny Garaşsyz Türkmenistanyň mysalynda görkezilmegini makullaýarys.Türkmenistanyň esasy Kanuny bolan Konstitusiýasyndaky käbir mysallara ýüzleneliň. Türkmenistan adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň deňligini, şeýle hem haýsy millete degişlidigine,teniniň reňkine, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dinine garaýşyna, syýasy ygtykatyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, adamyň we raýatyň kanun öňündäki deňligini kepillendirýär.

Başga bir madda boýunça bolsa, hukuklaryň we azatlyklaryň amala aşyrylmagy beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, şonuň ýaly-da ahlak kadalaryny, kanunyň talaplaryny, jemgyýetçilik tertibini bozmaly däldir, milli howpsyzlyga zyýan ýetirmeli däldir. Ýene-de adamyň we raýatyň öz hukuklaryny hem azatlyklaryny amala aşyrmagy, onuň jemgyýetiň we döwletiň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen aýrylmaz baglanyşykdadyr. Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan ýa-da wagtlaýyn bolýan her bir adam Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, kanunlaryny berjaý etmäge we milli däp-dessurlaryny hormatlamaga borçludyrlar.

Şu we beýleki hukuk we azatlyk normalary Türkmenistanda adam mertebesiniň hukuk normalary esasynda goralýandygyna güwä geçýär.

Ahlak aňy jemgyýetde ýaşaýan adamlaryň özlerini alyp baryşlarynyň kadalary bolup durýar. Ahlak aňy jemgyýetçilik aňynyň iň bir gymmatly formasydyr. Ahlak aňy syýasy aňdan tapawutlanyp, bu şahsyň adamlar bilen bolan gatnaşygyny şöhlelendirýär.

Hukuk normalary döwlet tarapyndan durmuşa geçirilýän bolsa, onda ahlak normalary adamlaryň özüni alyp baryş

durmuşyndan ýygnalýar we hereket edýär. Bu ahlak aňynyň, ahlak normalarynyň aýratynlygydyr. Ahlagyň normalary ýuridik taýdan berkidilmeýär. Ahlak normalaryndan başga adamlar öz durmuşynda dürli beýleki ýuridiki däl däp-dessurlary, edim-gylymlary ulanýarlar. Umuman, ahlak normalary köpçülikde adamlaryň öz erk isleglerini ýüze çykarylyşy bilen bagly.

Ahlak aňynyň ideal-teoretiki derejesi bolan **moral** latyn sözüdir. Latynça **mores –** ahlak diýen manyny aňladýar.

Ahlak aňynyň ýuridik esaslarynyň bolmaýandygy zerarly, oňa ýakyn we meňzeş **erk azatlygy** düşünjesi döreýär, ol özüňi alyp barmaklygyň ýüze çykmasydyr.

**Ýagşylyk, adamkärlik, adalatlylyk, dogry sözlülik.**

Türkmen milli ahlagyna mahsus bolan käbir alamatlary ahlaklylygyň ölçegi bolan moral kategoriýalarydyr belläp geçmek zerur. Türkmen kalbyny arassa saklamagy başaran halk. Kalbyňy arassa saklamak kynçylyklardan bir gez ýokarda bolmakdyr. Onuň ahlagynyň bir alamaty minnetdarlyk duýgusydyr. Türkmen minnet etmez, minnetdar bolar. Minnetdarlyk özüňe edilen ýagşylyklara düşünmek we munuň minnetini çekmekdir. Erkine amal edip bilmek türkmene mahsusdyr. Özüne erk edip bilmedik adam hiç bir zat gazanyp bilmez, hiç bir menzile ýetip bilmez.Özüňi islege görä däl, zerurlyga we talaba görä ýaşamaga mejbur etmäni başarmaly. Geleňsizlik erkiň bozulmagydyr. Türkmen adamsynda kanagatlylyk onuň durmuşynyň ölçegidir. Biziň halkymyz üçin maksatlylyk duýgusy myradyna ýetmeginiň esasydyr. Bu alamatda tutanýerlilik, erjellik, irginsizlik möhümdir. Milletiň ahlak duýgularynyň has özboluşly sypaty ol hem şadyýanlykdyr. Adam şatlyga, şadyýanlyga mydama mätäçdir. Şatlyk kalplary gözelleşdirýär. Aýdym-saz, degişme ýaşamaga we guramaga, kynçylygy ýeňip geçmäge kömek berer. Beýik Galkynyş eýýamy türkmen adamsy hem-de

türkmenistanlylar üçin ýurduň, jemgyýetiň mundan buýana hem has beýik özgerişleri, ösüşleri döretmekliginiň esasydyr. Ol her bir adamyň durmuşa höwesini joşdurýar.

Ahlaklylyk aňynyň düypli elementi etiki duýgulardyr.

Jemgyýetçilik aňynyň bir formasy dini aňdyr. Dünýä derejesinde üç sany dünýa dinleri hasaba alnyp,. olar hristian, buddizm we yslam dinleridir. Din we dini garaýyş adamyň özüniň hususy özbaşdak gatnaşygydyr. Adamlaryň durmuşynda din ýöne bir medeni ewolýusiýanyň tötänleýin bir şahasy bolman, taryhy, sosial, psihologik taýdan kanunalaýyklaýyn hadysadyr. Dini ynamy ýönekeý bir zat diýip kabul etmek bolmaz, ol ilki bilen jemgyýetçilik aňynyň bir formasydyr, şeýle hem onda medeni emosional akt bolan **ynam** ýatyr. Din şeýle hem adamyň islegini belli bir derejede kanagatlandyryp, öz üstünden, aňyndan agyr kynçylyklaryny aýyrmaga kömek edýär. Häzirki zaman durmuşynda din we dini ygtykat adam terbiýesinde möhüm orun eýeleýär. Elbetde, her bir adam özüniň dine garaýşyny özi özbaşdak kesgitleýär. Türkmenistanyň Konstitutsiýasynda her bir adam özüniň dini garaýşyny özbaşdak kesgitleýär, onuň ýeke-özi ýa-da beýleki adamlar bilen bilelikde islän dinine uýmaga ýa-da hiç bir dine uýmazlyga, şonuň ýaly-da dine bolan garaýyşlary bilen baglanyşykly ynam-ygtykatlaryny beýan etmäge we ýaýratmaga, dini adatlary, däp-dessurlary berjaý etmäge, gatnaşmaga haky bardyr diýilip bellenýär. Bu normalar ony jemgyýetde özüni erkin duýmaga getirýär. Diniň adamsöýüjilik taraplaryny göz öňüne getirsek, onda ol hakykatdan hem adamlary jebisleşdirmekde uly goldaw berýär.

Jemgyýetçilik aňy babatda gürrüň edilende, jemgyýetiň durmuşynda medeniýetiň ornuny bellemän geçmek mümkin däl. Medeniýet sözi latynça kultura- özgertmek, üýtgetmek diýen manyny aňladýar. Medeniyet maddy we ruhy taraplaryň bite-

wiligidir. Maddy medeniyet jemgyýetiň ösüşiniň her bir taryhy döwründe onuň önümçilik we beýleki maddy baýlyklarynyň jemidir. Ruhy medeniýet her taryhy zamanda jemgyýetiň ylymda, sungatda, döwlet we jemgyýetçilik ýaşaýşyny hem-de durmuşy guramakda, adatlarda we hukuklarda gazanan üstünlikleriniň jemini öz içine alýar. Ruhy medeniýet maddy durmuş şertleriniň aňladylmasydyr. Onuň sosial, ýagny milli we dürli sosial toparlaryň durmuşyny hakyky edip görkezijidir.

Filosofiýa jemgyýetçilik aňynyň kesgitleýjisidir. Ähli beýleki jemgyýetçilik aňy üçin filosofiýa jemgyýetçilik aň hökmünde metod, metodologik, teoretiki, taglymat, dünýägaraýyş esaslarydyr.

## Halk köpçüliginiň we şahsyýetiň taryhdaky roly. Taryhy progresiň düýp manysy

### 20-nji sapak

**1. Halk köpçüligi taryhy döredijidir.**
**2. Taryhda şahsyýetiň orny we onuň kriterisi – ölçegi.**
**3. Taryhy progresiň düýp manysy.**

Adamzat durmuşy mydama ösüp, özgerip, bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçýär. Bu bolup geçýän ähli özgermeler adamlaryň hereketi bilen bolýar. Adamzat taryhy adamlaryň köpçüligi tarapyndan döredilip, jemgyýeti öňe tarap alyp barýar. Ýöne taryhy döretmekde halk köpçüligi bilen birlikde belli-belli şahsyýetiň hem täsiri örän ýokarydyr.

Halk taryhy döretmekde hakyky subýektdir. “Halk” düşünjesi sözüň giň manysynda “halk köpçüligi”, “millet” diýen manyny aňladýar, ol dar manyda “taryhy döredij köpçülik” diýmekdir.

Halk köpçüligi düşünjesi taryhy taýdan üýtgeýän we ösýän düşünjedir. Halk köpçüligine belli bir kesgitli jemgyýetçilik ykdysady formasiýa bilen baglanyşykly garamak dogrudyr. Şunda ol jemgyýetiň sosial gurluşy göz öňünde tutulyp, anyk jemgyýetiň taryhy taýdan ösüşini ünsden düşürmek bolmaz. Jemgyýetiň sosial düzüminiň üýtgemegine garamazdan halk köpçüligi düşünjesinde ilki bilen onuň özenini-ýadrosyny emele getirýän, maddy nygmatlary öndürýän zähmetkeş köpçüligi esasydyr. Halk köpçüligi diýlende reaksion synplaryň garşysyna hem-de halk köpçüligine garşy durýan ýokary gatlagyň garşysyna çykyş edýänleri göz öňüne tutmak gerek. Halk köpçüligi jemgyýetçilik progres üçin çykyş edýän ähli sosial toparlary özünde jemleýär. Käbir halatda zähmetkeş däl synplar, ýagny burjuaziýa hem halk köpçüliginiň düzümine girýär, çünki ol jemgyýetiň progressiw ösüşi üçin göreş edilýän mahalynda olar hem herekete goşulýarlar.

Taryhy dörediji halk köpçüliginiň esasy alamaty ilki bilen onuň maddy nygmatlary öndürýänligindedir. Aslynda öndüriji güçleriň ösüşi bütin jemgyýetçilik progreslerini kesgitleýär. Jemgyýetiň öndüriji güýçleri diňe gurallar bilen zähmet serişdeleri bolmak bilen çäklenmän maddy nygmatlary dörediji adamlar-zähmetkeşler hem şu düzüme girýärler.

Bütindünýä taryhynda mälim bolşy ýaly, jemgyýetiň durmuşynda bolup geçýän sosial we syýasy özgermelere halk köpçüliginiň uly toparlary gatnaşýan we hereket edýän bolsa, onda özgermeler düýpli hem çuň bolýar. Bu häsiýet dünýä taryhynyň esasy kanunlarynyň biridir.

Jemgyýetiň durmuşynda maddy zatlary öndürmekde hem syýasy özgerişde hem halk köpçüliginiň ägirt uly ähmiýetiniň bardygy jedelsizdir.

Şeýle hem taryhda jemgyýetiň ruhy durmuşynda genial adamlaryň, akyldarlaryň roluny inkär etmek mümkin däl.

Filosofiýada, ylymda, edebiýatda we sungatda genial döredijі şahsyýetleriň bolandygy mälim. Olardan, Demokriti, Aristoteli, Pifagory, Arhimedi, Kopernigi, Galileýi , Nýutony, Eýnşteýni, Darwini we birnäçe beýlekileri görkezmek bolar. Olaryň ylmy açyşlarda we ony ösdürmekde tutýan orny bimöçberdir. Ýa-da dünýä sungatyny Rafaelsiz, Leonarda da  Winçisiz, Mikelanjelesiz, Tisinasyz, Repini, Surikowsyz we beýlekilersiz göz öňüne getirmek mümkin däl.

Taryh diňe adamlar tarapyndan döredilýär. Taryhda synplaryň, partiýalaryň, şeýle hem taryhy şahsyýetleriň jemgyýetiň durmuşyndaky obýektiw ornuna, adamlaryň kesgitleýji hereketi esasynda bolup geçýän hadysalara göz ýummak bolmaz. Her bir ýagdaýda hem şahsyýetiň hereketi, bitirjek işi taryhy şertler bilen kesgitlenilýär. Hiç bir şahsyýet bu taryhy şertleriň çäginden çykyp bilmeýär. Meselem, täze bir jemgyýetçilik ykdysady formasiýasynyň ýüze çykmagy üçin köne jemgyýetde täzäniň döremegine gerek bolan zerury material predposylkalar heniz belli bir derejede döremedik we ýetişmedik bolsa, onda köne täze bilen, ýerini çalyşmaýar, könäniň ornuna täze geçip bilmeýär, hiç bir şahsyýet ony durmuşa geçirip bilmeýär. Şu ýerden şeýle bir logiki netije çykýar. Hiç kim, hiç bir şahsyýet taryhy öz islegi, erki bilen sosial ösüşi başga bir ugra ýa-da ony yzyna öwürip bilmeýär, mysal üçin, kapitalizmi feodalizme ýa-da gulçulyk gurluşyna geçirip bilmeýär.

Elbetde, taryhy şertler we taryhy islegiň döremegi görnükli işgärleriň ýüze çykmagyna getirýär. Bu kanuny zat. Ýöne jemgyýet üçin görnükli şahsyýetiň döremedik ýagdaýynda kä halatlarda ol jemgyýetiň bir halda saklanmagyna, hatda pese düşmegine hem getirip biler.

Görnükli şahsyýetleriň döremegi öz-özünden awtomatik häsiýetde bolman, ol taryhy zerurlyk hem-de tötänleýin

ýagdaýda bolup bilýär. Ýöne bir zady bellemek gerek, taryhy şahsyýetleriň ýüze çykmagy öňde duran meseläniň ýokary bolmagy bilen baglydyr.

Taryhda halk köpçüliginiň roly, şahsyýetiň orny we onuň kriteriýasy bilen bir hatarda häzirki zaman taryhy şahsyýeti barada hem söhbet açmak gerek. Çünki häzirki zamanda öňki döwürler bilen deňeşdireniňde düýpli özgerişler bolup geçdi. Bu bir tarapdan, başga bir tarapdan bolsa häzirki döwrüň öňde goýýan meseleleri hem öňki döwürleriňkiden üýtgedi. Umumadamzat üçin täze birgiden global meseleler ýüze çykdy. Ynha, şu şertlerde täze taryhy döwür üçin taryhy şahsyýetiň tutýan orny nähili bolmaly? Häzirki zaman filosofiýasynda bu özbaşdak bir mesele bolup öňe çykýar.

Bu babatda gürrüň edilende, ilki bilen, umumadamzat üçin möhüm global meseleleri çözer ýaly obýektiw şertleri göz öňüne getirmek zerurdyr. Tebigy şertlere degişli daşky gurşawy goramak, saglyk bilen bagly adamzat üçin keselleriň öňüni almaklygyň çärelerini bilmek we onuň garşysyna göreşmek, ýangyç we suw üpjünçiligi we beýleki birgiden işleri amal etmeklikden başy çykýan şahsyýete, döwrüň şahsyýeti ýa-da taryhy şahsyýet diýilip baha bermek, elbetde, biziň pikirimizçe dogry bolsa gerek. Ýöne her bir ýagdaýda-da görnükli döwlet ýolbaşçysynyň hem taryhy şahsyýet, hem döwrüň şahsyýeti, hem öz döredijilik işinde halk köpçüligine daýanyp, olary öňe alyp baryjy bolmagy zerurlykdyr. Şol ýagdaýda halk köpçüligi bilen taryhy şahsyýetiň birligindäki hereketi diňe ýeňişlere alyp barar.

Jemgyýet baradaky ylmyň düzüminde taryhy progres bilen baglanyşykly meseleler esasy orunda durýar. Bu meseläniň daşynda güýçli ideologik göreş alnyp barylýar.

Aslynda progres baradaky ideýa XVIII asyrda buržuaziýanyň öňde baryjy wekilleri bolan A..Týurgo,

Ž.Konderse, I.Gerder tarapyndan öňe sürülýär. Bu mesele has hem XIX asyrda ýokary derejä galýar. Sebäbi bu döwür jemgyýetiň ösüşinde kapitalizmiň ýokary derejä galan wagtydyr. Taryhy progresde, olaryň pikirine görä ösüşiň sebäbini adamzadyň ruhy taýdan ösüşinden gözlemeli, şol zerarly olar adamzadyň durmuşynyň kämilleşmegini adamlaryň intellektual taýdan kämilleşmeginde görýärler. Sosiologlar O.Kont we G.Spenser sosial progresde ezilýän synplaryň göreşi siwilizasiýanyň ösüş ýoluna böwet bolýarlar diýen pikiri öňe sürýärler.

Her bir şertlerde hem adamzat taryhy garşylyklaryň bolýandygyna garamazdan, wagtlaýyn durgunlyklaryň, yza gaýdyşlaryň (gaýtgynlaryň) bolýandygyna garamazdan, öz hereketlerinde köneden täzä, ýönekeýden çylşyrymla barýar. Adamzat özüniň ösüşinde mümkin boldugyndan güýçli öndüriji güýçleri döredýär, has ähmiýetli ykdysadyýet, syýasy taýdan dolandyrmagyň kämil formalary emele gelýär, belli bir derejede adamlaryň erkinliginiň çägi giňeýär.

Jemgyýetiň durmuşynda taryhy progresiň hereketlendiriji güýji jemgyýetiň özüniň jümmüşinde ýüze çykýar, bu barada filosofik pikirler döreýär. Şeýlelikde, jemgyýetiň ösüşini kesgitleýänler,şol bir wagtda taryhy progresiň hereketlendiriji güýji bolýar.

Taryhy progres ilki bilen jemgyýetçilik ykdysady formasiýalaryň çalyşmagynda görünýär. Esasan hem öndüriji güýçleriň ösmeginde ony görmek bolýar. Meselem, daş gurallarynyň dowam ediş möwriti 500 müň ýyla golaý dowam eden bolsa, bug maşynlaryndan elektrik bilen işleýän maşynlaryna geçmek bary-ýogy 100 ýyla golaý boldy. Şeýlelikde,öndüriji güýçler bilen bagly bolan progres önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegini hem şertlendirýär.

Durmuşda ýokary göteriliş, ýokary galyş häsiýet diňe bir sosial gatnaşyklarda bolmak bilen çäklenmän, ol halkyň mede-

ni, ahlak aňynda hem bolup geçýär. Adamzadyň ösüşi, umuman, könäniň möwritini geçiren, ýöne ondan maddy, ruhy şeýle hem ahlak, moral gymmatlyklaryň saklanmagy esasynda bolup geçýär. Bu prosesde dialektikanyň inkär etmäni inkär etme kanunyna laýyklaýyn köne sistemanyň ähli oňyn taraplarynyň saklanmagy bilen köne inkär edilýär. Diýmek, jemgyýetçilik ykdysady formasiýalar könäni inkär edip, ondan öňe hereket edýän zähmet öndürijiliginiň, sosial we syýasy guramalaryny, ruhy medeniýetini täze jemgyýete adamzadyň ösmegi üçin berýär.

Elbetde, ykdysady gatnaşyklar her bir jemgyýetçilik ykdysady formasiýanyň fundamentini düzýär. Diýmek, progresiň kriteriýasyny, ölçegini ilki bilen **ykdysady gatnaşyklardan, önümçilikden** gözlemeli.

Biz ilkidurmuş gurluşyny, gulçulyk jemgyýetini, feodalizm we kapitalizm gurluşy deňeşdirenimizde, taryhy progres bu jemgyýetçilik formasiýalaryndaky öndüriji güýçleriň ösüşi bilen şertlendirilýär.

Hususy eýeçiligiň agalyk eden eksplutator jemgyýetlerinde sosial progres zähmetkeşleriň we şahsyýetiň boýun egdirilmegi bilen bagly bolup geçýär. Antagonistik jemgyýetlerindäki ösüş jemgyýetiň duşmançylykly synplaryň göreşleri esasynda amal edilýär.

Häzirki zamanda adamzat üçin umumadamzat durmuşy bilen baglanyşykly birgiden meseleler döredi. Sosial-filosofik garaýyşlaryň esasy meselesi şu günki gün üçin şeýle bir meseleler emele geldi welin olar göniden-göni adamzadyň geljegi bilen bagly bolup durýarlar. Olardan uruş we parahatçylyk, daşky gurşawyň sredanyň ýagdaýy, demografik situasiýa, tebigy resurslaryň kemelmegi bilen baglanşykly ýüze çykýan global meseleler sosial filosofiýanyň öňünde gaýra goýulmasyz çözgüdini tapmaly işler bolup durýar.

Şu we beýleki umumyadamzat durmusy bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan bu meseleleriň ylmy taýdan has oňyn çözgütleriniň meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň düzülip olaryň amala aşyrylmagy häzirki zaman taryhy progresiň düýp manysyny düzýär.

## Filosofiýanyň ösüş taryhy

### 21-nji sapak

**1. Gadymy filosofiýa. Irki ellinizm filosofiýasy.**
**2. Orta asyr filosofiýasy. Täzeden döreýiş döwrüniň filosofiýasy.**

Adamzat jemgyýeti öz taryhy ösüşinde dürli döwürleri başdan geçirýär. Jemgyýetiň ösüşinde her bir döwür özüniň ösüş aýratynlyklary bilen tapawutlanypdyr. Her eýýamda adamzadyň durmuşynda öz döwry üçin filosofik meseleleri goýupdyr we ony özüçe çözüpdir. Täzeden dörän taglymat belli bir derejede öňkini inkär edýän hem bolsa, ýöne köneden täze dünýägaraýşa geçmeklik häsiýeti saklanypdyr. Filosofiýanyň taryhyny göz öňüne getirsek, onda bir tarapdan, filosofik garaýyşlar gitdigiçe köpelmek bilen bolýar. Beýleki bir tarapdan geljege gelişmejek forma we mazmun özüni üýtgedip, başga bir hala girýär, ýöne käbirleriniň bolsa geljekki garaýyşda özüne orun tapmaýan halatlarynyň bolýandygy hem geň galdyryjy hadysa däldir. Ýöne käbir ýagdaýda könäniň netije bermejegine galmagyna garamazdan saklanyp hem getirip bilýär. Şonuň üçin geçmişiň taryhyna ser salsak,onda biz birgiden filosofik düzümleri, taglymatlary, ugurlary, garaýyşlary göreris. Filosofiýanyň taryhynda birgiden dürli ugurlardan iki ugur - materialism bilen idealism

saýlanyp galyp olar Demokritiň hem-de Platonyň liniýasyny döredýärler. Şeýle hem bu iki ugruň arasynda dialektika bilen metafizikanyň arasynda ilkibaşdan göreş dowam edipdir.

Filosofiýanyň ösüş taryhynda garşylykly filosofik ideýalaryň dowam etmegi şertinde öňe gidiş prosesinde, birgiden ýokary galmalar we gaýtgynlar bolup geçdi. Geçmişiň filosofik garaýşy adamzat üçin bahasyna ýetip bolmajak paýhasnamadyr. Onda öňe sürlen pikirleri bilmek, olardan netije çykarmak, häzirki zaman ylmynda peýdalanmak möhümdir.

Adamzadyň medeniýetiniň ilkinji döwri olaryň pikirlenmesi mifologik mazmuna eýe bolupdyr. Gadymy halklarda dünýäni duýmaklyk baradaky, dünýä düşünmek baradaky pikirler idealistik häsiýete eýedir. Zatlaryň häsiýetleri adamynyň psihikasynyň häsiýetindedir diýen düzgüne uýupdyrlar. Ýöne heniz bu zeýilli idealistik häsiýetdäki dünýä berilýän pikir filosofiýanyň öz manysynda bolup bilmändir. Filosofiýanyň başlangyjy bolup, ilkinji nobatda stihiýalaýyn materializm çykyş edýär. Ol özüniň ilkinji ösüş döwründe psihiki idealizmden tapawutlylykda dünýäniň tükeniksiz zatlaryndan, aýratyn hem tebigatyň zatlaryndan kesgitli bir maddy zatlary gözläpdir.

Filosofiýanyň taryhynda belli bir yz galdyranlar hem gadymy grek akyldarlarydyr. Gadymy grek akyldary Fales Miletskiý ähli zatlar **suwdan** döreýär diýen pikiri aýdypdyr. Elbetde, bu filosofyň şu ideýasynyň biz üçin örän sada bolup görünmegi mümkin, emma welin taryhy ösüş nukdaýnazardan ol şol döwürde rewolýusiýa barabar bolupdyr. Çünki bu ideýa tebigaty düşündirişe ýol açypdyr. Onuň ideýasyny dowam etdiriji **Anaksimandir.** Ol ilki başlangyja haýsydyr bir anyk zat bilen seretmeýär, ilkinji zat **apeýron**-çäksiz, tükeniksiz maddy zatlardan durýar diýip tassyklaýar. Olar baky hereketde boýarlar, ähli tükeniksiz zatlaryň köpdürlüligi we olaryň döreýşi

apeýrondyr, özi hem garşylykly: gyzgynlyk we sowuklyk, öl we gury zatlaryň döreýşi bilen baglydyr diýen pikiri öňe sürýär. Şol döwrüň grek filosofy **Anaksimen** dünýäniň ilki başlangyjy **howa** diýen pikiri aýdýar.

Gadymy grek filosofiýasyndaky materialistik meýil Ýewropa ýurtlarynyňkydan öň, gadymy Gündogarda döräpdir. Olaryň dünýägaraýşyna öň ser salyp geçen hem bolsak, olary ýatlamak ýerlikli bolsa gerek. Gadymy hindi filosof-materialistlerinden ybarat bolan **lokaýata** akymy dünýäniň ilkinji başlangyjy dört elementden-ýerden**,** suwdan, otdan we howadan diýip bütin älemiň başlangyjy we ösüşi üçin olar başlangyç bolýar diýen bolsalar, Gadymy Hytaýda,şonuň ýaly elementleri-suw, ot, agaç, metal, ýer hasaplapdyrlar.

Filosofiýanyň döremeginiň ilkinji etapynda mifologiýa bilen stihiýalaýyn materializmiň ýa-da materializmiň idealizme bolan garşy durmalaryny mälim etmek mümkin däldir. Antik materializmiň “stihiýalaýynlyk” häsiýeti materializmde idealistik-(mifologik) formada bolýandygy zerarly, olaryň, ýagny idealizm bilen materializmiň arasyndaky konflikt belli bir derejede filosofiýanyň ösmeginde içki güýç hökmünde çykyş edipdir. Bu konflikt öz gezeginde antik-dialektikanyň döremegine täsirini ýetiripdir. Elbetde, ilkinji stihiýalaýyn häsiýete eýe bolan ilkinji akyldarlaryň pikirlerinde zatlaryň üýtgemeginiň ählumumy häsiýetdeligi bellenipdir. Gadymy hytaý filosofy Lao-Szi (b. e. öň VII asyr) her bir zat belli bir ösüş derejesine barmak bilen özüniň gapma-garşylygyna öwrülýär we doly däl-doly bolýar, egri-gönelýär, boş-dolýar we tersine diyip öwredipdir. Bu gapma-garşylyga, hereketiň ählumumy kanunalaýyklygynda zatlaryň bir ýeke-täk akym boýunça baky döremegi we ýok bolmagy baradaky pikir hökmünde garalypdyr.

Antik filosofiýada beýik dialektik hökmünde Geraklit Efesskiý ähli zatlar mydama bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa

geçýär “ähli zatlar akyp, üýtgemek bilen bolýar” diýip öwredipdir. Onuň pikirine görä, dünýäde hereketsiz zat ýok: sowuk ýylaýar, ýyly sowaýar, çygly guraýar, gury çyglanýar we ş.m. Döremek we ýok bolmak (ýaşaýyş we ölüm, dogulmak we ölmek, ýaşaýyş we ýaşaýyşyň ýoklugy) barada ol bu ýöne olar özara baglanyşykda bolýandygyny nygtaýar.

Geraklitden başlanýan gadymy grek filosofiýasynda materializm bilen idealizmiň aç-açan tendensiýadygy aýdyň görünýär. Atomistik taglymat dünýä bir bitewilik hökmünde garaýar. Atomlar, Demokritiň bellemegine görä, maddy zat, ýöne olar bölünmeýärler. Olar formalary boýunça tükeniksiz dürlülikdedirler. Adamyň ruhy, Demokritiň garaýşyna görä atomlardan duryar, ýöne olar örän çalt hereketde, ownuk we togalak bolýarlar. Şeýlelikde, Demokrit ilkinji bolup antik filosofiýada materiýanyň we ruhuň arasyndaky garşy goýulmany ýeňip geçip, materiýa bilen pikirlenmäniň uniwersal tebigatyny aýan edýär.

Atomistik teoriýanyň düşündirişine görä, tebigat hadysalary tebigy sebäpler esasynda bolýar. Şeýle diýmek bilen olar adamlary mifologik gorkudan aýyrýarlar.

Atomistik taglymat soňra Epikur tarapyndan ösdürilipdir. Ol atomlaryň hereketi içki häsiýetleri-agyrlyk bilen bagly diýip belleýär. Onuň pikiriniň iň esasy tarapy bolsa atomlar öz hereketlerinde göni çyzykdan çykýarlar. Bu şol döwür filosoflaryň ýokary derejedäki ylmy açyşy bolupdyr.

Materializmiň, materialistik dünýägaraýşyň garşysyna filosofik idealizm döreýär. Ony esaslandyran obýektiw idealist Platon bolupdyr. Platon ideýalar dünýäsi Hudaý tarapyndyr, adam dogulmazdan ozal, onda ölmeýän ruh ornaşýar - diýen pikiri öňe sürýär. Akyl ýetirişi Platon ruh tarapyndan amala aşyrylýan ýatlamalar hasaplaýar. Dialektiki metod boýunça, Platonyň ýekeleýin we köplük, hereket we dynçlyk baradaky pikirleri obýektiw idealizm bilen birleşýär.

Umuman, materializmiň hem-de idealizmiň liniýalary geljekde filosofik sistemany-düzümi döretmekde ylmy çeşme bolup durýar. Gadymy grek filosofiýasyny döreden genial, ensiklopedist-alym Aristoteldir.  Ol Platonyň idealizmine garşy durýar. “Platon meniň dostum, ýöne hakykylyk gymmat” diýen paýhas Aristotele degişlidir. Ol pikirlenmäniň üç formasyny düşünjäni, pikir ýöretmäni we pikir netijesini klasifisirleýär. Şeýle hem pikirlenmäniň dört kanunyny , ýagny birmanylylyk, garşylyk, üçünji pikire orun bolmazlyk, ýeterlik esas kanunlaryny esaslandyrýar.

Gadymy antik filosofiýa filosofiýanyň taryhynda öçmejek yz galdyrdy, ol geljekki filosofik pikirler üçin ylmy çeşme bolup galýar.

Orta asyrlar Ýewropanyň taryhynda uzak döwri öz içine alýar. Ol Rim imperiýasynyň ýykylmagyndan tä Täzeden döreýiş eýýamyna - tas bir müň ýyla golaý wagta çenli uzaýar.

Bu döwür filosofiýasy, umuman, hristian dininiň dogmatlarynyň agalyk eden döwri hasaplanýar. Şol döwrüň filosofiýasy **sholastika** adyny alýar. Sholastika latyn sözi bolup, “**mekdep**”, ýagny “**filosofiýanyň mekdebi**” manyny aňladýar. Bu mekdep filosofiýanyň bazisi hökmünde Platonyň we Aristoteliň garaýyşlaryny öz peýdalary üçin ulanypdyr. Sholastiki garaýşyň wekili monah-dominikançy Foma Akwinskiýdir.

Umuman, bütin orta asyr filosofiýasyna idealistik häsiýet degişli bolan bolsa-da filosofiýada Platon bilen Demokritiň liniýalarynyň arasynda göreş dowam edýär. Orta asyrda tebigat barada dörän garaýyşlar pikirlenmä eglişik edipdir.

Şeýlelikde, orta asyr filosofiýasy pikirlenmäniň gelejekki ösüşi üçin öz täsirini ýetirýär. Ol logikanyň ähli ugurlary we taraplary boýunça rasional, empiriki we aprior-(tejribeden öňki bilim) düşünjeleriň özara gatnaşygynyň geljekde tebigy ylymlaryň döremeginde we filosofik bilimiň döremeginde fundament bolýar.

Senagatdaky, söwdadaky, deňizde ýüzmekdäki, harby işlerdäki ösüşler maddy önümçiligiň ösmegine alyp barýar. Bu ösüşler öz gezeginde tehnikanyň, tebigy ylymlaryň, matematikanyň, mehanikanyň ösüşine şert döredýär. Bularyň ählisi paýhasyň sholastikadan halas bolmagyna alyp barýar. Logiki problematikadan dünýä zatlaryna we adama bagly bolan has çuňňur tebigy ylmy dünýägaraýşlara geçmeklige ýol açýar. Tendensiýanyň tarapdarlary Täzeden döreýiş döwrüň beýik akyldarlary bolup, ol gumanizm ideýasynyň döremegine alyp barýar. Şol döwrüniň wekilleriniň biri nemes filosofy, alym, dine gulluk ediji Nikolaý Kuzanskiýdir (1401-1464ý). Ol adamyň akyl ýetirişiniň güýji barada, şeýle pikiri orta atýar: adam özüniň akyly bilen döretmeklik ukyby bilen hudaýa meňzeş diýmek bilen "adam aňy bilen adam"diýen pikiri öňe çykarýar. Ol tebigata akyl ýetirmekde matematiki düşünjeleri ulanmagyň mümkinçiligi filosofik pikirlerini beýan edipdir.

Bu döwrüň görnükli alymy polýak astronomy N.Kopernikdir (1473-1543ýý). Ol dünýäniň geliosentrik düzümi baradaky garaýşy dörediji. Onuň teoriýasy Ýeriň Günüň daşyndan we Ýeriň bir gije-gündizde öz okunyň daşyndan aýlanyşy baradaky açyşy Ptolomeýiň dünýäniň geliosentrizm we geosentrizm sistemasynyň garşysyna çykyş bolýar. Ptolomeýiň geosentrizm sistemasy boýunça Ýer gymyldamaýar, ol dünýäniň merkezi onuň daşyndan Gün, Aý, planetalar, ýyldyzlar aýlanýarlar. Bu sistema dini garaýyş esasynda dörän ideýadyr. Geosentrizm grek sözi bolup, "Ýer" diýmekligi aňladýar. N.Kopernik öz sistemasyny hemmetaraplaýyn işläp, matematiki taýdan esaslandyrýar. Geljekde Kopernigiň bu sistemasy anyklanylýar we Gün älemiň merkezi bolman, ol diňe gün sistemasynyňky. Bu sistemany esaslandyrmakda Galiley, Kepler, Nýuton uly rol oýnaýar. Bu sistemanyň ýeňişi ylmyň ösmegine uly badalga berdi. Galileo Galileý (1564-1642ý) italýan fizigi we astronomy, klassiki

mehanikanyň esasyny goýujy, bu barada ylmy dünýägaraýşy döredijі. Akyl ýetirişde aýratyn hem tebigat hadysalaryna akyl ýetirmekde ol ten duýgularyndan başlap, onuň teoretiki düşündirilişde iki usulynyň, ýagny analiz bilen sinteziň ulanylmagyny makullaýar. Ýeterlik bilim diýip ol sinteziň, analiziň, duýgularyň we abstragirlemegiň birligindedir diýen ylmy pikiri akyl ýetiriş prosesine girizýär.

Täzeden döreýiş döwrüň ylmy açyşlary we ylmy pikirleri adamzadyň dünýä bolan garaýşyny üýtgetdi we adamyň ondaky orny görkezildi, bu bolsa geljekde ylmyň we filosofiýanyň ösüşinde yz galdyrdy. Bu döwür häsiýetlendirilende oňa antik filosofiýanyň ikinji gezek dogluşy diýmek bolar.

Hakykatdan hem bu ylmy açyşlar we filosofik pikirler tebigy we gumanitar ylymlar üçin itergi boldy, täze eýýamda tebigy ylymlara esas goýdy.

## 22-nji sapak

**1. XVII-XVIII asyrlarda Günbatar Ýewropa filosofiýasy.**
**2. Nemes klassik filosofiýasy. Marksistik filosofiýa.**

Ýewropa ýurtlarynda XVII-XVIII asyrlarda materializmiň prinsipleri ösdürilip we dialektikanyň elementleri döräp başlaýar. Ylmyň ösmegi bilen materializmiň hakykylygy we idealizmiň başlangyç ornuny inkär edilip, ýalana çykarmak ugrundaky synanyşyklar başlandy. Elbetde, bu döwrüň materializmi mehaniki we metafiziki häsiýetde bolupdyr. Beýleki ylymlar, meselem, himiýa we biologiýa ýaňy ýüze çykyş ýagdaýynda we olar ylmy dünýägaraýşa ýaňy aralaşyp başlapdyr. Akyldarlar mehanikada dünýäniň syrlaryna ýetmekligiň açaryny görüpdirler. Dünýäniň fiziki hadysalaryna akyl ýetirmekde mehaniki metod örän geň galdyryjy netijeleri berýär.

Iňlis filosofy F.Bekon (1561-1626ý) täze döwürde materializmiň esasyny goýujy hökmünde taryha girýär. Ol filosofiýa ilki bilen praktiki häsiýetde bolmalydyr, eger-de ol öňküliginde galsa, onda ol pikir-oýlar, sholastiki häsiýetde bolup hakyky däldir diýip tassyklaýar. Ylmy netijeler faktlar bilen esaslandyrmaly, şonda umumylaşdyrmany has giň ulanmagy öňe sürüp, ylma induktiw metody girizýär. F.Bekonyň tarapdary we ony goraýjy T.Gobbs (1588-1679ý) üçin materiýa baky. Aýratyn bölekler, zatlar wagtlaýyn, hereket zatlaryň orunlaryny üýtgetmegi bilen bagly, özi hem mehaniki häsiýetde diňe bir tebigatyň zatlary bilen çäklenmän, adama we jemgyýete hem degişlidir. Ol beýlekilerden tapawutlylykda dini doly kabul etmeýär we ol ylym bilen özara baglanyşykda bolup bilmeýär, ýöne jemgyýetiň durmuşynda adamlary boýun etmekde serişdedir, bilmeklik duýgular esasda amala aşýar diýen pikirleri öňe sürýär. Matematikanyň esasynda “Gobbs F. Bekonyň e**mprizmni** belli bir derejede giňeldýär”.

Fransuz alymy R.Dekart (1596-1650ý) ilkinji ýerde paýhasy goýýar, tejribäni diňe akylyň, pikiriň derejesi üçin gerek diýen tassyklamany ulanýar. Rasionalizm metody ähli ylymlara degişli edip, adam aňynda döräp, akyl ýetirişiň köp halatda netijesidir. Ol tebigat mehaniki häsiýetde bolýar diýip tassyklaýar. Älem-bu bir giden mehanizm. Ol ewolýusion ideýany mehaniki häsiýetde işläp düzýär. Adam barada bolsa, olar haýwanlardan tapawutlylykda olarda paýhas we gepleýiş bar,olar mehanikanyň kanunlaryndan daşarda. Adam bu zeýilli düşündirişler bilen material substansiýa. Ol şeýle hem hudaý tarapyn pikirlenýän substansiýa. Umuman, Dekartyň filosofiýasynyň aýratynlygy dualizm (maddy we ruhy) häsiýetdedir. Bu teoriýa monizme garşy, öň belläp geçişimiz ýaly bu akym materializmi idealizm bilen ylalaşdyrmakdan ybarat bolup durýar. Dekartdan galan” Men

pikirlenýärin, diýmek, men bar!” diýen bir dana pikir bar. Onuň ylmy metody pikirde analiz etmekligi başarmakdyr, ýagny ol analitiki metody makul hasaplapdyr.

Dekartyň taglymatynyň materialistik tarapyny ösdüren niderland filosofy B.Spinozadyr (1632-1677ý). Ol dualizmiň tersine materialistik monizmi goýýar. Pikirlenmäniň substansiýadygyny kabul etmeýär, ykrar etmeýär. Spinoza üçin hudaý, ideal we material zat ýeke-täk tükeniksiz substansiýa (naturalistik **panteizm- hudaý**.) Spinoza ahyr soňunda özüniň filosofik garaýşynda tebigat onuň üçin hudaý, şeýle hem hudaý-tebigatdyr. “Azatlyk-bu zerurlygyň doly kabul edilmegidir” diýen klassiki teswirleme Spinoza degişlidir.

Iňlis filosofy D.Lokk (1632-1704ý) sensualizmi esaslandyryjy. Sensualizm duýgy, duýmak bilen bagly. Adam aňynda duýmaklykdan öň hiç zat bolmandyr-ine şeýle tezis Lokka degişli. Ol bilimiň, bilmekligiň üç görnüşini belleýär: başlangyç (duýgy) ýekeleýin zatlar barada bilmek; pikir netijesiniň üsti bilen tezisi esaslandyrmak (deňeşdirmek we düşünjeleriň gatnaşygy esasda). Ýokary, üçünji görnüşi induktiw bilim-üns berip duýmaklyk, ýagny, ideýalara gös-göni paýhasyň orny bilen baha bermek. Ol pedagogikanyň geljekki ösüş ýoluny kesgitleýär.

Nemes filosofy G.Leýbnis (1646-1716ý) obýektiw idealizmiň ideýalaryny ösdüren alym. Onuň bitiren işleriniň artykmaçlygy birnäçe dialektiki häsiýetli çuň pikirleri aýdandygyndadyr. Dünýä Leýbnis üçin iň owunjak elementlerden düzülen. Onuň umumy we indiwidual zatlaryň dialektikasy baradaky hatda taglymaty idealistik esasda bolan hem bolsa, onuň bu pikirine dialektiki materializm tarapyndan ýokary baha berilýär. Leýbnis logika bilen iş salşyp, onuň rasional simwolikasyny işläp düzýär, subut etmä degişli kanunlary açýar. Bu bolsa rasional

akyl ýetirişiň bir ýoly hökmünde orta çykýar. Ol häzirki simwoliki (formal) we matematiki logikanyň başlangyjyny goýan.

Angliýada XVII-XVIII asyrlarda idealistik sensualizm ýaýran,olaryň görnükli wekilleri D.Berkli (1685-1753ý) we D.Ýumdur (1711-1776ý.). Berkli belli bir şertlerde realizme, hatda rasionalizme ýakynlaşýar, şeýle-de bolsa obýektiw idealizme bolan bu eglişik onuň subýektiw idealizminiň düýp manysyny üýtgetmedi. Berkliniň subýektiw-idealistik konsepsiýasyny Ýum ösdürýär. Ýeke söz bilen aýdanyňda, daşky dünýä barmy diýilen soraga Ýum "bilmeýärin" diýip jogap berýär.

XVIII asyryň ikinji ýarymy feodal we buržuaz dünýagaraýyşlarda konfliktiň has ösen döwri bolýar. Bu konflikt buržuaz rewolýusiýasy bilen baglanyşykdady. Burjuaz rewolýusiýalary ideologik taýdan taýýarlamakda fransuz filosoflary- magaryfçylarynyň Wolter (1694-1778ý), J.I.Russo(1712-1778ý), D.Didro (1713-1784ý), Lametri (1709-1751ý), K.A.Çelwesiý (1715-1771ý) we P.A.Golbah (1723-1789ý) hyzmaty uludyr. Olar din bilen, şeýle hem Fransiýanyň şol wagtky sosial-syýasy düzgünleri bilen göreşipdirler. Olar adamdaky kemçilikleri aýyrmak üçin adamlaryň položitel taraplaryny ösdürmek, daşky gurşawy özgertmek, ilki bilen jemgyýetçilik sredany özgertmek gerek diýen pikirleri aýdypdyrlar. Olaryň bu doktrinasy sosial utopistleriň filosofik doktrinasynda uly rol oýnapdyr.

XVIII asyryň ahyry XIX asyryň başlarynda Germaniýa ykdysady we syýasy yzagalaklykdan çykyp, buržuaz rewolýusiýasyna ýakynlaşýar. K.Marks nemes klassyk filosofiýasyna fransuz rewolýusiýasynyň teoriýasy ýaly garaýar. Matematika degişli ylmy açyşlar zadyň anyk mukdar tarapyna düşünmeklige alyp baran bolsa, fransuz alymy, Lamarkyň taglymaty organizmiň ösüşine daşky sredanyň täsiri, astrono-

mik, geologik teoriýalar, şeýle hem adamzat jemgyýetiniň ösüş teoriýasy ilki bilen ösuş baradaky ideýany hakykata akyl ýetirmegiň teoriýasy hökmünde öňe çykarmagy talap edýär.

Adamzadyň beýik akyldarlarynyň biri bolan I.Kant (1712-1804ý) nemes klassiki idealizminiň düýbüni tutujy dialektika ideýasyny täzeden dörediji, ol täze döwrüň filosofiýasynyň ýaldyragy bolup doglan. Kant diňe bir filosofiýada däl, ylmyň beýleki görnüşlerinde aýratyn hem astronomiýa degişli fundamental ylmy ideýalary öňe sürendigi bilen bellidir. Kantyň bellemegine görä, akyl ýetirişiň zerury şertleri paýhasyň özündedir we şol hem bilimiň esasyny tutýandyr. Ol adam tarapyndan kabul edilen zatlar bilen heniz öz-özlüginde ýaşaýan zatlary tapawutlandyrýar. Kabul edilen zat bilen kabul edilmedik zadyň makullanylmagy bulaşyklyga, tertipsizlige getirýär diýip belleýär. Dünýä hadysalary heniz düýpli akyl ýetirilmezden, olar adamyň aňyna bagly bolman bilýär, şonuň üçin olar “öz-özlügindäki zat”, “zatlar öz-özlüginde”. Akyl ýetirmek absolýut bolup bilmeýär. Olara diňe akyl üsti bilen ýetmek bolar, ýöne tejribäniň esasynda däl. Adam mälim bolan giňişlik we wagt hakyndaky bilinmeler baradaky ideýalar diňe kabul etmeleridir. Giňişlik we wagt ideal bolup, real däldir. Ol ylym bilen dini ylalaşdyrmagy maksat edinip, hut ynanja orun goýmak üçin bilimi çäklendirýär.

Nemes klassik filosofiýasy Kantdan soň görnükli filosoflar I.G.Fihte  (1762-1814ý) we F.Şelling (1775-1854ý.) bolupdyr. Şelling gegelçiligiň obýektiw-idealistik dialektikasyna degişli kategoriýa ýüzleý analiz berýär.

Nemes klassik filosofiýasynyň iň ýokary dereje gazanmagy Gegeliň (1770-1831ý) dialektikasy bilen bagly boldy. Obýektiw idealistik esasda ol dialektikanyň kanunlary we kategoriýalary baradaky taglymaty ösdürdi. Ol ilki bilen dialektiki logikanyň esasy prinsiplerini işläp düzdi we pikirlenmäniň metafiziki me-

todyny tankyt etdi. Kantyň “zat öz-özlüginde” diýen pikire dialektiki prinsipi garşy goýdy we düýp many içki esas, hadysa düýp manyny aňladyjydyr, kategoriýalar hakykatyň obýektiw formalarynyň düýp manysydyr, onuň esasynda “paýhaslar dünýäsi,” “absolýut ideýa” ýa-da “ruh dünýäsi” durýar diýip tassyklaýar. Onuň absolýut ideýasy pikirlenmede, maksat-triýada “tezis”, “antitezis”, “sintez”. Bular barada biz akyl ýetiriş bilen bagly bolan sapaklarymyzda garap geçdik.

Marksizim-leninizm klassikleri Gegeliň idealizmni hemmetaraplaýyn tankyt etdiler, şeýle hem onuň položitel taraplaryna ýokary baha berdiler, ilki bilen hem onuň dialektikasyna mynasyp baha berdiler.

Nemes klassyky filosofiýasynyň ýene bir wekili bolan L.Feýerbah (1804-1872ý) marksistik eýýamdan önki ýokary derejeli materialistleriň biridir. Feýerbah Gegeliň obýektiw idealizmini tankytlaýar. Ol tebigata materialistik garaýşy goldaýar we ony goraýar. Ýöne onuň Gegeli tankyt etmegi birtaraplydyr, ol Gegeliň dialektikasyna ýeterlik baha bermeýär. Feýerbahyň materializminiň häsiýetli tarapy antropologizmdir, ol hem adamy tebigatyň iň bir ýokary önümi hasaplaýandygy bilen baglydyr. Tebigat ruhyň esasy. Ol adamyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna, adamyň jemgyýetiň önümidigine düşünmändir. Adamlar arasyndaky gatnaşyklarda ilki bilen adama bolan söýgi, adamyny söýmek esasydyr. Adamyň özi başga bir adam üçin hudaý diýen pikiri öňe sürýär.

Rus filosofiýasynyň döreýşinde ilki bilen rus akyldaryndan M.W.Lomonosowy (1711-1765ýý) görkezmek bolar. Bu filosof hem alym-ensiklopedistdir. Onuň dünýägaraýşy we filosofiki garaýşy ilki bilen G.Galileýiň, R.Dekartyň, F.Bekonyň, I.Nýutonyň we beýlekileriň mehaniki materializminiň wekilleriniň ylmy işleriniň täsiri astynda kemala gelýär. Ol ma-

teriýa iň ownuk bölejiklerden-atomlardan durup, has çylşyrymly formalary-korpuskullary (ýa-da molekulalary) aňladýar diýýär. Lomonosowyň, şeýle hem magaryfçylar döwrüniň akyldarlarynyň filosofiýasy deizmiň elementlerinden daşda däldir. Hudaý- dünýäniň baş “arhitektory” bolsa-da dünýä hadysalarynyň gelejekki gidişine goşulmaýar. Şonuň üçin ylym dinden aýry bolmalydyr. Sosial durmuşy düşündirmekde Lomonosow magaryfçylaryň garaýyşlarynda saklanýar.

Rus taryhynda we dünýä filosofiýasynda uly orna eýe bolanlaryň biri-de ýazyjy-gumanist F.M.Dostoýewskiýdir (1821-1881ý). Onuň filosofik pikiri ahlak-estetiki taýdan çuňlugy bilen tapawutlanýar, ol ”gözellik dünýäni heläkçilikden saklar”, diýen pähimi öňe sürýär özi hem bu ideýany dini garaýyş taýdan öňe çykarýar.

G.W.Plehanow (1856-1918ý.) rus marksisti. Ol dialektiki metody jemgyýetiň durmuşynda ulanmany başarýar. Plehanow jemgyýetçilik durmuşynyň kanunalaýyklaýyn häsiýetde bolýanyny açyp görkezýär. Sosalistik rewolýusiýanyň kanunalaýyklaýynlygy we gutulgysyzlygy barada netijä gelýär.

Marksistik filosofiýanyň K.Marks (1818-1883ý) we F.Engels (1820-1895ý) tarapyndan filosofik garaýyşlaryny W.I.Lenin (1870-1924ý) döredijilikli ösdürýär. Marksizmiň döremegi filosofiýadaky rewolýusion öwrülişik hasaplanylýar.

XIX asyryň ortalary eýýäm buržuaz rewolýusiýalaryň geçen döwri hasaplanylýar. Kapitalizm indi güýçli ösüp başlaýar. Uly senagat kärhanalary döreýär. Işçiler synpynyň rewolýusion işjeňligi güýçlenýär.

Beýik ideýalar ýöne ýerden döremeýär. Marksistik filosofiýanyň döremeginiň tebigy ylmy esaslary bardyr, şol döwürdäki ylmy açyşlar, ýagny lomonosow we Maýer tarapyndan açylan energiýanyň öwrülmek we saklanmak kanuny, janly organizmiň öýjük gurluşy, şeýle hem Ç.Darwiniň ewolýusion taglymaty şeýle açyşlardyr. Onuň teoretiki çeşmeleri bolup nemes

klassiki filosofiýasy, iňlis klassiki syýasy ýkdysadyýeti we fransuz utopik sosializmi degişlidir. Filosofiýada Gegeliň dialektikasy, iňlis ykdysadyýetinde A.Smitiň ideýalary. Fransuz utopistik sosializminden Ş. Furýe, Sen-Simon, R.Ouen dagylaryň kapitalizmiň garşylyklarynyň düýpli we ýiti tankydy degişlidir.

Marksistik filosofiýa ilki başdan döredijilikli taglymat hökmünde orta çykýar. Ol Engelsiň aýtmagyna görä biziň taglymatymyz özüm we meniň beýik dostum K.Marks baradadyr diýýär. Bular ylmy teoriýany praktika bilen utgaşdyrýarlar, şol esasda hem teoriýa we praktika baradaky taglymaty ösdürýärler.

Marksistik filosofiýanyň täze etaby W.I.Leniniň ady bilen baglydyr. Ol döwür kapitalizmiň imperializm stadiýasyna çykan döwri başlanýar. Halkara rewolýusion hereket özüniň iň ýokary derejesine barýar. Şu şertler filosofiýanyň öňünde hem täze meseleleri goýýar. Ol dialektiki we taryhy materializmiň esasy prinsiplerini döredijilikli ulanyp ylmy sosializmiň teoriýasyny filosofiki taýdan ýokary derejä göterýär.

W.I.Leniniň "filosofik depderler" işinde esasan dialektikanyň çuňlaşdyrylan ýagdaýyny işläp düzýär we onda dialektikanyň ýadrosy gapma-garşylygyň birligi we göreş kanunynda - diýen genial ideýany öňe çykarýar. Şunuň bilen ol Gereklitiň, Aristoteliň, Gegeliň filosofiýasyny barlagdan geçirýär. Lenin öz üns merkezinde akyl ýetirişiň, pikirlenmäniň dialektikasyny alýar.

W.I.Lenin taryhyň täze şertlerinde sosialistik rewolýusiýa baradaky rewolýusion teoriýa täzelik girizýär, ol sosialistik rewolýusiýanyň belli bir ýurtda, özi hem yza galak ýurtda ýeňmeginiň strategiýasyny we taktikasyny döredýär.

Şeýle hem marksistik - leninçilik taglymatda proletariýatyň göreşiniň öňe sürlen üç formasyny, ýagny ykdysady, syýasy we ideologik formalaryny bellemek gerek.

## 23-nji sapak

**1. Gündogar filosofiýasynyň taryhy kökleri we olara goýulýan sarpa.**

**2. Türkmenistan döwletinde ylmy işgärleriň taýýarlanylmagynda doganlyk respublikalarynyň tutýan orny.**

**3. Türkmen jemgyýetinde häzirki zaman filosofik meseleler.**

Biz filosofiýa ylymyna degişli ilkinji sapagymyzda, ýagny filosofiýanyň jemgyýetiň we adamzadyň durmuşynda tutýan orny barada söhbet açyp, onuň iň gadymy ylymlaryň biridigini, adamzadyň ruhy medeniyetiniň bir görnüşi bolandygyny belläpdik. Ol ylym hökmünde ilkinji bolup Gadymy Gündogarda, Hindistanda, Hytaýda (Çynma-Çynda) ýüze çykypdyr we soňraky asyrlarda jemgyýetçilik aňynyň berk formasyna öwrülýär. Hindistanda dörän lokaýata taglymatynyň, ilkibaşdaky görnüşiniň çarwaklar bolandygyny belläpdik.

Dünýä medeniýetiniň ösüşinde Aziýanyň, şol sanda Merkezi Aziýanyň alymlary, filosoflary uly goşant goşupdyr. Olardan Horezmi (IX asyr), Faraby (IX-X asyrlar), Biruni, Ibn-Sina (X-XI asyrlar), Omar Haýýam, Nizami al-Mülki (XI-XII asyrlar), Mänebaba we beýlekileri bellemek bolar. Mäne baba barada Abu Aly Ibn Sina berlen sowalda şeýle diýilýär: “Siz Şyhy nähili gördüňiz diýip soranlarynda, ol: “Ondan gören keramatlarymyzyň we halatlaryň pelsepe nukdaýnazaryndan çözgüdüni tapdym, ýöne birnäçe ýagdaýy hernäçe ünsli synlasamda, olara düşündiriş tapmadym. Meselem, diwara urulýan çüýü gördüm, kakyp duran daşam gördüm, ýöne daşy urup duran eli görmedim. Garaňkylykdy, hiç kim çyrany ýakmasa-da çyra öz-özünden ýandy. Täret kylandan soň, ol boş kündügi goýupdy, men ýerimden turup, täret kylmak üçin kündügi aljak bolanymda, hiç kim oňa suw guýmasa-da, doly duranyny gördüm. Men

şuňa meňzeş başga-da birnäçe zatlary gördüm we olara pelsepe nukdaýnazaryndan düşündiriş tapmaga ejiz geldim”, diýip Lukman Hekim aýdýar. Bu akyldarlar adamzadyň ruhy medeniýetinde öz ylmy we filosofiki garaýyşlary bilen yz galdyrypdyrlar.

XVIII-XIX asyrlarda Türkmenistanda täze filosofiki jemgyýetçilik-syýasy hem-de edebi-çeperçilik garaýyşlar döreýär. Ol akyldarlardan we şahyrlardan Döwletmämmet Azadyny, Şabendäni, Andalyby, Magtymgulyny, Keminäni, Seýdi, Zelilini, Mollanepesi we beýlekileriň işlerinde ideal döwlet döretmegiň arzuwyny edipdirler.

Merkezi Aziýanyň halklarynyň geçmişde ýokary derejä göterilen maddy we ruhy medeniýetini dürli beýleki halklaryň taryhçylary we sosiologlary inkär etmek we bütindünýä medeniýetinden aýryp taşlamak maksady bilen köp sanly synanyşyklar etdiler we ol halklaryň hamala ebedi yza galmaklyga sezewar bolandyklaryny “subut etmäge” az ymtylmadylar. Orta Aziýanyň halklaryny özbaşdak döredijilige ukyply bolmadyk salpy aýak, kütek beýnili halk hasaplapdyrlar.[6] Buržuaz filosoflary Gündogaryň akyldarlarynyň we alymlarynyň eserlerini Ýewropa halklarynyň dillerine terjime etmekde ep-esli iş edende bolsalar, “ýewrosentrizm” diýen pikiriň labyryndan çykyp bilmeýärler.

Olar “filosofiýa diňe Günbatarda döräp biler” diýen ideýany öňe sürüp, Gündogar halklarynyň filosofiki pikiri ösdürmekde oýnan we oýnaýan roluny äsgermeýärler. Olar bu halklary “taryhy” we “taryhy bolmadyk” diýen ýaly sagdyn akyla sygmaýan toparlara bölýärler. Emma Orta Aziýa halklarynyň geçmişde ylma we medeniýete siňdiren bütindünýä ähmiýetli goşandyny

6. Muhammet Münewwer . Mäne babanyň keramatlaryndan we halatlary - dan hekaýatlar. Aşgabat, 2005 ýyl. 147-nji sahypa. Seret. Magtymguly. Beỳik şahyryň 225 ỳyllygyna bagyşlanan makalalar ỳygyndysy.Aşgabat –1959 ỳ. 50-51-nji sahypalar

buržuaziýa propagandistleriniň her bir hili “ylmy düşündirmesi” we “filosofiki esaslandyrmasy” inkär edip bilmez[7].

Geçmişiň taryhyndan diňe bir mysal almak, ýagny “Ýyldyzlar kitaby” we onuň ýazary Şemseddin Merwezi Haraky barada we onuň ylmy açyşlarynyň dünýä ylymynda tutýan orny barada aýtmak hem ýeterlikdir.

Şemseddin Haraky Merwezi hem Soltan Sanjaryň köşgünde kämillige ýetişen meşhur türkmen alymlarynyň biridir. Ol Merwiň eteginde ýerleşen gadymy obalaryň biri Harakda 469/1077-nji ýylda dogulýar we 533/1139-njy ýylda dünýäden ötýär. Alymyň doly ady Bahaweddin (ýa-da Şemseddin) Abu Bekr Muhammet ibn Ahmet ibn Abu Bişr Huseýni Harakydyr.

1216-1219-njy ýyllarda Merwde üç ýyllap ýaşan meşhur syýahatçy alym Ýakut Hamawy şeýle diýýär:” **Harak- Merwiň bag-bakjaly we abadan uly obasydyr… Bu obadan çykan alymlaryň biri Abu Bekr Muhammet ibn Ahmet ibn Abu Bişr Harakydyr**”.

“Ýyldyzlar kitaby”: ” Asmanlaryň umumy gurluşy, olaryň ahwallary we biri-birinden tapawutlary”, “Ýeriň gurluşy we onuň ilatly we ilatsyz böleklere bölnüşi” atly iki bölümden ybaratdyr. Bölümlerde jisimleriň we asmanlaryň umumy görnüşleri, Gün asmanynyň gurluşy, Aý asmanynyň gurluşy, beýik derejeli ýyldyzlaryň pelekleriniň sany we olaryň hereketleri, beýik derejeli ýyldyzlaryň ini, Günüň we Aýyň tutulmagy, Ýeriň umumy gurluşy, Ýeri yklymlara bölmek usulýeti, kyblanyň ugruny kesgitlemek hakynda özüne çekiji ylmy pikirler, çyzgylaryň we delilleriň üsti bilen beýan edilýär. Alymyň pikirleri soňky döwrüň alymlarynyň ýörelge mekdebine öwrülipdir.

Kitapda gyzykly taglymatlar diýseň köp. Alym:”Aýyň özünde ýagtylyk ýokdur” diýýär. Ýazar Aýa ýagtylygy Günüň berýändigini belleýär. Şu döwrüň okyjylary üçin, alymyň bar-

7. Seret. Magtymguly. Beỳik şahyryň 225 ỳyllygyna bagyşlanan makalalar ỳygyndysy. Aşgabat,1959 ýyl. sahypalar 50-51.

yp şol wagtlar “Her sagat 60 bölege bölünýär. Bu bölekleriň her birine “dakyka” (minut) diýilýär. Minut hem öz gezeginde 60 bölege bölünýär, bu bölekler “sany” (sekunt) diýlip atlandyrylýar. Sekunt hem 60 bölege bölünýär. Ol bölekleriň her birine “salisa” (tersiýa) diýilýär” diýip, wagt ölçeglerini iň bir ownuk birliklerine çenli kesgitlemegi has-da özüne çekijidir”[8]. Şol döwürde Soltan Sanjaryň köşgünde türkmen alymlarynyň ençemesi bolupdyr. Olar ylmyň dürli ugurlary boýunça iş alyp barypdyrlar.

Merkezi Aziýa halklarynyň paýhasyndan bu ýerde tebigaty öwrenmek bilen, şonuň ýaly hem matematika, fizika, astranomiýa, himiýa, medisina, biologiýa we dürli beýleki ylymlaryň ugurlaryna degişli açyşlar diýseň ýeterlikli bolupdyr.

1951-nji ýylda Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň açylmagy, onuň ilkinji prezidenti akademik T. Berdiýewiň başlyklyk etmegi bilen Türkmenistan döwletiniň durmuşynyň dürli ugurlary boýunça düýpli işleri alyp barmaklyga has real mümkinçilikler berdi. Eýýäm 1981-nji ýylda 120 filosof, şol sanda 4 ylymlaryň doktory we 60 sany ylymlaryň kandidatlary jemgyýetçilik sosial-syýasy ugurlary boýunça ylmy işleri alyp barýarlar. Ol alymlardan C.Akmyradowy, G.B.Akynyýazowy, H.Bekmyradowy, G.Mülliýewi, W.D.Zotowy, Ç.Öwezberdiýewi, A.W.Nurullaýewi, Ý.Hojaýewi, N.Kulyýewi, N.Baýramsähedowy we beýlekileri bellemek ýerliklidir. Olaryň ylmy işleri ylmyň dürli ugurlary etika, estetika, filosofiýanyň taryhy bilen baglanyşykda bolan jemgyýetiň ýaşaýyş-durmuşy bilen dahylly işler hasaplanylýar.

Sowet döwründe Türkmenistan döwleti üçin ylmy kadrlary taýýarlamakda we ylmy işleri alyp barmakda doganlyk respublikalaryň ylmy merkezlerinde we olaryň ýokary okuw

8. Şemsetdin Merwezi. “Ỳyldyzlar kitaby”. Aşgabat “Miras” merkezi 2006 ỳ. 188-nji sah

jaýlarynda türkmen milli ylmy işgärlerini taýýarlamakda olaryň goşan goşandy diýseň ýokarydyr.

Hakykatdan hem TSSR-de, onuň ilkinji ýyllarynda syýasy-jemgyýetçilik ylymlary boýunça iş alyp barmak üçin heniz ýeterlik baza ýokdy. Şol zerarly jemgyýetçilik ylymlary boýunça hatda hünärmenleri taýýarlamak üçin dürli beýleki doganlyk respublikalaryň ýokary okuw jaýlarynda okamaly bolýarlar. Meselem akademik G.O.Çaryýew Moskwanyň Lomonosow adyndaky uniwersitetiň filosofiýa fakultetinde ýokary bilim alýar. Ol soňra filosofiýa ylmy boýunça iň ýokary derejeli alym bolup ýetişýär.

Doganlyk respublikalaryň alymlarynyň türkmen ylmynyň ösdüdilmeginde goşan goşantlaryny ýatdan çykarmak mümkin däl.

Garaşsyz, Baky bitarap Türkmenistanda 2007-nji ýyldan başlap ylma, şeýle hem jemgyýetçilik ylymlaryna degişli bolan ylmy işleri alyp barmaklyk ýola goýuldy.

2008-2009-njy okuw ýyllarynda Ýokary okuw mekdeplerine filosofiýanyň, sosiologiýanyň, syýasaty öwrenişiň, ykdysadyýetiň teoriýasynyň okuw sapaklary bolup girizilmegi bolsa jemgyýetiň dürli ugurlary bilen baglanyşykly ylmy işleri alyp barmaga itergi berdi.

XXI asyr adamzat jemgyýeti üçin bir giden global meseleleri ýüze çykardy. Özi hem bu meseleleriň çalt çözgüdini tapmak bilen baglanyşykly meseleler durmuşyň dürli ugurlarynda döreýär. Bu meselelere filosofik analiz bermek we olaryň düýpli sebäplerini ýüze çykarmak häzirki zaman filosof alymlary üçin gaýragoýulmasyzdyr. Dünýä derejesinde ekologik mesele umumyadamzat üçin şu güniň möhüm çözgüdini tapmaly meselesidir. Daşky gurşawy goramak, oňa hemaýat etmek, adamzadyň ýaşaýşynyň geljegini kesgitlejek faktor bolup durýar.

Dünýä ylmy bu hadysalardan çetde durup bilmez. Garaşsyz, baky bitarap Türkmenistan täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda dünýäniň global meselelerinden çetde durmaýar. Munuň subutnamasy hökmünde global energetika howpsuzlygynyň umumadamzat üçin zerury bir mesele bolup durýanlygy zerarly Aşgabatda 2009-njy ýylda ýokary derejedäki "Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty" atly halkara maslahatynyň geçirildi. Onda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň sözlän sözünde şeýle bellenilýär. "Elbetde, biziň başlangyjymyz tarpdan döremedi. Ol dünýädäki umumy ýagdaýlaryň, dürli faktorlaryň oňa ýetirýän täsiriniň çuňňur we obýektiw seljerilmeginiň, şol sanda energetika boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň, onuň ösüş boýunça umumy maksatlara ýetmekde perspektiwalara, şonda ýurdumyzyň diňe bir energetiki çig mala uly möçberlerde däl-de, eýsem beýlekiler bilen birlikde adamzat siwilizasiýasynyň ykbalyna jogap berýän döwlet hökümindäki ähmiýetine we ornuna baha bermegiň netijesine öwrüldi. Biz şu başlangyç bilen çykyş edip, häzirki zaman halkara gatnaşyklaryna konstruktiw çözgütleriň tapylmagyna gönükdirilen yzygiderli proses hökmünde garalmagyna, şol gatnaşyklaryň subýektiwleriniň dar praktisizmiň, gysga wagtlaýyn peýda gazanmaga çalyşmagyň çäklerinden çykyp, şu meselä bütindünýä derejesindäki ýagdaýlar bilen baglylykda has giňişleýin garamaga ukyplylygyna bil **bagladyk"**[9] diýip bellemegi bu meseläniň geosyýýasy manysyny görkezdi.

Türkmenistan döwleti halkara derejesinde geçirilýän we öňe sürülýän çäreleri gönüden-göni milli we umumadamzat bähbidini bir bitewilikde alyp barýar. Bu zatlaryň ählisi häzirki zaman türkmen jemgyyetinde şu günki günüň möhüm filosofik

9. Türkmenistan gazeti 2009-njy ýylyń 24-nji apreli

meselesi bolup durýar. Dünýä bir ýeke-täk, ondaky bar bolan global meseleler diňe bir ýeke-täk döwlet üçin bolman, ol bütin adamzada degişlidir.

Dünýä derejesinde döreýän umumadamzat üçin gaýragoýulmasyz çözgüdini tapmak baradaky meselede Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň aýdanlary umumadamzadyň gelejegi üçin biziň ýurdumyzyň ilkinji bolup çykyş edýändigininiň subutnamasydyr.

## Häzirki zaman filosofiýasynyň esasy ugurlary

### 24-nji sapak

**1. XX asyrdaky Günbatar filosofiýasynyň aýratynlyklary.**
**2. Neopozitiwizm we pragmatizm, ekzistensializm.**

XX asyr günbatar filosofiýasynda dürli-dürli ugurlaryň we akymlaryň döremegi bilen häsiýetlenýär. Bu ugurlar hatda biri-birine gös-göni garşylykly häsiýetleri bilen kesgitlenilýär. Özi hem şeýle alamat olaryň her bir ugruna hem mahsus. Bu zeýilli alamatlar materializm we idealizm ugurlary bilen çäklenmän, hat-da idealizmiň hem-de materializmiň öz jümmüşinde hem bolup geçýär.

Günbatar filosofiýasynda ol we beýleki meseläni dogry ýüze çykarýan hem bolsalar, ony ýeke-täk hakyky filosofiki  çözgüt hasaplaýarlar. Bu bolsa filosofiýanyň ähliumumy metodologik prinsipiniň ýitirilmegine getirýär. Ýöne beýle diýildigi häzirki zaman günbatar filosofiýasy diňe azaşmalardan we paýhasdan absolýut mahrum diýildigi däldir. Meseläniň şeýle goýulmagy filosofik akymlaryň birek-birek bilen peýdaly gatnaşygy saklamaklyga zyýan ýetirip, hut bilelikde çözgüdini tapyp bolmak

mümkinçiligine zyýan bermek netijesinde geljekde filosofik meseleleri çözmäge böwet bolmagy ikiuçsuz.

Neopozitiwizm akymy bilen baglanyşykly bu filosofiki ugur iňlis dili bilen baglanyşykly ýurtlarda has hem giň ýaýrandyr. Onuň has görnükli wekilleri R.Karnap, A.Aýer, B. Rassel, L.Witgenşteýn, Dj. Ostin we beýlekilerdir. Bu akyma birleşýän dürli teoriýalar bar, ýagny logiki motiwizm, logiki empirizm we logiki atomizm, filosofik taýdan lingwistik analize we analitiki filosofiýanyň dürli beýleki ugurlary muňa degişlidir.

Logiki pozitiwizm latyn sözi – položitel diýmekligi aňladýar. Onuň esasy meselesi metafizika bilen göreşmek, özüni bolsa materializmden hem idealizmden ýokarda goýmak. Munuň teoretiki çeşmesi fizikadaky, logikadaky, matematikadaky, dil bilimindäki ösüş boldy. Şeýlelikde teoretiki döredijiligiň meselelerini diňe ylmyň logiki dili bilen aňladylmagyna, soňra bolsa diliň üsti bilen faktlaryň tertipleşdirilmesi hasaplaýarlar. Netijede ylym zatlaryň diňe dil üsti bilen çäklendirilmegine getirýär.

Logiki nozitiwizm akyl ýetirlişiň başlangyjynyň esasy “waka” we “fakt” hasaplaýar, ýagny “ten duýgularynyň berýäni”, subýektiň aňynda bolýar. Bu akymyň bir aýratynlygy ol hem obýektiň teoriýasyna obýekt bilen bir manylykda garaýar. Bu bolsa obýektiw dünýäni filosofiýanyň akyl ýetiriş predmetliginden aýyrýar. Netijede, logiki nozitiwistler filosofiýänyň esasy meselesinden sowulýarlar, hamala ol filosofik statusa gelmeýär. Bularyň ýene-de bir aýratynlygy hem olaryň “obýektiw fakt” düşünjesini we “ylmy fakt” düşünjesi bilen birmanylykda garaýandyklaryndadyr. L.Witgenşteýin özüniň ilkinji döredijilik işi döwründe “Dünýä faktlaryň toplumy” diýen pikire gulluk edýär. Bu ýerden dünýä adamyň dilinde, filosofiýa bolsa, adamyň döredijilik işini düşündirmekden durýar.

Logiki nozitiwizm akymynyň tassyklamagyna görä ylmyň pikir ýöretmeleri ýa-ha hakyky, ýa-da hakyky däl (ýalan), ýa-da

manysyz diýen pikiri öňe sürýärler. R.Karnapyň pikirine görä, manysyz sözlemler sözüň doly manysynda sözlemler hem däl, diňe olaryň formasyny ýadyňa salýar. Şonuň üçin ähli filosofik sözlemler Karnap tarapyndan manysyz aýdylmalar hasaplanylýar. Çünki olary empiriki usul bilen barlamak mümkin däl. Ol "ýagşylyk" we "ýamanlyk" dünşünjelerini barlamak hem mümkin däl diýen pikiri goldaýar. Logiki pozitiwistler etikany hem ylym pisint zat diýip aýtmaklyga mejbur bolýarlar diýip belleýärler.

Neopozitiwistler bu düzgünleri öz-özlüginde garap, obýektiw dünýäden daşarda goraýarlar. Şu ýerde hem olaryň garaýşynda idealizm ýüze çykýar.

Filosofiki pragmatizmiň görnükli wekilleri Ç.Pirs, U.Djems, Dj. Dýui we beýlekiler. Pragmatizm grek sözi – iş, amal etmek diýmekdir. Amerikanyń Birleşen Ştatlarynda ýaýran akym. Bu akym özüni aýan etmegi bilen, obýektiw dünýäde fakt üýtgäp, ol mydamalaýyn däldir diýen ýörelgäni öňe çykarýar. Tejribe bolsa wakalaryň takyk akymydyr, özi hem ol ilki bilen garaşylmadyk şertlerde biziň çalt netije çykarmagymyzy talap edýär. Mydamalaýyn haýsydyr bir zadyň garaşylmadyk ýüze çykmalary howp döredip, kynçylyklary we meseleleri döredýär. Şu ýagdaýda ýalňyşman hereket etmek üçin hereketiň effektiw çözgüdini tapmaly. Onuň çözgüdi intellektdir – akyl, ýagny, düşünmek, paýhas, ukuplylykdyr. Dýuiniň pikirine görä, intellektiň funksiýasy daş töweregimizi gurşap alan zatlary bolşy ýaly kabul etmek bolman, geljekde onuň ýoluny has peýdaly bolan gatnaşyga gönükdirmek adamyň öňündäki esasy mesele dünýäni nähili edip guramak we oňa pragmatizmiň meselesi bilen kömek etmek. Umuman durmuşyň gadry bilen akyl ýetirişdäki hakykylyk birmanylylyk häsiýete barýar. Djems hakykylyk biziň üçin oňat, gowy, peýdaly bolany üçin oňa ynanmak. Progmatizmiň görnüşleriniň biri hem instrumentalizm. Bular düşünjeleri,

ideýalary pikirlenmede operasiýa, ýagny hereketiň, işiň, amalyň instrumenti bolýar diýip tassyklaýarlar. Dýui şeýle tassyklaýar, ýagny düşünjeler özüniň mazmunyny obýektiw dünýäden däl, subýektiň hereketinden we operasiýasyndan öz mazmunyny alýar. Şonuň üçin hem düşünjeler obýektiw zatlary açyp görkezmeýär, olar zatlara hiç hili gatnaşykda bolman biler ýa-da bolmaly diýen pikiri aňladýarlar.

Umuman, bu filosofik akymy tankyt etmegiň hem hajaty ýok, çünki bu ugur duran çen etmeleriň, çaklamalaryň toplumy.

Günbatarda has ýaýran filosofik mekdepleriň biri ekzistensializmdir. Onuň iň görnükli wekilleri – M.Haýdegger we K.Ýaspers Germaniýada, G.Marsel, J.Sartr, A.Kamýu Fransiýada, H.Abbanýana Italiýada, U.Barret ABŞ-dan. Bu mekdep köplenç nemes filosofy E.Gusserlýanyň fenomenologiýa filosofiki mekdebinden ugur alýar.

Ekzistensializm akymynyň ýörelgesine görä filosofiýanyň meselesi ylmyň meseleleri bolman, adamynyň durmuşy, ýagny onuň ýaşaýşy bilen bagly bolmaly. Durmuş akyla, paýhasa bagly, ejir çekmekligi durmuşyň islendik formasynda görmek bolýar. Bu filosofik akymyň özeninde gorky düşünjesi durýar. Dünýä ýigrenji, çünki ol manysyz we adam aňyna düýpden düşnüksiz. Adam her bir ädiminde erbetliklerden goranmaly bolýar. Diňe "dost dost üçin" diýen maksada tarap, emma adamlar biri-birine garşy. Şonuň üçin ekzistensializm adam diňe özüniň emosiýalary bilen ýaşaýar, ol daş töweregine bolan gatnaşygynda teoretiki hem däl, intellektual häsiýet ilki bilen ol emosional ýagdaýda bolýar.

Elbetde, adam näme üçin ýaşaýar, onuň ýaşaýşynyň manysy nämeden durýar, onuň dünýäde tutýan orny, onuň dünýäde ýaşaýyş ýoly nämeden durýar? Bu we beýleki birnäçe soraglar orta çykýar. Bularyň ählisi hem örän zerur soraglar, özi hem olar adamlary birahatlandyrman durmaýar. Ýöne ekzistensionalis-

tler bu meseleleri ylmy taýdan çözmeýärler. Olar ýaşamaklygy, ilki bilen şahsyýetiň ruhy durmuşyny göz öňünde tutýarlar. Ýaspersiň pikirine görä, ýaşamaklyk diňe aň taýdan, men aň hökmünde ýaşaýaryn ýaşamalylygy analiz etmeklik diýmek aňy analiz etmekdir.

Ekzistensionalizmde azatlyk meselesi has köp orun tutýar. Bu akymyň wekili Sartranyň pikirine görä, azatlyk hiç hili kanunalaýyklaýyn we sebäbe baglylyk bolmaly däl. Onuň görüp bilmezi sebäp we esasdyr.

Ekzistensionalistler ähli sosial we ahlak meseleler olar üçin her bir adamyň hususy işi, olar öz erkine gatnaşyp hem gatnaşman hem biler. Olaryň pikirine görä hiç bir hili ahlak normalary adamyň boýnuna dakmak bolmaz, onuň her bir hereketi azat we ony özi saýlap we kesgitläp bilýär.

Ekzistensialistler durmuşy, şahsyýeti onuň özi bilen bagly bolmalydyr, durmuşdaky çekýän maddy we ruhy sarsgynlar olaryň durmuşydyr diýip tassyklaýarlar. “Ekzistensiýa” (bar bolmaklyk) bu her bir adamynyň ýaşaýşynyň ýeke-täk gaýtalanmajak durmuşydyr, onuň şahsy ykbaly, onuň “meniniň” iň ýokary gymmatlyklarydyr. “Özüň özüň bilen”, “özüň özlügiňde bolmak” diýen sorag her bir bilimli, ylymly, paýhasly adamyň öňünde durýan soragdyr. Bu bolsa ahlak we aň taýdan ösen adamyň ýokary derejede paýhasynyň barlygyny aňladýar. Bu her bir ýokary derejeli adamyň häsiýetli tarapydyr.

Ýöne bu meseleler nähili çözülýär? Bu sorag boýunça ekzistensialistler onuň çözgüdini şahsyýetiň özüniň iň bir ýeke-täk, gaýtalanmaýan häsiýetiniň saklanmagyndadyr. Şu ýagdaýda ol hiç hili sosial-taryhy zatlara “goşulmazlygy” onuň ilkibaşdaky ýagdaýynyň aňladylmasydyr. Hakykatdan hem jemgyýetiň ýok ýerinde şahsyýetiň ýeke-täk, gaýtalanmajak häsiýetleri çym pytrak bolýar.

Aslynda adamynyň ähli manyly durmuşy, umuman, onuň ýaşaýşynyň manysy jemgyýetden alynýar, başga bir ýerden alynmaýar.

Umuman agzap geçen bu akymlarymyzyň many-mazmuny jemgyýetiň durmuşynda ýaşaýan her bir şahsyýeti özboluşly şahsy durmuşa çagyrýar.

Durmuşyň sosial-taryhy ösüş şertlerini göz öňüne getirseň, her bir şahsyýetiň köplük bilen birlikdäki hereketleri uly üstünliklere getirip biler, bu babatda taryhda islendik bolup geçen taryhy wakany we hadysany alsaň oňa mysal bolup biler.

XXI asyr adamzat üçin global meseleler asyry, şu döwürde adamlaryň isleginiň bir maksada gönükdirilen bolmagy global meseleleriň oňaýly çözgüdini tapmagyň möhüm şertidir.

## 25-nji sapak

**1. Empirizm, instrumentalizm, neotomizm.**
**2. Fenomenalizm, strukturalizm, semantika, germenewtika.**

Empirizm - bu  şeýle akym bolup, ol akyl ýetirişde tejribäni bilmekligiň çeşmesi hasaplaýar, özi hem bilim, bilmeklik, onuň mazmuny, ýagny tejribäniň görkezenlerini bellige almak bolup, bilmeklik diňe tejribäniň özünde kesgitlenilýär. Empirizim sensualizme ýakyn. Empirizm rasionalizmiň garşysynada rasional akyl ýetiriş döredijiligi dürli kombinasiýalary ulanyp tejribede gazanylan materiallary dürli-hili edip görkezýär we onuň mazmunyna her bir zat girizilmeýär.

Bitewi bir gnoseologik konsepsiýa görnüşinde emprizm XVII-XVIII asyrlarda emele gelýär. Bu akym materialistik emprizm görnüşinde çykyş edip tejribedäki duýgular akyl ýetirmekde zadyň “obýektiw häsiýetini şöhlelendirýär” diýen pikire gulluk edýär. Bu akymyň wekillerinden F.Bekony, Gobbsi, lokki

görkezmek bolar. Bu garaýşyň tersine subýektiw idealistik emprizm reallygyň ýeke-täk aňladylmasy subýektiw tejribedir diýip tassyklaýar. Onuň görnükli wekilleri Berkli bilen Ýumdyr.

Akyl ýetirişiň real bolup geçiş prosesini düşündirmek üçin empirizm ten duýgusynyň görkezmeleriniň çäginden çykmaly bolýar, ony aňyň häsiýetleri bolan ýatda galma, akylda oýlanmaklyk we logiki operasiýa bolan induksiýa taýdan umumylaşdyrmak, şeýle hem teoretiki bilimi döretmek üçin logikany we matematikany tejribäniň netijelerini beýan etmek, ýazyp görkezmek ýaly dürli usullary ulanmaly bolýarlar.

Aslynda akyl ýetirişde tejribe esasdaky duýgyny biziň bilimimiziň çeşmesi hasaplamak bilen, pikirlenmäniň döredijilik işjeňligini kesede goýmak bolmaz. Onsoň hem subýektiň işjeň döredijiligini ortadan aýyrmak bolmaz. Akyl ýetirişiň esasy prinsipi akyl ýetirişde ten duýgulary bilen rasionalyň özara baglanyşygy gnoseologiýanyň esasy prinsipidir.

Instrumentalizm filosofiýada we ylmy metodolagiýada özboluşly bir ugurdyr. Bu akym bilimi we umuman ylmy adamlaryň teoretiki we praktiki işinde zada akyl ýetirmek üçin çelgi hasaplaýar ol tebigat bilen jemgyýet gatnaşygynda amatly şertleri döredýär. Instrumentalizm akymynyň wekilleriniň pikirine görä, ylmy düşünjeler, gipotezalar (çaklamalar), teoriýalar bular adamyň hereketi üçin instrument, emma dünýä zatlarynyň şöhlelendirilmeginiň netijesi däldir.

Bu konsepsiýanyň giňişleýin, açyk ýüze çykmagy Dýuiniň ady bilen bagly. Onuň pikirine görä, aň, akyl, paýhas daşky sreda uýgunlaşmagyň serişdesi, ylmy düşünjeler, ideýalar, kanunlar we teoriýalar bular – instrumentler, gurallar “situasiýanyň açary”, “hereketleriň meýilnamalary”, hakykylyk bolsa şol bir situasiýada üstünlik gazanmagy üpjün edýär. Bu akym ylmyň metodologiýasyna, şonuň ýaly hem sosiologik hadysalarda özüniň belli bir täsirini ýetirýär.

Häzirki dini filosofiýanyň has özüne çekiji ugry neotomizmdir. Bu akym orta asyryň hudaýa gulluk edijisi Foma Akwinskiniň ady bilen baglanyşykly. Bu katoliki din bilen bagly döwletlerde has giň ýaýran garaýyş. Bu obýektiw-idealistik filosofiki doktrina-taglymat bolup, ol ynamy paýhasa, dini ylma garşy goýýar. Neotomizm Täzeden döreýiş eýýamyndan başlap, filosofiýanyň taryhy nädogry, ýalan pikirleriň düzümine öwrüldi diýen pikiri öňe sürýär.

Dünýä ýokary tebigy güýje tabyn. Ylym diňe tebigy zada akyl ýetirýär, emma din beýik, ýokary tebigy güýç-dünýä akyl ýetirýär. Dünýäniň gymmat syrlary diniň elinde, ylym bolsa, bilimiň iň pes görnüşi.

Bu akymyň ýörelgelerinde takdyra boýun bolmak, şeýle hem adamyň paýhasyna görä dünýä zatlaryna düşünmek ideýalary jemlenen. Umuman, ol hereketiňde ýokarky güýçden araňy üzmezligi wesýet edýär.

Filosofiýada fenomenalizm şeýle filosofiki taglymat bolup, ol akyl ýetiriş metodynda obýektiw maddy zatlar bilen iş salyşman, diňe duýgularyň komponentleri bolan duýmaklyk, kabul etmeklik bilen iş salyşýar.

Dünýäniň maddy zatlarynyň barlygy fenomenalizmiň garaýşyna görä şahsy subýektiň syn etmegi we subýektiň tejribesinde gören zatlary bilen kesgitlenilýär. Berkliniň garaýşyna görä “ýaşamaklyk diýmeklik kabul etmeklige degişli diýmekdir”, Ýum bolsa zatlar pikirlenmede göz öňüne getirmeler diýip hasap edýär.

Fenomenalizm subýektiw idealistik doktrina syn edeniňden soň, şeýle netijä gelýärsiň. Ýagny bu konsepsiýanyň garşysyna häzirki zaman ylmy akyl ýetiriş teoriýasyna laýyklykda akyl ýetiriş obýektiw reallygyň häsiýetlerini we gatnaşyklaryny aňladýandygyny bellemek zerur. Aslynda hadysa bilen düýp

manynyň arasy geçelgesiz däl, sebäbi düýp many akyl ýetirişiň predmeti hökmünde bolup, ol hadysanyň bilinmegi esasda çözülýär.

XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda buržuaz filosofiýasynyň ugurlary bolan pragmatizm, neopozitiwizim, fenomenologiýa, ekzistensializm we beýlekiler ýuwaş-ýuwaşdan öňki täsirini ýitirip başlaýar. Ilkinji orna strukturalizm, germenewtika, tankydy rasionalizm, rasionalizma tankyt ýaly ugurlar has agdyklyk edip başlaýar.

Strukturalizm ugrunyň filosofik manysy strukturalizm metodyny absolýutlaşdyrmak maksadyny öňe sürýär. XX asyryň 40-njy ýyllaryndan başlap strukturalizm metody dil biliminde, soňra edebiýaty öwrenişde, etnografiýada ulanylyp başlaýar. Bu akymyň wekillerinden lewi-stross mifologiki pikirlenmä üns berip başlaýar.

Onuň çykaran netijesi: ol we beýleki mifler dünýäniň dürli ýurtlarynyň taýpalarynda we halklarynda birmeňzeş. Şol bir wagtda mifologik pikirlenme we ylmy pikirlenme logiki taýdan bir düzgüne tabyn.

Rasionalizm tankydy ugry özüniň konsepsiýasyny ylym bilen baglanyşdyrýar we onuň ösüş ýoluny analiz etmek esasda ýüze çykýar. Bu akymyň wekilleriniň garaýşyna görä filosofiýanyň hakyky metody paýhas tarapyndan tankyt etmek diýip çykyş edýärler. Bu bolsa filosofiýanyň dünýägaraýyş funksiýasyny ykrar etmezligi aňladýar. Bular dünýäniň barlyklaryny ykrar edip, olary ýazuw üsti bilen aňlatmakdyr diýip belleýärler. Olaryň wekillerinden bolan Poper fallibilizm prinsipini öňe çykarýar. Onuň manysy her bir bilim çaklama-gipoteza häsiýetde bolýar diýmekligi aňladýar. Ylmy akyl ýetiriş prosesini dürli ylmy teoriýalaryň üznüksiz tankydy dialogy bolmalydygyny ykrar etmeli diýen ideýany öňe sürýärler. Olar obýektiw haky-

kylyk prinsipini inkär etmek esasda paýhas tankydy teoriýasy plýuralizme (plýuralizm latyn sözi bolup köpdürlülik diýmek) alyp barýar, bilimiň subýektiw häsiýetini ykrar etmäge getirýär, bu bolsa akyl ýetirişde hakykylygyň köpdürlüligine alyp barýar, emma ylmy taýdan hakykylyk iki görnüşde, ýagny obýektiw we subýektiw hakykylyk görnüşinde bolýar, hakykylyk aslynda öň belläp geçişimize görä absolýut we otnositel bolýar.

Semantika akymy gös-göni logika bilen bagly, aslynda logikanyň bir bölümi. Bu bölüm düşünjeleri analiz etmek, düşünjäniň manysyny açyp görkezmek we onuň ähmiýeti bilen baglanyşykly garaýyşdyr. Semantikanyň problematikasy "görnüşler" düşünjesi bilen iş salyşmaklykdan durýar. Ol we beýleki termin we düşünje nämäni aňladýar diýen soraglara jogap bermek, şeýle hem olaryň aňladýan zady bilen iş salyşmakdyr. Pikir ýöretme, onuň ýazuwy, teksti, formulasy, olara nähili düşünmeli diýilen soraglara jogap tapmakdyr. Şol sebäpli logikanyň ählumumy düşünjeleri bolan "predmet", "köplük", "kybapdaşlyk", "logiki netije" we ş.m. birgiden düşünjeleri analiz etmek semantikanyň esasy ugry. Ynha, şu ýerde semantiki düşünjeler we terminler bolan "hakyky", "kesgitleme", "aňladylma", "atlandyryş", "paýhasa getirme", şeýle hem "ähmiýet", "many", "interpritasiýa" ýaly terminleriň gatnaşygy, olaryň many-mazmuny – bularyň ählisi umumy logiki teoriýanyň baş meseleleri bolup durýar.

Semantika logikanyň iki görnüşiniň formal we matematiki logikada tutýan orny uludyr. Formal logika gös-göni pikirlenmäniň formalary we kanunlary baradaky ylym bolup, ol özüniň garaýan meseleleri bilen iş salyşýar. Matematiki logika başga dil bilen aýtmaly bolanda simwollar, belgiler bilen iş salyşýan ylymdyr. Bu logika matematiki meseleleri görkezmekde uly ähmiýete eýedir.

Germenewtikanyň özü Günbatarda filosofik akym bolup, ol özüniň çykyşy boýunça iň soňky akym diýip aýtmak bolar, ýöne onuň taryhy taýdan döreýşi gadymyýet bilen baglanyşyklydyr. "Germenewtika" sözi gadymy grek mifologiýasyndaky Germes hudaýynyň ady bilen baglydyr.

Häzirki döwürde germenewtiki filosofiýanyň wekilleri E.Betti, G.Gadamer, M.Landman hasaplanýar. Bular germenewtikany diňe bir gumanitar ylymlarynyň metody hasaplamak bilen çäklenmän, adamzadyň durmuşynyň hem-de medeni-taryhy situasiýanyň kesgitlenilmeginiň usuly we formasy hasaplaýarlar.

Germenewtikanyň filosofiki bilimi adam dünýäsi bilen baglanyşykly, esasan hem adamlar arasyndaky gatnaşyk bolmak bilen, olaryň her günki durmuşy tarapyndan adamzadyň medeni we ylmy baýlyklary döreýär. Umuman, bu akym sosial näsazlyklar adamlaryň birek-birege düşünmeýändikleri esasda döreýär diýen ideýa gulluk edýär.

Umuman, XX asyrda buržuaz filosofiýasy idealizm, metafizika, irrasionalizm, materializm bilen idealizmiň gapma-garşylygyny "ýeňip geçmek" baradaky synanyşygydyr. Günbatarda marksistik filosofiýanyň täsiriniň artýandygy mälim. Her hili synanyşyklar bilen bir hatarda olar özleriçe düşündiriş bermäge çalyşýarlar. Olaryň akymlaryndaky başlangyç prinsipleriniň durnuksyzlygy, akymlaryň köpdürlüligi zerarly häzirki zamana dogry düşünmek we ylmy analiz bermek mümkinçiligi olarda ýok diýen ýalydyr.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, I tom. – Aşgabat, 2008.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, II tom. – Aşgabat, 2009.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat, 2007.

5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. – Aşgabat, 2007.

6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli "Galkynyş" Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. – Aşgabat, 2007.

7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň giňeldilen mejlisinde sözlän sözi. – Aşgabat, 2007.

8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat, 2007.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. I tom. – Aşgabat, 2007.

10. Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda eden çykyşy. (Nýu-Ýork, 2007-nji ýylyň 26-njy sentýabry). – Aşgabat, 2007.

11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, 2007.

12. Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy – 2007-nji ýyl. – Aşgabat, 2008.

13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. – Aşgabat,TDNG,2008

14. “Türkmenistany durmuş,ykdysady we medeni taýdan özgertmeleriň 2020-nji ýyla çenli Baş Ugry”Milli maksatnamasy.

15. *Saparmyrat Türkmenbaşy.* Ruhnama. – Aşgabat, 2001.

16. *Saparmyrat Türkmenbaşy.* Ruhnama, ikinji kitap. Türkmeniň ruhy beýikligi. – Aşgabat, 2004

17. *Спиркин А.Г.* Основы философии. – Москва, 1988.

18. *Шептулин А.П.* Категории диалектики. – М., 1971.

19. Beýik türkmen ruhunyň dür däneleri – Aşgabat, 2001

20. Вопросы теории и жизни. Сборник статей. – Москва, 1987.

21. *Дудель С.П., Штракс*. Закон единства и борьбы противоположностей. – Москва, 1967.

22. *Danagulyýew O.* Pikirlenmäniň esasy formalary we kanunlary. Metodiki görkezmeler. – Aşgabat, 1989.

23. *Danagulyýew O.* Logika kursundan programma we gönükmeler. – Aşgabat, 1992.

24. *Данагулыев О.* Социально-политическая область жизни общества и особенности её развития в условиях социализма. Автореферат диссертации на соискание учёной степени доктора философских наук. – Ташкент, 1989.

25. Эстетика. Словарь. – Москва, 1989.

26. *Enweri Abywerdä.* 2005-nji ýylyň mart aýy. Türkmenistan. Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň Medeni merkezi. Türkmeniň gadymdan gelýän milli dini adatlary. – Aşgabat, 2006.

27. *Muhammet Münewwer.* Mäne babanyň keramatlaryndan we halatlaryndan hekaýalar. – Aşgabat, “Miras”, 2005

28. Мир философии. – Москва, 1991

29. Magtymguly. Beýik şahyryň 225 ýyllygyna bagyşlanan makalalar ýygyndysy. – Aşgabat, 1959.

30. Magtymguly. Saýlanan eserler, iki tomluk – Aşgabat, 1983.

31. *Mahmyt Zamahşary.* Ýagşyzadalaryň bahary, alty tomluk. Aşgabat, “Miras”, 2004.

32. Материалистическая диалектика как научная система. – Москва, 1983.

33. *Muhammet Gazaly.* Ylym barada kitap – Aşgabat: “Miras”, 2005

34. *Mahmut Utby*. Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy – Aşgabat: “Miras”, 2005.

35. Oguznama. – Aşgabat, 2001.

36. Основы марксистско. – ленинской философии. – Москва, 1977.

37. Обществоведение. – Москва, 1985.

38. *Кондаков Н.И.* Введение в логику – Москва, 1967.

39. Gorkut ata - Aşgabat, 2001.

## MAZMUNY

Giriş ........................................................................ 7

**Filosofiýa ylym hökmünde we filosofiýanyň jemgyýetde tutýan orny hem-de ähmiýeti.**

1-nji sapak ........................................................................ 9

**Barlyk hakynda taglymat.**

2-nji sapak ........................................................................ 18

3 -nji sapak ........................................................................ 25

4-nji sapak ........................................................................ 30

5-nji sapak ........................................................................ 35

6-njy sapak ........................................................................ 48

**Adam we onuň dünýädäki orny**.

7-nji sapak ........................................................................ 62

**Ruh, aň we paýhas.**

8-nji sapak ........................................................................ 70

**Akyl ýetiriş teoriýasy.**

9-njy sapak ........................................................................ 80

10-njy sapak ........................................................................ 86

11-nji sapak ........................................................................ 94

12 nji sapak........................................................................ 103

13-nji sapak ........................................................................ 110

**Sosial filosofiýa jemgyýet baradaky taglymatdyr.**

14-nji sapak ........................................................................ 118

**Jemgyýetiň ykdysady ulgamy we onuň filosofik mazmuny.**

15-nji sapak ........................................................................ 125

**Jemgyýetiň durmuşynda syýasy ulgam.**

16-njy sapak ........................................................................ 131

**Jemgyýetiň sosial düzümi: adamzat, millet, maşgala düşünjeleri.**

17-nji sapak ........................................................................ 138

18-nji sapak ........................................................................ 144

## Jemgyýetiň ruhy - medeni durmuşy.

19-njy sapak ....................................................................... 151
**Halk köpçüliginiň we şahsyýetiň taryhdaky roly. Taryhy progresiň düýp manysy**.
20-nji sapak ........................................................................ 158
**Filosofiýanyň ösüş taryhy.**
21-nji sapak ........................................................................ 164
22-nji sapak ........................................................................ 170
23-nji sapak ........................................................................ 178
**Häzirki zaman filosofiýasynyň esasy ugurlary.**
24-nji sapak ........................................................................ 184
25-nji sapak. ....................................................................... 189

*O.Danagulyýew, S.A.Ýusupowa*

# F I L O S O F I Ý A

*Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw-usuly gollanma*


| | |
|---|---|
| Jogapkär redaktory | *A.Gurbanow* |
| Neşirýatyň redaktory | *A.Kakajanow* |
| Teh. redaktory | *T. Aslanowa* |

Ýygnamaga berildi 06.09.2010. Çäp etmäge rugsat edildi 24.12.2010.
Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garnitura.
Ofset çap ediliş usuly. Çap listi 12,5. Hasap-neşir listi 7,65.
Neşir №54. Sargyt №138. Sany 500.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.
Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly,15.